**Goçmyrat Orazberdiýew**



# BÄGÜL YSLY ÝÜREK

*(Goşgular, gysga poemalar*
*we sonetler çemeni)*

**2021 ýyl**

# SÖZBAŞY ÝERINE

Megerem, siz «ýüregiňem ysy barmy?» diýip sorajaksyňyz! Her gülüň öz ysynyň, görküniň bolşy ýaly, her ýüregiň hem öz «ysy», gözelligi bar. Men ýüregiň jümmüşinden syzylyp çykan iň näzik, ter hem päkize, söýgiň ysy siňen duýgularymy siz bilen paýlaşmak isledim. Olaryň azaşman, siziň ýüregiňize barýan ýolda öz mynasyp orunlaryny tapmaklaryny dileýän!

Mähriban okyjylar! Bu goşgular ýygyndysyna girýän şygyrlaryň 15 ýylyň dowamynda ýazylandygyny şu ýerde aýtmakçy. Ondan aňyrdaky şygyrlar meniň adym bilen gazet-žurnallarda çap edilenem bolsa, olary bu ýygynda



goşmakdan saklanýaryn. Sebäbi olaryň ady şygyr bolsa-da, özi şygyr däl-de, ýönekeý söz toplumlary, setir birikmeleridi. Şeýle-de bolsa, irkiräk wagtda ýazylandygyna garamazdan, goşgularyň käbirini ýyl senesi bilen ýygynda goşmagy makul bildim.

«Baryny beren uýalmaz!» diýleni. Bu goşgular ýygyndysy — meniň bar baýlygym, uly hazynam! Onda ähli umytlarym, arzuwlarym, höwesim hem arassa söýgim... ýerleşýär. Indi olaryň ählisi-de siziňki, eziz okyjylar!

Bu goşgular ýygyndysynda gabat geljek käbir grammatik ýalňyşlyklar üçin Sizden ötünç soraýaryn.

**Awtor**



# ŞYGRYÝETE BARÝAN ÝOL

Türkmen poeziýasynyň häzirki döwürdäki ösüşine nazar aýlanyňda, birgiden zehinli ýaşlaryň ýetişip gelýändigine şaýat bolýarsyň.

Geçen asyryň altmyşynjy ýyllarynda edebiýata täze bir şahyrana nesil geldi. Ony şahyr Gurbannazar Ezizow «Meniň neslim» diýip atlandyrdy. Ol nesil Halyl Kulyýew, Annaberdi Agabaýew, Italmaz Nuryýew, Gowşut Şamyýew, Kakabaý Ylýasow ýaly gowy şahyrlary özünde jemleýärdi. Elbetde, Gurbannazar Ezizowyň özi hem şolaryň arasyndadyr.

Geň galmaly ýagdaýmy ýa-da kanunalaýyklykmy, edebi güýçler yzly-yzyna şeýle tapgyrlaýyn gelýär. Geçen asyryň ýetmişinji ýyllarynda «biziň neslimiz» olaryň yzyny dowam edip, edebiýata geldi. Bu nesliň hem Atajan Annaberdiýew, Ahmet Gurbannepesow, Orazguly Annaýew, Orazmyrat Gurdow, Nobatguly Rejebow, Alty Akmämmedow, Kakabaý Gurbanmyradow özboluşly şahyrlary bolup, poeziýanyň keşigini gerdeninde göterdiler.

Şondan soň Mämmetnazar Babanazarow, Döwletgeldi Annamyradow, Çary Ýegenmyradow, Gurbandurdy Orazow, Orazgylyç Çaryýew, Şähribossan Geldimämmedowa dagy gowy goşgular döretdiler.

Häzirki döwürde hem poeziýa täze nesil gelýär. Men bu ýaşlar hakynda «Nesil» gazetinde «Ýaşlar biziň umydymyz» diýen makala ýazdym. Elbetde, olaryň içinde eýýäm özlerini tanadan, geljegine uly umyt bildirilýän ýaşlar bar. Bularyň hemmesi edebiýata ahyryna çenli wepaly boljakmy, bolmajakmy, belli däl. Çünki tebigy zehin birbada lowurdap dünýä çykýar, ýöne soň ony zähmet bilen doldurmasaň, dünýä edebiýatyny yzygiderli okap kämilleşmeseň, öz ykbalyňy edebiýata baglamasaň, zehin kütelýär-de, çaman at ýaly, dünýäniň tozanyna garylyp galyberýär.

Soňky döwürde täze şahyrana nesil — Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň şahyrana nesli ýetişip gelýär. Kakamyrat Rejebow, Seýitmyrat Geldiýew, Enwer Nyzamow, Goçmyrat Orazberdiýew, Suraý Babanyýazowa, Laçyn Pürjäýewa dagy öz gowy goşgulary bilen tanalyp ugradylar. Indi olaryň öz ykballaryny poeziýa

bilen ymykly baglajagyna umyt döreýär. Men bu şahyrlaryň her haýsynyň metbugatda çykýan goşgularyny sypdyrman okaýaryn we olaryň her bir üstünligine, goşgudan goşga kämilleşýändiklerine begenýärin.

Bu gün şu goşgular toplumynyň awtory Goçmyrat Orazberdiýew. Onuň goşgularynda tebigata synçylyk güýçli. Poeziýa üçin zerur obrazly aňlatmalar, şahyrana tapyndylar onuň goşgularyna aýratyn bezeg berýär. Ine, onuň «Surat albomy» goşgusyndan:

**Surat enjamy deý gyrpyldy gabak,**
**Gözler seniň suratyňy düşürdi.**

Ýa-da «Deňziň hyýaly» goşgusyndan:

**Kenara urulýar sansyz tolkunlar,**
**Ýüzüne suw syçrap gidýär asmanyň.**

**Suw damsa, endamy titreýär deňziň,**
**Böwri gyjyklanan ýaly bolýar oň**

— diýen şahyrana tapyndylaryny mysal getirmek bolar.

Umuman, Goçmyrada poeziýa äleminiň çarkandakly ýolunda şeýle gözleglerini dowam etdirmegini, dünýä edebiýatynyň genji-hazynasyndan köp okap, has kämilleşmegini, şahyr halypamyz Gurbannazar Ezizowyň:

***Bu dünýäde iň lezzetli sütemdir,***
***Million setir okap, bir setir goýmak***

— diýen nesihatyna eýermegini arzuw edýärin. Sebäbi Goçmyratda zehin hem, ylham hem ýeterlik. Indi onuň üstüni irginsiz zähmet hem şahyrana ykbal bilen dowam etdiräýmek galýar.

**Atamyrat ATABAÝEW,**
**Türkmenistanyň halk ýazyjysy.**
*(«Garagum» žurnaly, 2015-nji ýylyň 2-nji sany)*



# BEHIŞDE MEŇZEŞ KÜNJEK

***Ýyldyzlary – çyra,***
***Aýy – sallançak,***
***Gujagynda üwrelip dur bu mekan.***
***Gulpagyny ýele ykjadan baglar,***
***Bagtdan ýaňa başyn yraýarmykan?!***



## Eziz Öý

Daglary ýassykdyr,
asmany – ýorgan,
Ýyldyzlary ýapýaryn men üstüme.
Ýeller sallançagmyň bagyny tutar,
Guşlar hüwdi aýdyp berer dessine.

Her säherde Güni bagryma basýan,
Günler umydyma berýär ýylylyk.
Geldim ho-ol guşlaryň dilinde ýazlan
aýdymlar, şygyrlar bilen ulalyp...

Gülki bar durnagöz çeşmäň sesinde,
Gulagňa hoş ýakýar «jykyr-jykyry».
Gülli baýyr — ýeriň galbaň döşüdir,
Ýalpyldap görüner älemgoşary.

Ýyldyzlary – çyra,
Aýy – sallançak,
Gujagynda üwrelip dur bu mekan.
Gulpagyny ýele ykjadan baglar,
Bagtdan ýaňa başyn yraýarmykan?!

Bu ýer — ýüregine çenli güllän ýer,
Bu — eziz Öý! Eziz gary-ýagyşam.
Mundan uzaklara gidilmez, ýene
Watanyň gujaklap ýatarsyň  agşam...



## Behişde meňzeş künjek

Enem kökesini asypdyr gökden,
Hol-ha seret!
Gün çykypdyr asmana.
Gülleň ýaňagyny sypalan güneş,
Taýýardy zemini bagra basmaga.

Gün sypalap çykdy baýyrlaň ýüzün,
Utanjyna sähra «lap-lap» gyzardy.
Gunçalaň «ýüregi» ýarylaýypdyr,
Guşlary iň ökde bagşy, ozandy.

Guş sesi ýaraýar ýeriň «gulagna»,
Kebelekler güli öpüp gaçýarlar.
Ýüregini «gökden asan» topragym,
Gör-ä, asmandan nur, şöhle saçýandyr.

Eý, güneşleň mesgen tutan döwleti,
Arşdan inen Behiştmi ýa Erem sen?!
Gözleriň agyna siňip gidenim,
Sen hiç sowulmajak bagt berensiň.

Söýgüsi kalbynda güllän Diýarym,
Seni ýüreginde göteren biler.
Sen – güneşler ýurdy,
güneşi bolsa
ýapyp örtüp bolmaz etegiň bilen...



## Mähriban ýurt

Bir çümmüjek şöhle damdy gözlere,
Gün ýylgyrdy ýaňagynda ho:l Arşyň.
Syrdam baglaň boýy geldi üzlere,
Gör-ä, gülleň göge uzalyp barşyn.

Öňküden has ýagtylypdyr ak şäher,
Lowurdysy düşýär gögüň gözüne.
Üfleseň gaýmagy bozuljak säher,
Ir solan güllerem getir özüne.

Bir ujy asmanyň ýüzüne degen
ak ýollardan ýüwrüp barýar ulaglar.
Ýazyň gujagynda bir gez beýgelen
göwün öz boýundan artyk ulalmaz.

Ýylgyran ýazlaryň başy göçgünli,
Munda adamlaryň ýüregi nurdur.
Gursagy alawly, gözi uçgunly
bir perzendi menem bu eziz ýurduň.



## Arkadag

Behişdiň kölgesi düşdi zemine,
Döwrüm neneň päk ekeni, Arkadag!
Boýumyz ýetirip bagtyň deňine,
Söýgiň belent dag ekeni, Arkadag!

Kepderi deý göterildi göwünler,
Päk yşgyňdan ýüreklermiz üzülmez,
Gül göwnüňden suw içip dur bu günler,
Mähriň genji-kän ekeni, Arkadag!

Gözel ýurdum – bir ajaýyp ömür deý,
Saýasynda bagta sary ýüwürdim,
Bu Berkarar, bagtyýarlyk döwürden,
Özge bagt ýok ekeni, Arkadag!

Gowulyklar gülläp türkmen kalbynda,
Ýaşaýar ol bagtly günde, bal günde,
Gün çykandyr bu gün dünýäň göwnünde,
Köňle mähir, çog ekeniň, Arkadag!
Söýgiň soňsuz ýaz ekeni, Arkadag!



# Watana buýsanç

Guşlaryň diline düşüpdir waspyň,
Gör-ä, sende göwün saýrakdyr Watan!
Gelýär tarypyňa galamym asgyn,
Jennet ysyň başym aýlapdyr Watan!

Joşguny sen göwün atly akaryň,
Saňa Erem bagy öýdüp bakaryn,
Saňa aşyk bolup çöle çykanam,
Megerem boz jeren, aýrakdyr Watan!

Saýyp Watan – atam, topragyň – enem,
Menem şu topragyň süýdüni emen,
Mylakatly dogýar munda her Günem,
Her günüň ömrüme baýrakdyr Watan!

Jemalyň çalymdaş gijäň kamarna,
Sen barkaň, gül näme, elwan bahar nä?!
Saňa söýgim geçip emer-damarma,
Bedenime gan deý ýaýrapdyr Watan!

Buýsanjym kän Berkararlyk döwrüne,
Uçjak Diýar bir bilbile öwrüle,
Sen şeýle bir meňzeş meniň göwnüme,
Günler bagt deryasyn boýlapdyr Watan!



## Ýürek owazy

Göwünlere guş gonduran
Sowulmaz ýazyň Arkadag!
Bu Diýarda goş ýazdyran
günler – owazyň Arkadag!

Watan – jiger, toprak – syna,
Gonýar bagtyň aýasyna,
Günler arzuw derýasyna
Oklaýar özün Arkadag!

Ýag ýaly her säher-öýläň
ýüzünden şatlyk görünýär.
Nazary bizdedir dünýäň,
Diňleýär sözüň Arkadag!

Göz gerek ýurda bakara,
Görki gül paýlar jahana,
Galsa-galmasa baharam
Gülzar dag-düzüm Arkadag!

Bagtyň keşbi güllerinde,
Gözüm sowup bilmerin men,
Düşmez bu gün dillerimden
Ýürek owazym Arkadag!
Siz Howandarym Arkadag!

## Dünýäň gursagynda gürsüldän ýurdum

Aýak yzyn alyp galdy ýyllaryň
Bagry bilen ýanyp ýatan çägeler.
Gum, depe, ýüregi pökgeren baýyr
Gujagyna seýl etmäge çagyrar.

Maňlaýy gasyndan doly depeler
Gözün açdy kerweniň jaň sesine.
Aýaklary bişen şemal ol sesi
Ýaýratdy giň sähraň belent-pesine.

Gum garlan taryhyň ýüzi açyldy.
Sazagy, gandymy... gözli şaýatdyr.
Üstünden ýol ýasan agyr kerwenler
Türkmeniň adyny dünýä aýlapdyr.

Indi dünýäň gursagynda gürsüldän
Ýurdum — Beýik Ýüpek ýoluň ýüregi.
Öňler tozap ýatan bu gadym ýerleň
indi görki haýran edýär göreni.

Tirsegine galdy türkmen taryhy,
Bu gün geçmişden gür berse gerekdir.
Bu toprakda aýak yzlary galan
Beýik Ýüpek ýoly oňmaz ýüreksiz...



## Günleriň ýazgysy

Günler wideo ýazgysy deý aňymda,
Gözüm ýumsam hyýalymda janlanýar.
Ýol, duralga, iş, öý... — bary ýadymda,
Durmuş damarymda gan deý aýlanýar.

Egne atdym öz öýümiň keşigin
Hemem şu Watany basdym bagra men.
Belki ütüksizdir geýen eşigim,
Emma ýygyrt düşürmedim kalba men.

Şygyr ýazdym bagtly günler barada,
Göz dikmedim onuň galamhakyna.
Köwşüm tozdy öý bilen iş arada,
Maşgala ekledim aýlyk hakyma.

Duýdum günleň ömre berýän gymmatyn,
Ýagşy arzuwlary saldym men küýe.
Etdim menem öz ilimiň hyzmatyn,
Halal gazanjymy getirdim öýe.

Agşam öýe gelip, saklanyp bilmän
çagalarmy gujaklaýan badyma.
Çaý başynda ýene asuda jemlän
şol günüň ýazgysyn salýan ýadyma...




## Gözüňe yssy ýer

Bu baglar gulpagy örülen gyz deý,
Guşlar şahasyndan höwürtge asdy.
Bilbilleriň eňegne jaň dakylan,
Bu baglar,
bu mesgen gözlerňe yssy.

Öýler bir-birege egnini deňläp,
görüşip, dogan deý bagryna basdy.
Ýüregiňe juda ýakyn bu ýerler —
Bu Watan,
bu Diýar gözlerňe yssy.

Jykyrdysy gelýär durnagöz çeşmäň,
Güller sowuk suwa dodagny basdy.
Olar ýürek bolup gunçasyn açýar,
Bu güller,
bu toprak gözlerňe yssy.

Ýollar gözýetimi gujaklap, ine,
Ýaňy dogan Günüň ellerin gysdy.
Salam, Güneş,
Salam, süýtreňk säherim,
Bu säher,
bu Güneş gözlerňe yssy.

Atasyna meňzeş dogan ogul deý,
Bu halal topraga çekipdir aslym.
Ýeri, köküň üzüp gidersiň nirä?
Dolanarsyň ahyr ýüregiň gyssa —
Bu Watan,
bu Diýar ýüregňe yssy...

## Ak şähere nama

Hol asman durnalaň perine meňzeş,
Durnalaryň Arşa ýazlan hatmy ýa?!
Asmanyňa aşyk bolan guşlaram
gyş-u-ýazyn seň gujagňa gatnaýar.

Menem säher köçelerňe çykýaryn,
Gatnaýaryn şol ýollardan öýüme.
Iň mukaddes, eziz ýollar sende bar,
Diňe bagt arzuwy gelýär küýüme.

Ýantorbama gujak-gujak bagt salyp,
Her säherde uniwersitete gatnaýan.
Söýgi bilen ölçäp her bir ädimi,
Hyjuwlarym gursagymda ýatmaýar.

Arzuw-isleg ýüregimi gülledýär,
Olar meniň galmaýarlar yzymdan.
Şonuň üçin has hyjuwly ädimler,
Galýar hat-da basan aýak yzym-da.

... Aşgabadym — ýüregime meňzeşim,
Eziz maňa köçäň, ýoluň, duralgaň.
Senden gitmän, ýene gaýdyp gelýärin,
Sensiň öý-ojagym, eziz gonalgam.

Başymdaky tahýa kimin görkli sen,
Nagyş sen zeminiň ýüzne çyzylan.
Ylhamyň ojagy güllän ýazlaryň,
Ýüregiňde setir bary syzylar.

Çüwdürimleň adamlaryň kalbymy,
Çogup çykan, hanasyna sygmadyk?!
Gujagyňda bagtly bolduk hemişe
Senden gözel ýurt baryny bilmedik.

Gülledik, gün-günden ösdük boý alyp,
Tesmedik hiç yza — ýeke garyşam.
Diňe sende bagtly bolmak ýaraşar,
Diňe sende gülläp ösmek ýaraşar.

Gülle sen, güllere beslen Aşgabat,
Lowurda eneleň çöregi ýaly.
Gülle, ös sen, öz goýnuňda ýaşaýan
bagtly adamlaryň ýüregi ýaly...



# Güneşli ýurt

Baglaň şahasyna Güneş gonupdyr,
Gün — asmanyň döşündäki gülmi ýa?
Şöhleleň astynda nurlanan ýurdum,
Erem deýin günbe-günden gülleýär.

Gülleň baldagynda irkilen säher,
Diýseň ýukaýürek, guş owazlydyr.
Guşlaryň dilini ýat tutan baglaň
Goýny mydam bahar, alaýazdadyr.

Munda günler – tereň,
gülleri – tereň,
Göwünlermiz uçup ýören kepderi.
Depämizde ganat biten, guş göwün
Ýaşyl Tuguň Arşy boýlan ýerleri.

Bu ýerler — ýüregi owadan ýerler,
Her säheri aýdym-sazly, joşludyr.
Seýilgähde gyz göwünli baglaryň
her ýapragy ýazylmadyk goşgudyr.

Ak ýollary – setir, şygyrly mekan,
Saňa bakan göwün ganatly bu gün.
Berkarar döwletde juda bagtly il,
Ak geljege barýar ak atly bu gün.





# Ýaşyl reňkli ýazym

Owsunşyňa ýeller düşünebilmez,
Pasyrdyňa meňzäp uçar guşlaram.
Sen barkaň, gök buldun düşenebilmez,
Aý-ýyldyzlar gujagyňdan düşmezem.

Ýaýlalara ýaşyl reňkiň ýokupdyr,
Görküňden gül-gunça syçrar düzlere.
Mydam nazarlarmyz saňa bakyp dur,
Gözelligiň damyp dursun gözlere.

Sen – asmanyň ýüzi, ýeriň ýazy sen,
Beýikligiň deňleşer ho-l daga-da.
Hemişe pasyrdap dursaň razy men
Elimde ömürlik götermäge-de.

Diňe ellerde däl, göterip ýörün
ýüregimiň üstünde seň nyşanyň.
Eýeläňsoň bu gün kalbymyň törün,
Synyňdan üç gez däl, on gez ogşaryn.

Gördüm mertleň saňa başyn egen-de,
Sen ýollara şöhle boljak yşyksyň.
Aýyrsalar Tugy Arşdan eger-de
Asman galan ýaly bolar eşiksiz...



## Watan

Ömrüme daman günleriň
Bal gatylan ýaly, Watan!
Depe-gollaryň, düzleriň —
Bir owadan haly, Watan!

Sende yşkym, mährim güýjär,
Dahanymda sözler süýjär,
Saçymyň garasy – gijäň,
Öýläň gözmüň agy, Watan!

Köňüllere ylham-güýçsüň,
Sende bagta sary süýşdüm,
Saýasy düşen behişdiň,
Sensiň Erem bagy, Watan!

Goýnuňda dogan Gün, ine,
Bagt eçiler her günüňe,
Sende güllän bir gülüňe
Söýgimiň ýok çägi, Watan!

Berip saňa äht-ygrarym,
Mydam ugruňda ylgaryn.
...Gülletdi seniň ykbalyň
Ýurduň Arkadagy, Watan!



## Gijäň gözlerindäki şäher

Gözlerine ýyldyz gaçan gijeleň
Süýt dökülen ýaly köçelerine.
Göze görnen gyz deý gözel ho:l Aýam,
Şöhlesini ýere seçelär, ine.

Şeýle bir süýt reňke boýalar asman,
Eliň aýasyna gonar ak şäher.
Gökdäki bulut deý tämiz ak öýler,
Göge göteriljek üfleseň sähel.

Gözlerini gyrpýan uzyn ýolçyra,
Bagta sary ataryp dur ýollary.
Seýilgäh şeýle bir ýagty görünýär,
Nur saçyp dur onuň köz deý gülleri.

Bu gijeler seýle çyksaň şähere,
Ädimleriň ädimsaýy tijener.
Hem uçarsyň,
hem düşersiň goýnuna
bu gijeleň, ýyldyz gözli gijeleň...



## Bedewim

Toý sazyny çalar kümüş toýnaklaň,
Owazy ýer-göge ýaýrar, bedewim!
Owsunjyň hiç depä-daga boýlatmaz,
Hyjuwyň tug deýin parlar, bedewim!

Üsti zyýat Süleýmanyň tagtyndan,
Saňa münen tapar baýlyk-bagtyn-da,
Uçgun syçran toýnaklaryň astyndan
Bagtyň özi çarýan paýrar, bedewim!

Gujagyny sökmedik dag-jülgäň ýok,
Ýerden guş deý göterleňde kölgäň ýok,
Hiç bir jandar saňa asla meňzänok,
Çapaňda ulus-il haýran, bedewim!

Ýetdirmez ýellere, güýjüne gurduň,
Durşuň gyz gylykly, bedeniň nurdur,
Saňa egin deňlän nowjuwan ýurdum
Belentlige sary barýar, bedewim!

Çarpaýa gal, başy beýgelsin dünýäň,
Üstüňde ykballar galkynýar, gülýär,
Bu gün ak atyny jylawlap münýän
Arkadagym dünýä seýran, bedewim!

# Beýik Ýeňiş

Taryh — atalaryň ýazan kitaby,
Sahypasy ýeňiş bilen açylan.
Onda beýik söýgi, mertlik hem ynam
Baksaň, gözleriňe nur deý saçylar.

Ýazylmadyk kitap — atalaň ömri,
Bu topragyň her gysymy bir jandyr.
Onda hiç duşmana depeletmedik
Pederleň namysy, ykbaly bardyr.

Onda beýik Ýeňşiň ýürekde ýakan
Söýgi ody ýanýar Baky ot bolup.
Emma jigerlere tyg basan urşuň
yzasy köňülden gitmez ýok bolup.

Urşy gören şol merdana gerçekler
Görkezdi mertligiň beýik nusgasyn.
Ýazdy olar bu Watana söýginiň
Hem şu günüň soňlanmajak kyssasyn.

Ýeňiş getirýändir ärleriň ömri,
Mertler şu topraga tagzym etdiler.
Olar bize nädip ýeňmegi däl-de,
Nähili söýmegem öwredipdiler.

Bu gün ýüreklerde söýgi gürsüldär,
Köňlüň galkar bu bagtyýar döwrüňe.
Ykbaly oýanan eziz türkmeniň
Diňe şatlyk, joşgun dolýar göwnüne.

Berkarar döwletde buýsançly başlar,
Daýanmaga il-gün, dag deý arka bar.
Ýaz gujakly bu Watanda türkmeni
Beýik Ýeňşe alyp barýar Arkadag!

## Ak şäheriň goýnunda

Guşlaň ganatyna degip dur öýler,
Gün öz gujagyna gysýar şäheri.
Ýaşyl baglar guşlara bo:r höwürtge,
Owaza garylar öýle, säheri.

Gyz göwünli sährasalary lälezar,
Güllerinde müň baharyň yşky bar.
Söýgiň ysy gelýär bu ak şäherden,
Ýollarynda gyzyl gülleň müşki bar.

Zülplerini şemal oýnan baglaryň
hem düzleň başyna ýokuşar heser.
Söýgi bilen gögerer gül-çemeni,
Guşlary bar,
boluşlary ne ýeser.

Ak şäher — yşkymyň güýjän şäheri,
Bagta barýan ýollar uzar säherden.
Il-günüňe paýlan bagtyň dolanyp
ýene saňa gelýär bu ak şäherde...



# Ak ýoluň arzuwy

Gabagňy galdyr-da, esetsene sen,
Näme görýäň,
ho-ol baglary görýäňmi?!
Öz watanyn goşgusynda wasp edip,
Guşlaryň hem şahalardan örýänni.

Görýäňmi ýaňagy gyzaran Arşy,
Ine, basym ho-ol ýerdenem Gün dogar.
Şeýle bir süýt reňkde agarar asman,
Anyk bolar günbatar hem gündogar.

Ilki bilen ir säherler oýanýar,
Oýanýar şahada irkilen guşlar.
Ah, diline düşünsediň baglaryň,
Olaryň başyndan bagt guşy uçmaz.

Bu mesgen seniňki,
eliňde bar zat —
Bu durnagöz asman bereketlidir.
Ene toprak eliň aýasy ýaly,
Gör-ä, garynjasam hereketdedir.

Sen – şeýle Watanyň eziz perzendi,
Düşünip bilmeli ýüregne gülleň.
Sen dünýäniň «dilini» ýat tutmaly,
Başga hiç kes oňa düşünip bilmez.

Oka, öwren «harpma-harp» bu durmuşy,
Dünýä – okalmadyk kitap ýalydyr.
Bu ýerlere ýüregiňi açaýsaň,
Hazynasy elýetmezdir, doludyr.

Ellenmedik geçmiş ýatyr öňüňde,
Açmaly sahabyn syrly dünýäniň.
Ýeň, göreş,
egniňde uly borç bardyr,
ýeňjegiňe ynanýanňy bilýärin!

Bu ýollardan öňe gitmeli diňe,
Bu durmuşa hyrydar kän, dalaş kän.
Ýeňjegiňe beýik Ynamyň bilen,
Saňa ak ýol arzuw edýän dalaşgär!



## Watan bilbili

Guşlar – şahyr,
dür dökülýär dilinden,
Olar ir säherde işe başlaýar.
Taryp edýär dogup gelýän güneşi,
Säheri,
şäheri edip bagta ýar.

Bagşy guşlar guş dilinde saýraýar,
Aýdyp berýär iň bir ajap namany.
Güller begenjine gyzarýar çala,
Artýar gün geldikçe gülleriň sany.

Baglar meýmireýär süýji owaza,
Durup bilmän, iki-baka yranýar.
Säher duşuşykda diňläp guşlary,
Aşyk bagtly boljagyna ynanýar.

Tebigat — durşuna janly orkestr,
Ine, saňa taýyn aýdym, heň, nama.
Görseň, bu Watanyň guş-gumrulary
aýdymçydyr, lezzet berer diňläne.

Aýdym-sazly Watan, bagşyly Watan,
Heň çykýandyr alýan her bir demiňden.
Ýazyp aldym şu şygyry, beýdi-de
şahyr hem-de bagşy guşlaň dilinden.





## Şirwan perde

Her bir güni — mukam,
aýdymly mekan,
Belent perdä çykýar adyň Diýarym!
Süňňi aýdym-saza ýugrulan düzleň
Guşlaryna bagşymyka diýýärin.

Ellerinde — dutar,
ýüreginde — yşk,
Bu türkmeniň gursagynda nama bar.
Göwünlere heýjan beren, jan beren
Sazdan gözel, eziz başga näme bar?!

Tarlaryndan dür dökülen dutarym,
Saňa halkyň kalby saz bolup siňdi.
Bu gün goşa taryň dillenşine bak,
Owazy ýürege, kalplara i:ndi.

Dünýäň ýüregine heň berip dur tar,
Ak şähere gözellik hem nur berýär.
Arşa owaz bolup uzalan dutar,
Bu gün gadym geçmişinden gür berýär.

Ýaňlanýar,
batlanýar türkmen owazy,
Onuň bilen galkýar göwün hyýalym.
Eziz Arkadagyň pähimi bilen
Belent perdä çykýar adyň Diýarym!

## Mukaddes söz

Ýüregňi jigleden söz kän,
jümle kän.
Watan, seniň adyň müň jümlä deger.
«Hüw-hak» diýen derwüşleriň düldüräp,
Sen diýip çöllere çykandyr meger.

Watanym — ilkinji jägildän ýerim,
Eziz maňa otuň-çöpüň baýryň-da.
Çagalygmyň oýnan ýeri surat deý
galdy, göz öňümden bilmen aýryp-da.

Uzak ýola giden ýolagçyň deýin,
Gysym gumuň ogşap-ogşap gezerin.
Aýyrma gyşyňda üşäp gezmekden,
Ýogsam tomsuňda-da gagşap gezerin.

Iň ýyly söz seniň adyňdyr, Watan,
Dillerde aýdym deý aýdyp gelinýär.
Dury asmanyňa baksaň,
walla çyn,
Seniň gülüp duran keşbiň görünýär...



## Gülden görkli şäher

Gündizleň şeýle bir ýagty,
asmanda
ak bulutdan şöhle düşýär gözüme.
Ak binalar — ýerdäki ak bulut deý,
Arşyň keşbi çekilipdir ýüzüne.

Asman – aýna,
keşbinde seň suratyň,
Seni görer behişt görmek isleýän.
Didaryňa aşyk bolan bir guş men
Tarypyna iň gowy söz besleýän.

Aý ýüzlim, keşbiňe bakyp doýmadym,
Säheriňden köňül üzmen sähelem.
Gül – senmi,
sen – gülmi, saýgarmaklyk kyn,
Sen gülden-de eziz meniň şäherim!



## Uçmah

Gün dogdy, asmanyň ýaňagy güldi,
Ýylgyrdy ýaňyja açylan gülem.
Ülkäm – gül mesgeni, düzi – ülpüldi,
Göýä garaşan deý şu ajap Güne.

Günebakar Güne bakyp ýylgyrdy,
Ol ýerdäki Günüň keşbi mysaly.
Güller dodagyndan bir posa berdi,
Boldy sähraň ýüzi açylan ýaly.

Öpüp gaçdy gül lebinden kebelek,
Gulpagyny elläp gaçdy şemalam.
Güller ýere gonan göýä bir melek,
Ysyndan meýmiräp durun şumalam.

Aşyk eken bu garagöz tebigat,
Leýlisaçlar saçyn daran mahaly.
Gözüň bilen gujaklap bu düzleri,
Bu mesgeniň ýokdur belli bahasy.

Söýýärin söýgüden beýhuş asmany,
Ähli zat ýürege çalymdaş örän.
Gözläp nätjek Erem-bagly künjegi,
Meger, şol Eremem şu ýerde dörär.

Eziz görner öz Watanyň gülleri,
Mydam ýürekleri joşly guşlaryň.
Guş göwünli,
ýaz göwünli illerim,
Bilýär indi nirdedigni Uçmahyň.

## Baglylyk

Owunjak zatlara edemok kine,
Sähel zada welin şeýle begenýän.
Daglary sarsdyrýan begenjim bilen,
Ýüregimiň agyrsyny aýyrýan.

Şükür, özgelerden bolmadym müňkür,
Ilim-günüm bilen ýylyndym gaýta,
Özgeler hakdaky aladalarmy,
Şu gün etjek boldum, goýmadym ertä.

Deň ýörejek boldum özgeler bilen,
Il deňinde boldum, bolmadym garşy.
Şaýat boldy meniň aýak sesime
Ýüregmiň her demde gürsüldäp urşy.

Il-halkymyň begenjine begendim,
Her sözden ýüregme aldym teselli.
Baglydygyn duýdum ata ýurduma
Ýüregmiň iň soňky urşuna çenli.

(2006-njy)



# Obam

Obam, sende eziz enem ýaşaýar
Hem ýaşaýar eziz agam, uýalam.
Saňa söýgim ýazlan ýaly daşa ýa,
Waspyň edebilmen,
bilmen goýubam.

Adamlaryň göwni kiçi, uly däl,
Söýgüsine sygýan gursaklary bar.
Nur gysymlan ýaşulusy—uly dag,
Çaga salam berýän pursatlary bar.

Köçeleriň maňlaý çyzygna meňzeş,
Hoş söz kimin düzüm-düzüm üzümler.
Söwer gyzlaryň bar ýaşyma deňdeş,
Keşbi müdimilik galdy gözümde.

Dünýä deý  söýgimi sygdyryp içe,
Kän gezekler huzurynda enteden.
Ahmyrly men, söýgiň deňinden geçe
Ýüregimde dag otyrdy entegem.

Sözüň diýebilmen,
bilmen goýubam,
Saňa söýgim ýazlan ýaly daşa ýa.
Sende ýaşaýarlar agam, uýalam,
Obam, sende eziz enem ýaşaýar…



## Halyçy gyza

Ýürekleriň urgusyna deň edip,
Uýam, batly kaksana sen daragyň!
Zynatynda zemin görkün jem edip,
Uýam, batly kaksana sen daragyň!

Geçip kynçylyklaň ýalyn-epgegin,
Kalbyňy her çitimine seplegin,
Kakýan ýaly toý sazyny depregiň,
Uýam, batly kaksana sen daragyň!

Gölleri bar ýanyp duran köze deň,
Bu halylar göwnüm alaýaz eder,
Goý, gümmürdäp bahar gelsin täzeden,
Uýam, batly kaksana sen daragyň!

Meňzäp dagdan gaýdan çeşme-akara
Joş sen, söýgiň – joşgunyňa bahana,
Toý gününde sebäp barka kakara,
Uýam, batly kaksana sen daragyň!

Kak sen, toýnak sesleri deý atlaryň
dükürdesin, ol owazy şatlygyň.
Aýdyp ýene «Eý, daragym batlany»,
Uýam, batly kaksana sen daragyň!

Owazyňa, goý, guşlar hem hiňlensin,
Nagmalaryň toý sazyna deň bolsun,
Döwrüň beýik aýdymlarna heň bolsun,
Ýürekleň taryna kak sen daragyň,
Uýam, batly kaksana sen daragyň!



# SALAM, KÜMÜŞ SÄHER!



***Gijesi — yşkymyň garalamasy,***
***Säheri — bagtyna gowşan ykbalym.***
***Bagt bilen ädimläp öýlänlerimi,***
***Bu günleriň arasynda ykýaryn...***

# Salam

Salam, gök asmanyň garnyn ýeňledip
dogan tylla Günüm!
Kümüş säherim!
Salam, dahanyndan güller dökülen
Otuz birinji gez gelýän baharym!

Salam, size meňzemäge jan eden
Dilleri senaly mollatorgaýym!
Eý, kükregi suwdan dolan bulutlar,
Meniň gursagma-da ylham, gor guýuň!

Yşkyndan hiç ganyp bilmedik Dünýäm,
Mähriňi ýarty däl, kalba guý baryn.
Ýogsam men ýapyrlyp iş stolumda
Başyma gaý goşgy ýazjak bolýaryn.

Edil häzir goşgy nämäme derkar,
Bahar şygyr bolup ýarýarka pyntyk.
Şu güne çen ýazyp, ýanyp ýörseňem,
Ýazdan ne öňürtdiň, ne bolduň artyk.

...Boýum bilen des-deň bagtym, ykbalym,
Elim uzan ýerne çenli gujaklar.
Her säherde sähra seýle çykamda,
Yşkdyr meniň böwrümi zol gyjyklan.

Gijesi — yşkymyň garalamasy,
Säheri — bagtyna gowşan ykbalym.
Bagt bilen ädimläp öýlänlerimi,
Bu günleriň arasynda ykýaryn...

Salam, gökde ýaňy göbegi keslip
dogan tylla Günüm!
Kümüş säherim!
Salam, bir şahasyn köpeldip ömrüň,
Otuz birinji gez güllän baharym!

## Men ýolda

Aýagyňy bassaň tisginjek ýollar,
Uzalyp degip dur gögüň gerşine.
Günüň şöhlelerne ýuwlan ýanýodaň
her ädimin boýlap, ýöräp barşyma

Bagta deňiç uzadýaryn ädimim,
Säginemok duralganyň deňinde.
Aýaklarym göterýärkä göwnümi,
Hiç ulaga münüp durman men indem.

Ruhumy şar deýin uçurdym göge,
Çatryk. Ýol. Dükanlaň öňi bezelen.
Şäheriň görküni demime sorup,
Bu ýerlerden ganamok her gezegem.

Serçeleň sürüsi — notaly aýdym,
Dili däl, saýraýan ýalydy ýürek.
Guşlaryň ünsüni bölmän barşyma,
Bu gün işime-de giç barsam gerek...

Bezenip durmuşa çykjak gyz deýin
Baglar ýaşyl bürenjekli, gör, häzir.
Adamlaryň ýüzündäki ýylgyrşy
Bu ýerdäki güllerde-de görýärin.

Bu säher — baharyň açylan kalby,
Şowhunly köçeler aýdym, doly heň.
Arasynda ýaz ýürekli adamlaň,
Işe däl-de, bagta barýan ýaly men...



# Seýilgäh

Seýilgäh.
Ýüregi suwluja baglar,
Guşlary bagryna basmaga taýyn.
Şeýle bir köz reňkli gülleri bardyr,
Hatda oňa gözi degäýjek Aýyň.

Bir-biregiň elin gysan agaçlaň
başynda bar ýaly söýgi heseri.
Öňküden has dili süýji guşlaryň,
Owazyna gulagymy keserin.

Dem alsaň demiňe heser ýetişer,
Janyň süýjäberer, süýjär diliňem.
Bir-birini gözi bilen gujaklan
aşyklar hem meňzär yşkyň gülüne.

Üstünden gül ysy gelýän bu ýerler,
Bu yşkbaz  başymy aýlaýjak bolýar.
Seýilgäh...
Gül, baglar, ýigit hem-de gyz,
Gözlem bilen ony ýuwdaýjak bolýan.

Men oty:ryn yşka başymy büräp,
Güller maňa öz goýnundan berdi ýer.
...Ýanymda hem kebelegi kowalap,
Oglum bilen gyzym oýnap ýördüler.



# Ýürek arzuwy

Guşlaň däne çöpleýşi deý, durmuşda
kapyýa, meňzetme... çöpläp ýörşüme
Gowşak setirlere paýladym ähli
arzuwlarmy – ýerleşmedik döşüme.

Başym egip başly-barat pikire,
Gözümden asyldy ukusy gijäň.
Belki galamymdan dökülen setir
Meni has hyjuwly ýazmaga tijär.

Durmuş çap bolmadyk goşgy mysaly,
Berýär şygra täze mazmun, düşünje...
Şu şygyrlar, çalamydar setirler
Meniň ähli zehinime düşenje.

Pikirlerme çapraz gelýär arzuwlam,
Kä arzuwlaň galýaryn men «ganyna».
Şonuň üçin goşgy ýazyp ýörenleň
biriçe ýokdugma ýanýar janymam.

Guşlar saýramaýar säherleň yşkyn,
gözelligin ýürek bilen syzýança...
Ýaşaryn il-günüň ynamy bilen,
Ýaşaryn iň gowy şygry ýazýançam...



## Bu säher

Ýaňagyndan gülüň ysy
kükeýän säher – bu säher.
Gunçalar – dodagyň yzy,
Uçjak deý elleseň sähel.

Güneş gonsa bag üstüne,
Ýüregi gijär guşlaryň.
A:l güller gelip essine,
Pikirin eder uçmagyň.

Asman ähli güýji bilen
gujaklap görer zemini.
Ýer ne gam, ne ünji biler,
Gözellik guçar demini.

Seýle gelseň, bu säherler
Siňip gitjek gözleriňe.
Hasrata goýman sähel ýer,
Dömer söýgi sözleň, ine.

Säherleň yşgy, mähri kän,
Bolmaz onuň ýazyk, derdi.
Bu şygry hem ylhamym däl,
Ak säherler ýazyp berdi...



## Duralgada

Günüň şöhlesini boýnuma orap,
Säher bilen işe barýan keýpiçag.
Duralga. Adamlar göwnüme ýarap,
Mähir, söýgi... gussalarma goýdy çäk.

Deň uçdum bagdaky serçeler bilen,
Ýüregimem guş dilinde saýrady.
Tanyş bolmasam-da ençe ýer bilen,
Bu barlyk gözüme juda aýrydy.

Joşsam gerek şygyr, aýdym-heňe çen,
Sebäp kän buluda boýuň deňläre.
Ýaşap ýörseň bagtyň bilen deňeçer,
Ýeri, şondan gaýry islärsiň näme?!

Gözelligi sorup howa ýerine,
Duýdum gyşyň deminde-de ýaz baryn.
Galamy batyryp Gün şöhlesine,
Asmanyň ýaňagna goşgy ýazýaryn.

Ýazmak gerek ylham gursaga dolsa,
Joşgunyň senden öň hiç kimse görmez.
Duralga hemem men.
Hyýallam bolsa
Meni nirelerde uçuryp ýörler...

# Deňiz

Çaýkanýar suw dünýäň goşawujynda,
Deňiz bulutlaryň düýşüne girýär.
Asman ýüregini gowzadyp bilmän,
Ýagýar ýere baka, ýagýar ol irmän.

Damjalar ýene-de öwrülýär bulda,
Artýar deňizleriň ýene bir ýaşy.
... Deňiz — dünýäň gözlerinde birigen,
Akyp bilmän, doňup galan gözýaşy.



# Gyşdaky görnüş

Sowukdan ýüz-gözi çişen
Bulutlar sallandy ýere.
Asmanyň ýüzüne üýşen
Guşlara ýer ýok gidere.

Aýagy gijän sowuk ýel,
Ýalap geçýär bag başyny.
Şaha ýaprakdan üzüp el,
Aldy gyşyň gar-ýagşyny.

Başyna ak sepen asman,
Agartdy ýeriň saçynam.
Mydam göge gulak asýan,
Topragam gül-gül açylar.

Gar astynda galan barlyk,
Duýýar baharyň geljegin.
Düýşünde pyntygy ýarlyp,
Baglar bilýär güllejegin.

Şatlyk tapsaň ähli zatdan,
Gülkiň berer daşa ýaňy.
Öwrenmeli tebigatdan
Kyn günde-de ýaşamagy.



## Bahar pyntygy

Ir säher el-ýüzün ýuwan agaçlar
gözlerini açdy guşlaň sesine.
Ýüregi daşyna çogan a:l güller
Meňzeş gyzjagazmyň ketenisine.

Baharyň ysyndan oýandy pyntyk,
Baglaň endamyna gan ýörän ýaly
Şahalar ganatyn ýaýdy asmana,
Bar ýaly başynda uçmak hyýaly.

Arçalaryň boýy bir gez beýgeldi,
Derekler asmany elläýjek indi.
Topraga bagryny beren ullakan
daşyň bir böwri-de gülläýjek indi.

Häzir eliň direseň bu topraga
Ýüregiň şineläp, gül açjak kalbyň.
Bahar — göwünleriň pyntyklamasy,
Şu şygrymam ýazdan göçürip aldym.

Bahar — goşgy ýazjaklara bahana,
Miwesin alarsyň näme eçilseň.
Ýazlara öýkünip ýazylsyn şygyr,
Goý, galamyň pyntyk ýaryp açylsyn...





## Bir ýagsana...

Gözýetimi gujagyna alypdyr,
Bu asman – ýüregi açyk ak asman.
Günbatardan üzlüp gelýän bulutlar,
Bir-birin şeýle bir bagryna basýar.

Şar ýaly çişipdir garny bulutlaň,
Olaryň zemine ýagmak hyýaly.
Gör, hyjuwdan ýaňa dyňzap dur döşi,
Ýüregi agzyndan çykaýan ýaly.

Ýagsana ýüregiň bagjygyn çözüp,
Kepän dodagyna dam sen zeminiň.
Şeýle bir owadan güller açylsyn,
Synlanymda, syzlap gitsin meň i:nim.

Utanyp gyzarsyn sährań ýaňagy,
Bulguryn doldursyn keýigokara.
Ýuwunsyn agaçlar...
kaksana batly
Sebäp barka depregiňi kakara.

Süýji bitsin bu topragyň miwesi,
Bitsin gujagynda almadyr badam.
Bir ýagsana,
içiň döksene bulut,
Ýeňleýär içini dökende adam...



# Ylham joşguny

Asman — goşgy ýazylmadyk ak kagyz,
Guşlar uçup ýören rifma, kapyýa.
Baglar şahasyny uzadyp göge,
Goşgy ýazýar,
dönýär çeşmeler syýa.

Ylham pyntyk bolup ýarylýar kalpda,
Başlar ýere degjek bolýar ýaz gelse.
Ýazpisint şu şygry çapa bermekçi
Mazmuny çuň, setirleri saz gelse.

Iň gowy şygyrlaň pikirin edip,
Ötürdim ömrümiň iň gözel ýaryn.
Güýçli bolmasa-da, ejiz bolsa-da,
Men öz pikrim bilen orta çykýaryn...

Gursagy pitikläp, oýanýar ylham,
Ýeri, şondan gaýry meniň nämäm bar?
Bokurdaga mäkäm dykylyp duran
Ýürek atly şinelän bir dänäm bar.

Guş bolup güsürdäp uçjak galamym,
Ol näme ýazmady, näme ýazypdyr?!
Joşgunlydym, ýöne iň gowy şygry
Bahar bizdenem öň ýazyp goýupdyr...



## Öýe barýan ýol

Säher.
Köçe.
Ýene tanyş duralga.
Garşy alýar ulumsyja agaçlar.
Şahada «Aýterek-Günterek» oýnan
Guşlar saňa iň gowy saz bagyşlar.

Şöhle deýin süýnüp ýatan bu ýolda
Her säherde peýwagtyna gezm edýän.
Güllere lak atýan bezzatja serçäň
boluşyna gülüp-gülüp, hezil edýän.

Ýok, men ulaga-da, awtobusa-da
garaşamok. Geçse geçsin deňimden.
Men ýollardan aýak yzym gözleýän,
Bu ýerlerde yzym bardyr meniň-de.

Ak şäherden şatlyk tapdym, bagt tapdym,
Bagtlylygma alyp gitdi ädimlem.
Günler şatlygymyň sebäpkäridir,
Başlar ýeňiş iň ilkinji ädimden...

Men ýolda...
ýolumda durmaz Güneşem,
Hat-da ýelem geçmez meniň öňüme.
Ak şähere uzap barýan ak ýollar
Alyp barýar ýene eziz öýüme...

## Goşgyň döreýşi

Guşlar owaz edýär, utanýar güller,
Şapagyň ýüzüne çaýylýar utanç.
Göýä bir-birini gujaklar Gün, Ýer.

Aýaklarny uzyn salan köçeler
oýanýar, gözlerin gyrpýar ýolçyra.
Ýoluň maňlaýyny basýar gara der.

Ir oýanan guşlaň täsin «jürk-jürkün»
diňlän tebigatam özünden gidýär,
Aldyryp elinden polat deý erkin.

Dabanyndan ot syçraýan şemalyň
Birden huşy uçýar, görüp dünýäniň
ýüzünden perdesin syran jemalyn.

Säher deý arassa arzuwly ba:la,
Enesin oýaryp ondan öňinçä,
Howlugýar gitmäge Çagalar baga.

Bagtdyr oýanmankaň guşlaň sesine,
Gün dogmanka, heniz daň saz bermänkä
Oýansaň öz ogluň jedirdisine.

Göwnüni ýazlara deňäp niçeme,
Gujagynda örseň,
sypasaň saçyn,
Perişdä meňzedip baksaň ejeňe.

Ýüregňi gozgasa säheriň yşgy,
Göwnüň joşar,
şeýdip hamyla säher
Saňa sowgat berer täze bir goşgy.

# Gyzyma meňzeş bahar

Daglar arkasyny ýaplap asmana
Çeşme deý aýagny uzatdy ýere.
Bahar düwünçegin düwüp gelensoň,
Bogny ysman özge ýere gidere.

Bulutlaň böwrüne dürtdi barmagny,
Gülküden gümmürdäp gitdi bar ýeri.
Ýagan ýagyş ýeriň burnun pitikläp,
Oýardy sährada uklan gülleri.

Kömelek deý ýeri güberdip çykan
Baharyň ýüregi görner meýdanda.
Gök otlaň üstünde aýakýalaňaç
Ylgap ýören ýeliň göwni heýjanda.

Ýaşmagyny aýran şöhlezar Güneş
Dogsam diýer gök ýüzünde ýamaşgan.
...Şaha münen çypar garynjalaram
Inini zol gyjyklaýar agaçlaň.

Gör-ä, bu gün bahar beýhuş bolupdyr,
Özün bilmän ýatan daşam oýardy.
Gidip bilmän gögi penjelän güneş
Ýaşjak ýerin gyzyl gana boýady.

Ýaňja diş çykaran posalak gyzym
Gürläýjek bolýardy tapsa bahana.
Ýa bahar gelipdir biziň öýmüze
Ýa-da gyzym juda meňzeş bahara...

## Ýazdan öň...

Demini uludan alýar agaçlar,
Ýerden göterilýär ýukajyk tütün.
Üşäp demi sogrulypdyr ýapraklaň,
Baglar saçlaryny goýupdyr ütüp.

Sowukdan burnuny gizläp guşlaram,
Çüňküni ganatyň astyna salýar.
Inçelip, üzlere gelen dereklеň
boýy sapagyna meňzeýär almaň.

Agzyndan bug çykýar Aýyň, görsene,
Aýlanyp ýör bagry gara bulutlar.
Näçe sowuk bolsun,
sowuk bolmasyn,
Gün ýene-de dogmagyny unutmaz.

Ýylanan deý bolýas Güni göräýsek,
Goý, howursyz bolsun,
dogup dursa bo:r.
Gyş bolmasa, bahar pyntyklamaýar,
Pasyllar ýerinde gelip dursa bo:r.

Goý, güllerem dynjyn alsyn ýaza çen,
Bu zemin ýürekden gülsün ýaňadan.
Ýatan agaçlaram oýanaýmasyn,
...Häzir biraz dynçlyk gerek maňa-da.




# Säheriň goşgusy

Gözlem bilen çümmükleýän asmany,
Kirpigime degýär guşlaň ganaty.
Öwrendim dünýäni bagra basmany,
Joşgundan gursagym gijän halaty.

Guş deýin güsürdäp galýar ylhamym,
Ýüregim pyntyklap başlaýar ýazsam.
Razy men, elewrän her gijäm, daňym,
Setir bolup dünýäň ýadynda galsa...

Günler küşt deý,
ýeňşi göçümde eken,
Ýeňýär paýhaslylar, barybir, onda.
Durmuş daşymda däl, içimde eken,
Maňa gerek zatlaň bary bar onda.

Bagtdyr ýagşylykda gözlere ilseň,
Şygyr ýazsaň ýüregiňe deň gelen.
Bagt monjugatdy oýny däl, bilseň,
Bijesine düşmeýär ol hemmeleň.

Öwrendim dünýäni bagra basmany,
Bagtly bolýan köňül joşan halaty.
Gözlem bilen çümmükleýän asmany,
Kirpigime degýär guşlaň ganaty...



## Deňziň hyýaly

Kenara urulýar sansyz tolkunlar,
Ýüzüne suw syçrap gidýär asmanyň.
Deňize suraty düşen ak bulut,
Bilenok
özüni gökden asýanyn.

Suw damsa, endamy titreýär deňziň,
Böwri gyjyklanan ýaly bolýar oň.
Gije aý-ýyldyzy döşe dakynyp,
Özüni asmanda ýaly duýýar ol.



## Güýz güni

Gün ýaprak däl,
gökden üzüler ýaly,
Asylgy dur arşyň ezeneginden.
Tomus ýagyrnysy bez bolan baglaň
«Jüýje sanamaly» gezegi indem.

Öňküden has gögeripdir çal asman,
Suw damaýjak ýaly gözlerinden oň.
Ýapragyny mäkäm gysymlan şaha
Gorkýar wagtyndan ir üzlerinden oň.

Ýapraklaň keýpi kök,
başy – asmanda,
Ýere-göge seçilip dur manat deý.
Ýaprak çöpläp ýadan depeler, go:llar,
Bilermi baglara ýapyp halat, heý?!

... Bagyň asty.
Aýak basara ýer ýok,
Ozalkydan inçelipdir kölege.
Gözlerine çenli saralan güýzüň
hem bu baglaň aşygy men ölemen.

Otyryp umydy üzlen şahalaň
Elim ýaly inçe kölegesinde.
Güýzüň gujagyna özümi atdym,
Garşylady ol öz köne heňinde.

Umydymy däne-däne çöpledim,
Öňkä görä agraslandym, asyl-ha.
Uzaýar diýmeseň ömrümiz bir ýyl,
Ýok ekeni aýralyk bu pasylda...

## Asman

Asman — dünýäň ýüz görülýän aýnasy,
Çeşme-çaýlar... bakyp dur öz-özüne.
Pessaý uçýar onuň döşünde guşlar,
Göýä gaçjak ýaly gögüň gözüne...

Deňize suraty düşen tylla Aý,
Her gijede suwa oklaýar özün.
Ýüregi üzülip süýnen ýyldyzlaň
Gursagy ýanar ot — içinde közüň.

Gije bir-birine golaýlar Ýer Gök,
Ýüregine heser ýokuşar gijäň.
Aýa gözlerini gyrpan çyralar,
Islär ýyldyz bolup düşmegni bijä.

Gündiz Güni aýasynda göteren
Ýer bilen Gök — çyn söýginiň ýaýlasy.
Bir-biregi bagra basan, gujaklan
Asman — dünýäň ýüz görülýän aýnasy...



# Yssy...

Yssy... gör-le, ýanyp ýatyr gözýetim,
Ýanyp barýar bagry elek asman-da.
Haýran, gözýetimi ganaty bilen
ýelpeýän guşlaryň hiç ýanmaýanna.

Gör-ä, daş-töwerek otly tamdyr deý,
Agzyn açyp ýatyr suw deý salgymam.
Alyslarda derin süpürýän daglar
Bulutlary etdi başa ýaglygy.

Çabrap duran ýalyn bolarly asman,
Gyzgyn halkasyny alýar döşüne.
Haýran, ýanmaýşyna göm-gök agaçlaň,
Haýran men, guşlaryň uçup ýörşüne...



## Bahar gelse...

Bahar gelse, gözi açylar baglaň,
Güller dodagyny açar biguman.
Asman suratyny çeker zeminiň,
Ýazyň gözelligin görse, eý, aman.

Ýüregi şeýle bir arassa guşlaň,
Owazyna essi aýyljak gülleň.
Niräňe seretseň, gülki,
owaz,
ses,
Gözellik damyp dur içine gözleň.

Gökde Gün boýnuny uzadyp, ine,
Ýazyň gujagyna gaçaýjak bolýar.
Ýüregni aldyran ho:l kebelekler,
Sähraň bar gülüni guçaýjak bolýar.

... Bahar gelse, dünýäň ýüzi ýuwular,
Ýylyjak nuruny seçer Gün ýenem.
Bahar gelse,
ah, bu alabaharda
Iň gowy şygyrlam ýazylar meňem...



## Daglar-eý

Ak bulutlar sizi görüp emendi,
Ne beýle gozgandy göwnüm, daglar-eý!
Dag deýin ýürekli, çaga göwünli,
Sizde bilmerin men öwnüp, daglar-eý!

Men bir daga başyn uran Kaýys däl,
Ýöne size gelip, köňlüm egisýän,
Görogly beg Gyratyny seýisläp,
Guýnuňda çekipdir şöwrüň, daglar-eý!

Asyrlaryň ömür berip, sarpalan,
Sizde eziz Watanyma sarpa bar,
Goýnuňdan gelip dur sazy Karkaraň,
Nädip awladyň gyz köňlün, daglar-eý?!

Gujagyňda ören iller amandyr,
Sende ýollar bakylyga rowandyr,
Gözüň aýla, ne ajaýyp zamandyr,
Ata ýurdum, ajap döwrüm, daglar-eý!



# Güýz goşgusy

Ýüregimi myňçgalaýar sarylyk,
Burugsaýar güýzüň çigrek howasy.
Gargalaram iki-ýeke gelipdir,
Olaryňam ýok durmuşa höwäsi.

Onda-munda gaýyşyp ýör serçeler,
Çigrek howa galpyldaşyp bedeni.
Tebigat şeýle bir agraslanypdyr,
Artan ýaly tejribesi, edebi.

Asman kümüş reňkin çaýyp ýüzüne,
Otyr gijelige gaplanyp bilmän.
Ähli zat şeýle bir kämil görünýär,
Bir men ýaşap ýörün taplanyp bilmän...



## Ýaza ýüzlenme

Gyz demi düşüpdir ýaýlalaryňa,
«Jykyr-jykyr» gülýän ýaly derekler.
Gülleriňde keteniniň ysy bar,
Asmanyňa süýt guýmagam gerek däl.

Durulygy gözüň bäbenegi deý,
Göge bakyp, saçyň darabermeli.
Ýaýlalaryň gyz ýylgyrşyn ýatladýar,
Goýny bag-bakjaly, alma, terneli.

Ýüregi gülläpdir ala meýdanyň,
Çym gyzyl güllerde gyzyň eli bar.
El bilen çyzylan ýaly asmanyň
Tes-tegelek çykan nurly Güni bar.

Baharym bolsady ekilen ýaly,
Gülgün jemalyňdan asla ganma ýok.
Myhman alynmaýar sende geleni —
Gujagyňda keseki ýat saýlanok.

Böwregi böküp dur sonarly sährań,
Özünden ýaryljak eliň degirseň.
Gülküsinden gyzarypdyr güllerem,
Içiň gyrjak baraýsaňam eger sen.

Baharym, sen ähli gyzlaň seresi,
Seň söýgiňden uly söýünji bolmaz.
Waspyňy ýazybam tükedip bilmen,
Barybir, seň özüň görençe bolmaz...





## Ýylgyryň!

Ýylgyryň,
ýasama görünmez ýaly,
Bir pursatlyk gülkä meňzäp ýylgyryň!
Ýaňagňyzda söýgi çukurjygyny
ýasasyn ýylgyryp gelen ýyllaram.

Gözümiz ýaşarsyn şatlykdan mydam,
Görünsin ýüzlerde kalbyň şüküri.
Ýylgyryşyň ýygyrdy ýok,
ýylgyryň!
Ýokdur onuň gaýga goýmak pikiri.

Aý — asmanyň gülüp duran dodagy,
Aý dogsa asmanam ýylgyrýar eken.
Ýylgyryň,
ýylgyryş şatlyk, bagt bolup,
Bir ömre ýeter...



## Käbäm

Mähir arygy deý güler ýüzleriň,
Aýsyz gijelere Aýmydy, käbäm!
Derde melhem bolan gara gözleriň,
Ýada Aýa-Güne taýmydy, käbäm!

Adyň ýüregmizde galyp ebedi,
Sen — durmuşyň gözelligniň eýesi,
Nurly sözleriňden göwnüm ýylady,
Seniň göwnüň şeýle baýmydy, käbäm?!

Ýyly gujagyňda ulaldyk, ösdük,
Sen gursaga inen owazdyň, sesdiň,
Biz jana dözmedik, sen neneň dözdüň,
Şeýtmek, öz göwnüňe jaýmydy, käbäm?!

Ene göwni behişt güli ýaly-la,
Diň sal, ýüreginiň birje taryna,
Gözellikde nusga bolan halylaň,
Çitim-çitim bolan öýdümi, käbäm!

Siziň päk söýgiňiz—söýgimiz biziň,
Bize parzdyr almak öwgiňiz siziň,
Şatlykdan möwç urýan gursagymyzyň,
Hergiz soňlanmajak aýdymy, käbäm!

Mydam gursagmyzda söýgi güsürdäp,
Ýaşar, seniň bilen, ýaşar asyrlap,
Dünýäň depesinde baky pasyrdap
Duran gözelligiň baýdagy, käbäm!

*(2007-nji ýyl)*

# Eje

Sähra ýazdy halysyn,
Meňzeş haly:ňa, eje!
Eliň degen ýaly seň
gülleň baryna, eje!

Guşlar waspyňy ýaýyp,
Şahyr bolmaga taýyn,
Bu bahar ne ajaýyp,
Özüň ýaly-la, eje!

Mähir doly gözlerňi,
görmesem kalp üzlerli,
Guşlar aýdan sözlerňi
Goşýar sazyna, eje!

Bahar bagta deň gelen,
Diýerin: «Bagt – sen enem».
Göýä durmuş eýlenen
Gözüň ýagyna, eje!

Nagyşy öýdüm-öýdüm,
Bu ýazy sen deý söýdüm,
Kebelek güldür öýder,
Geler ýanyňa, eje!



# Gyş we ýagyş

Ýagyş ýagar,
dünýäň ýüregi giňär,
Üşär üçekdäki galan sowuk gar.
Asmana eşiksiz çykan ho-ol Aýam
Sowuklar.

Guşlar peç turbasyn ediner hemra,
Ýukajyk tüýleri ejiz ge:r sowga.
Gargalar galdyrap galmazmy, ýagşa
eşigin ýuwsa.

Köçeler egnini ýygyrar has-da,
Adamlary bagra basaýjak bolar.
Sowuk üşäp, üçeklerden özüni
asaýjak bolar.

Çyplak agaçlaram egin-eşiksiz
galanyna şuş-şu pursat gynanar.
Güýze lybaslarny aldyranyna
Ah çeker, ýanar.

Ýyljajyk peçlerin ýakynar öýler,
Öňkä görä bir ojaga üýşüler.
Gyşda ýyly geýim-gejimden zerur
Ýyly hoş sözleri has köp diýşiler.

Gyş gazaply däl-de, mährem bolmagy
Öwredýär hemmä,
Bu juda geň, hä?!

## Ak gar hakynda ak goşgy

Jaýlar kirpigine çenli doňupdyr,
Saň gaty agaçlar üşäpdir öýdýän.
Eginleri gysylypdyr köçeleň,
Çolarypdyr şahasynda guşlaryň
sesi-de,
        özi-de...

Asman özüne meňzeş,
                        gyzyň goly deý,
ap-ak garyn seçeleýär pişme deý.
Sowukdan elini üfleýän baglar
ýapraklarny örüp aýagujuna
ýorgan edipdir.

Birhili, ýüregi açylan ýaly,
Asmanam ak, ýüregi ak ýeriňem.
Beýle-de bir aklyk bolar oguşýa,
Göýä gökden gaçan ýaly ýüregi
Allanyň!

Şu pursat dilegňi aýdaýsaň göge,
Gökden hasyl bolup gaçaýjak ýaly.
Arzuwlarmy gökden seçäýjek ýaly
Garaşyp durun...

Ak zady alnyna degiren zemin,
Beýle agarmandy heniz.



# Ilkinji gar

Zemine ak kendirigni ýazynyp,
Asman elek eläp otyr ýadaman.
Akja paltosyny ýelbegeý atan
Arça çalym edýär semiz adama.

Säher ýuwlup, serlip goýlan eşikler,
Ýüpde hallan atyp doňup galypdyr.
Iň soňky ýapragny elden gideren
baglar ýaza çenli dymyp galypdyr.

Ak gar dynman ýagýar,
ýagýar ak tozga,
Garny gyjyklanan ýaly buludyň.
Üstüni ak gardan dolduran jaýlaň,
Peç turbasy alýar demin uludan.

Tebigat geýipdir ak lybasyny,
Ak gary bagryna basypdyr zemin.
Aklygyny dynman seçelän asman,
Ýüregini beýle dökmändi heniz.

Gör, nähili täsin ýagyşy garyň,
Göwnüňi göterýär ak tozga, ak gar.
Onuň bilen nur ýagyp dur zemine,
Onda uly arzuw, şatlyk bar, bagt bar.

Ýagýar ilkinji gar,
ýagýar birinji,
Gökden dynman gaýyp düşýär ýadaman.
Neneň gudrat, dynnym ýalyjak ak gar,
Şatlyk paýlaýardy her bir adama...



# DURMUŞ BILEN ÝÜZBE-ÝÜZ



***Salam Durmuş!***
***Men bir Taňry myhmanyň!***
***Ýüregimi kişde edip sermiş men.***
***Çyndyr saňa gyýa gözden bakmanym,***
***Ýaşaýyşa aşyk bolan derwüş men.***

# Terjimehala

Ýaşadykça uzar terjimehalyň,
Men näme ýazaryn ömür beýdime.
Günleriň şowhuny ýeňletmez halyň,
Şygyr ýazyp, ýaşap bolmaz beýdibem.

Bilýän, ömre mazmun goşmadygymy,
Ýaşap ýörendigmi gözlere damman.
Maňa ynam edip ýalňyşmadyňmy
Maňlaýa ýazgydym ýazaňda Allam?!

Pikirlerden özge ýer ýok gidere,
Bu göwräni ýükçi kimin daşadym.
Men özümi toplap bilmän bir ýere,
Tutuş ömri bölek-büçek ýaşadym.

Indem bakyp bilmän gözgyny ha:la,
Ony öz adymdan öçüräýmesem.
Men näme ýazaýyn terjimehala
Ýazan şygyrlarmy göçüräýmesem.



## Bilesim gelýär

Alysdan neneňsi görünýän, dogan,
Dälmi ýa men içgin synlanňa degýän?!
Gözleri äýnekli, saçlary ösgün,
Arzuwny yzyna düşürip gelýän

Oglan öňküler deý ýygra däl indi,
Kalby kisesi deý çöwrülip duran.
Söýgüsin gapjyk deý içinde gizläp,
Ol tüýs bir Mejnuna öwrülipdirem.

Günleň kölegesin ýaşap ýörşüne,
Kaşaň geýinmäge degenok eli.
Onuň aladaçyl gözlerne bakan,
Kalbynam hat deýin okaýar göni.

Ol hem hojalykçy kaka, häzirem
Işden geler, goşy – ýeralma, sogan...
Ol nähili adam?!
Bilesim gelýär.
...Men alysdan neneň görünýän, dogan?!



***

Haýsy kompozitor ýazdyka meni?!
Kalbym – nota, zybanym – saz guraly.
Ýüregim aýdyma zowladyberýär,
Içimde bir bagşy oturan ýaly…

Meni haýsy şahyr düzüp goýduka?!
Şygyr men sünnäläp ýazlan kagyza.
Söýgüsin kalbynda gizlän aşyklar,
Meni okap berýär söýen gyzyna…

Kimkä meni çeken?! Kim ol suratkeş?!
Çekipdir täsin bir söýgä meňzedip.
Indem aldygyna şygyr ýazýaryn,
Bilmän derýalar deý yşkym gowzadyp…

Kim ol şahyr, kompozitor, suratkeş,
Meni täze ýazan, döreden gurluş?!
Aýtsana durmuş!



## Öz-özüňi açmak

Menmi?
Içi jümşüldiden doly bir gursak,
Kapasada elewreýän ýürek men.
Yşka akylyny berip bir pursat,
Tebil tapan telbe — özgä gerekmez.

Joşup, hanasyna sygmadyk derýa,
Gözbaşyndan çogup gaýdan bir çeşme.
Ganat açyp, Arşa owsunyp barýan
Bir guş — gök asmana uçmaga teşne.

Sähel ýele uçup, gögi gujaklan
Ýaprak — ýaza çenli ýere düşmejek...
Kim men?! Heniz özüm bilemok çaklap,
Belki umytdyryn ýeke üýşmejik.

Ummana sygmadyk balykdyr göwnüm,
Owsunyp, kenara dikip gözüni.
Hristofor Kolumby bolup bu ömrüň,
Materik deý açaryn men özümi...



## Beýhuşlyk

Kenara urulyp,
kellesi ýarlan
tolkunlar özünden gidipdir, ine.
Asmanda gülküsi tutýan çypar Aý
Jyklap dur diňe.

Özün bilmän ýatyr däli derýa-da,
Her damjasy – deňziň üzlen ýüregi.
Gykuwlaşýar gökde uçýan çarlaklar
edip dilegi.

Barmagňy degirseň oýanjak häzir,
Uklap ýatan deňiz,
beýhuş deý ylla.
Asmana tiňkesin dikipdir suwlar,
Keşbini görmäge howlugýar Allaň!

Hakyň didaryny gören bu suwlar
asmandan gözlerin aýyrmaýarlar.
Şindi-şindem bagry üzüm-üzümdir,
deňiz-derýalaň...



# Ýürek sözi

Ýetirmez maksada ýarpy-ýartalyk,
Bolsak, bu ömürde doly bolalyň.
Özgelere «dogan boluň» diýmänkäk,
Ilki özmüz dogan ýaly bolalyň.

Ak sakgally ataň pendini tutuň,
Tarapdary boluň çyn hakykatyň,
Käte kötel ýolda agsaýan atyň,
Aýagynda demir naly bolalyň.

Doga ýaly keramat bar bu ilde,
Öýüňde özüňsiň soltan-da, han-da,
Biriniň dag ýarýan gülküsi däl-de,
Bir dertli biçäräň haly bolalyň.

Il-günüňe edip eliňde baryn,
Il bilen paýlaşyp ýüregiň ýagyn.
Iň bolmanda, bütin uly bir sanyň,
Gapdalynda duran noly bolalyň.

Ýürekden çykan söz gitmesin gury,
Ýüzmüzden ýagmasyn kyrk çilläň gary,
Jomartlykda bolup Hatamtaý ýaly,
Ýok, «ýaly» däl, edil özi bolalyň.

Ömrüňizi ýagşylykdan aýyrmaň,
Geziň, kynçylykda asla döwülmän,
Bu zemini gülzarlyga öwürýän,
Dünýäň kükräp gelen ýazy bolalyň.

Oýlandyňmy geljek-geçmişiň hakda,
Atalaň ýüregi bar bu gursakda,
Şu toprakda «Watan» diýip, ötsekde,
Geljek nesillerde diri bolalyň.

*(2006-njy ýyl)*

## Yhlas

Saçlarymy elim bilen daraklap,
Öýkenime sorýan şäher howasyn.
Günleriň öňünde özümi aklap,
Ýaşap ýörün ömrüň galan dowamyn.

Ylham ýüregime joş beren çagy,
Dadyma ýetişýär inçemik galam.
Şygryň humaryna aldyryp aňy,
Sizi ünsden düşürdimmi çagalam?!

Bu ömri eklenje berip, onsuzam
Tutdum men günleriň ýyrtyk ýakasyn.
...Şygyrlarym ýazylmaz men bolmasam,
Hem çagalam oňup bilmez kakasyz.

Durmuşda kem etmän joşgun-hyrujym,
Ähli dert-gaýgyny işläp ýeňýärin.
Gelinler dişlese gyňajyň ujun,
A men öz syrymy «dişläp» gelýärin.

Barybir, setirlem syrym paş eder,
Bilýän, munda sözleň ömre deňligin.
Belki şu günlere çenli ýaşadan
Yhlasym görkezer meniň kimligim...

## Gussaly gyza

Ýüz görülýän aýna bakma sen, uýam,
Kalbyň gözelligin bilmez ol açyp.
Durmuş keşbiňe däl, ýüregňe görä
eder ýoluň ýagty, bagtyňy açyk.

Bolsa bolsun ýüzüňdäki hal-menek,
Gyýylma gaşlaryn çytýan gedeme.
Biribar beýle-de birehim däldir
Seni bagtlylykdan mahrum edere.

Isleseň, kül-owram et-de aýnany
ýere ur, ýüregiň gyýylan wagty.
Aýnadaky keşbe berilýän bolsa
Birentek gözelleň çüwerdi bagty.

Aýna däl, kalbyňa, ýüregňe gara,
Ol seni aýna deý görkezer aýan.
Seň ýanyňda bagtly bolmak nämemiş,
Ýüz görülýän aýna ynanma uýam!



## Bir söz

Bir söz diýseň, sözüň ýaňsa alar kim?!
Sarpam bar iň kiçi, zer ýaly söze.
Şeýle bir söz bardyr:
«Salawmaleýkim!»
Ony goşawuçlap berýärin size...

Tanyşmy sen, ýada bolaý nätanyş,
Hoş söz üçin göwne kine alar kim?!
Öňde-soňda bizi dostlaşdyrjak zat —
Salawmaleýkim!



## Arzuw

Gözleriňde gördüm naçar ýüregiň,
«Salam» diýip, elin uzadan uýam!
Mähir isläp, saňa tarap ýöredim,
«Salam» diýip, elin uzadan uýam!

Durmuş jigeriňde goýsa-da kän yz,
Ony ýeňip geçen kämildir, kämil.
Neneň saklap bildiň kalbyňy tämiz,
«Salam» diýip, elin uzadan uýam?!

Gözleň – tutuş dünýäň göwheri-lagly,
Isleýän şol gözleň şatlyk görmegni,
Hasrat saňa batyrmasyn barmagny,
«Salam» diýip, elin uzadan uýam!

Ykbal kime bagt, hasrat, gör, kime,
Päkligiň görk goşar dünýäň görküne,
Ýüregňi-de uzadaýma her kime,
«Salam» diýip, elin uzadan uýam!

Arzuwam, umydam... gerekdir weli,
Päk söýgi – durmuşyň iň ajap güli,
Saňa uzamasyn göribiň eli,
«Salam» diýip, elin uzadan uýam!

Kalbyň meňzeş Güne, arzuwlaň – ak guw,
Ýüregiň – çyrpynýan deňizdäki luw,
Men saňa päk durmuş edýärin arzuw,
«Salam» diýip, elin uzadan uýam!

# Ýalňyzlyk

Käteler sygamok bu giň dünýä men,
Ýalňyzdygma indi-indi düşünýän.
Özüm bilmän gezen eken düňle men,
Bu dünýäde ýekeligme düşünmän.

Nämedenkä, käte boşap dünýeler,
Galan ýaly bir çümmejek duýgusyz.
Ynamsyz ýaşamak kyn düşýän borly,
Galkynýarka dünýäň durky söýgüden.

Indi aýralykdan gorkamok asyl,
Öwrenişdim, ýeke-ýalňyz galmakdan.
...Käte pikirlerim ýalňyz goýýarlar,
Hemem halas edýär ýalňyz bolmakdan.

*(2007-nji ýyl)*



# Ykbaldaş

Ýalňyz özi ösüp otyr melleginň
gyrmançaly,
gök çaýyrly boýunda.
Hiç kim oňa esetmändir asylam,
Otyr ýalňyzlygy alyp boýunna.

Ýapraklary saralypdyr bireýýäm,
Gülleri baldakdan gaçypdyr onuň.
Güli barka,
gelmändirler görmäge,
Hiç kim onuň alyp durmandyr deňin.

Nämüçindir, gözüm gitdi ol güle,
Hasraty ýüregme çöken ekeni.
Gözüm dikip synlap duran şol gülüm,
Ykbalyma juda meňzeş ekeni...

*(2009-njy ýyl)*



## Dalaşgäriň synagdan öňki howsalasy

Eje, maňa birazajyk çörek ber,
Bir kesemen çörek,
                              ýüregim gyssa
çöregiňi ysgap köşeşer ýaly,
Hem güýç berer ýaly maňa kän esse.

Bilýän dogalarmy sanap gideýin,
Dilde däl, tumar deý boýnumdan asyp.
Ýekeje gezeklik öp meni, eje,
Synagdan ýykylman galaýyn asyl.

Häzir maňa islegimçe dynç beriň,
Agşamna kän ýumulmady gözlerim.
Sorag belgisini unudyp bilmän,
Uzak gije şol bolupdy gözlegim.

Indem ýatanymy ýatlap bilemok,
Süzülen gözlermi owkalap durun.
Gör-ä, çep gözümem çekýär şu mahal,
Belki okuw jaýyň talyby borun.

Häzir howsalanyň zerurlygy ýok,
Ikä derek bire dönsün ýürekler.
Mydam ýoldaş bolar ýaly ýanyma,
Eje, maňa bir kesemen çörek ber...





## Bagyşla, eje!

Şygyr ýazman, saňa aýtmalydym men
Şu günlere çenli aýdyp bilmedik
hem aýdyp bilmejek sözlerim eje!
Mendäki hut seniň gözleriň eje!
Gar-ýagyşa dözsem-de men özümi
Saňa asla dözmedim, eje!
Men — dözmeziň, eje!

Menmi? Men — galama ýapyşan ogluň
içinde bäş jigerbendiň, perzendiň.
Eje, gursagyma şänik deý oklap,
Ýürek diýlen neneň, niçik zat berdiň?!
Sähel zada ejizläp dur gozgasaň,
Kalbym apy-tupan, beýnim gozgalaň,
Ol ýürege neneň edip döz gelem?!

Sähratap kalbymy göge uçuryp,
Şygryýete orun berip törümden.
Indem senden alyslarda, uzakda,
Özbaşyma goşgy ýazyp ýörün men.

Bir gün kalba salyp umyt-arzuwym,
Bararyn garaşman çagyraryňa...
Seň söýgi-mähirden gursagma salan
ýüregňi geçirdim çagalaryma.

Söýüp seniň beren ýüregiň bilen,
Gaýtalap kakamyň merd-u-dogmuny.
Söýgüden başga zat berip bilmedik,
Gözleriňden uçan uly ogluňy,
Ara wagt düşse-de, ötse-de niçe,
Bagyşla, eje!

## Galamdaş dostuma

*(K. Rejebowa)*

Ömri şygyr bilen bezemek isläp,
Ýaşadyk özümiz şygyr, heň bolup.
Şöhraty däl, şahyrlygy höwesläp,
Gezdik özgeler deý joşup, hiňlenip.

Goşgy ýazdyk, aň etmedik soňuny,
Şeýdip, derdimizem ýeňäýen ýaly.
Şygyrýet köýnek däl, geýip, soň ony
Egniňden çykaryp zyňaýar ýaly.

Ýeri, başyň alyp gidersiň nirä?!
Ýol, duralga, iş, öý... – durşuna şygyr.
Sowuk gijelere maňlaýy diräp,
Gözledik, agtardyk täzeçe pikir.

Pikrimizden uzyn geldi bu durmuş,
Başgaça ýaşadyk arzuwlarmyzdan.
Günler – çözmesi kyn tapmaça, gurluş,
Olar jogabyny hantama bizden.

Günleriň gözünde galgan sa:lgym men,
Ýüregim düşnüksiz ahmyrdan doly.
Eşigmiň ýyrtygna utanmandym men,
Gowşak goşgularma utanşym ýaly.

Ömürden däl, wagtdan has öňe gitdik,
Dost diýip, köpleriň elini gysdym.
Şatlygy däl, derdem deň bölüşjekdik,
Biz muny başaryp bildikmi dostum?!
Aýtsana dostum!

## Deňiz we gyz

Ine, deňiz, barmak basara ýer ýok,
Kenar iç-içine sygman güwleýär.
Asmanyň döşünde uçýan çarlaklar
Bir zat gürleýär.

Kenaryň öz derdi özüne ýetik,
Tolkunlary kowup-kowup ýadapdyr.
Üst-başyn öl-myžžyk eden gamyşlar,
Başyn salyp dur.

Topugny kenara ogşadan bir gyz,
Her gün deňze gelip, ýüregni dökýär.
Şol pursat deňziňem süňňi gowşaýar,
Tapyşýar Gök-Ýer.

...Ine, säher.
                Deňiz yşka düşüpdir,
Bu gün gyz gelmändir...
                      geljekdir ertir!
Garaşyp, ýüregi üzülen deňiz
Suw bolup ýatyr.



## Guýy

Guýa gaçan asman saňňyldap ýatyr,
Yranyp otyr suw çala tisginse.
Görjek bolýan ýaly, saçlary ösgün
leýlisaçlar egilşip dur üstünde.

Ýeriň göbegi deý çuňňur bu guýa
Bir gyz alyp gelýär ýüpli bedresin.
Ol guýudan suw däl, çekip çykarar
Öz arzuw-umydyn, isleg-höwesin.

Pyşyrda gulagny üşerden asman
Eşdip bilmez gyzyň ýürek sesini.
Için tutup galar usurgan guýy,
Gyz göterip gider suw bedresini.

Gije guýa özün oklan Aý-ýyldyz
Ümsüm uka gider suwuň ýüzünde.
Diňe gyzyň pyşyrdysyn eşiden
Tisginip ýatar suw guýyň düýbünde...



## Düşünmek

Gör-ä, asman dil açyplar güwleýär,
Söýgiň gudrat-keremdigne düşündim.
Arzuw bolup kalba siňen hüwdüleň
Bize ganat berendigne düşündim.

Halallyk dile däl, ornasyn gana,
Goňşy-golam bilen boluň dostana,
Bu ömrüni ýagşylyga besläne,
Hudaýyň-da ýardygyna düşündim.

Diýýärler söýgüdir duýgulaň beýgi,
Rastdyr, adamy-da döreden söýgi,
Göwräm il-günümden bolsa-da aýry,
Ýüregimiň birdigine düşündim.

Her bir sözi keramata deňelen,
Söýüp, bagra basyp, käbäm diýilen,
Günämizi bagyşlaýan eneleň
Ýüreginiň ýazdygyna düşündim.

Unutma, toprakda ärleň ýatanyn,
Bu topraga gyrmyz ganyn gatanyn,
Ýow güni atlanan Keýmir atamyň
Şir ýürekli ärdigine düşündim.

Ýagşylykda geçse aýdyr günlerim,
Ýaşap ýörsem, tirip dünýäň güllerin,
Kerwen gurap geçip giden ýyllaryň
Ertirime ýardygyna düşündim.

Kynlyk bilen geçilendir bu ýollar,
Topraga saçylyp gyrmyzy ganlar,
Hak nazaryn salan mähriban illeň
Mertebeli ildigine düşündim.

# Heýkeliň öňünde

*(Magtymguly Pyragynyň heýkeliniň öňündäki pikirler)*

Gara daşyň garalyp dur,  Pyragy!
Doňan daşda gymyldy ýok, yrgy ýok.
Gelen geçýär,
            sen ünssüz deý, Pyragy
Öňüňde keserip ýatyr arly ýol.

Göreçlere dikilipdir nazaryň,
Seniň bilen has gadyrly adamlar.
Seýilgähde dynç alýarlar keýp edip,
Soňam saňa bägül goýup gaýdarlar.

Dünýe dursa durar gara da:şyň-da,
Saňa baş egerler geljek nesiller.
Saňa bir da:ş, gara heýkel diýmeris,
Hormatymyz barha güýjär, kesilmez.

Sen şeýle bir meňzeş eziz Pyraga,
Dursuň, ynha, sessiz aýdyp sözüňi.
Adamlar-da saňa ynanypdyrlar,
Seni görsek, gören ýaly özüni...



## Göroglynyň Gyrata ýüzlenişi

Gyrat, ine, Araz çaýy öňüňde,
Bir gamçy-da çalmaýyn men sagry:ňa.
Ganatyňy aç-da, göteril göge,
Goý, guşlaram düşünmesin salgy:ňa.

Zorluk edebilmen söze düşýärkäň,
Ýürek etmez saňa gamçy çalmaga.
Şu güne çen ony ulanmandym men,
Sözüm ýeterlik bo:r göge galmaga.

Ynjydyp, nähak söz diýmedim saňa,
Diýen bolsam, goý, gapylsyn garagym.
Uç sen, ýene birje gezek uçmaly,
Alnyňda çaý, aňyrsynda Garagum.

Sen at däl, behiştden inen meleksiň,
Bilýärsiň-ä, gök asmany guçup sen.
Uçmaly sen, diňe şonda meni-de
halas edip bilersiň bu uçutdan.



## Duralgadaky gyza

Egniňdäki köýnegiň deý sada bol,
Owadan bol başyňdaky ýaglyk deý.
Bezege mätäç däl gözelligiň hem,
Paý alypsyň ýaza kybap barlykdan.

Owadandyr güller tebigy bolsa,
Gözeldir saçlaryn çözse leýlisaç.
Diňe bezelýändir jansyz gurjaklar,
Sen welin jansyz däl, hem däl oýnawaç.

Zerur däl teniňe syrlaşyp duran
Köýnek ýa ökjesi uzyn köwüş hem.
Utulmarsyň, artyk gözelligiňi
Pespällige, sadalyga çalyşsaň...



## Gyş geldi, eje!

Sowukdan ýygryldy agaçlaň egni,
Ýene bir ýyl ömri agraldy daglaň.
Üşäp ýaşyl reňki solan ýapraklaň
Ykbalyna bu gün kim gyýlar, aglar?!

Ömri has gysgalýar gündizne Günüň,
Bagryna çen doňýar aýly gijeler.
Eje, bu günlerde  bagra bas meni,
Belki üşek ogluň giňär, ynjalar...

Gije aýaklarny uzyn sallan Aý,
Gögi ýorgan edip ýassanýar, ine.
Bulduň gözlerinden akan ak garlar,
Saçyňa ýagypdyr, eje, bak siňe.

...Ine-de, gyş geldi.
                    Gögi gujaklan
Tylla Günüň barha köşeşýär demi.
Bu aýazly gyşdan has beter, eje,
Saçyňdaky ak gar üşedýär meni...



## Ykbala

Ejizlesem, maňa däl-de,
Umytlarma dem berewer.
Soňy gelmez agyr ýolda,
Hasratymy soň berewer.

Mähir ber, hiç ganmam bolmaz,
Kalba kine salmam bolmaz,
Näme berseň, dänmäm bolmaz,
Ynsabymy öň berewer.

Bagty gelen saýylsamam,
Hasratyňa kaýyldymam,
Bilmän, käte käýinsemem,
Ýazgydyma ten berewer.

Ejizligi goýman golda,
Her bir işde şow ber, golda!
Bagt berseň, aýry däl-de,
Il-gün bilen jem berewer.



## Talyp bolan günüm

Ine, talyp boldum,
ynanýarmysyň,
Ynanmasy has kyn ynanmazlykdan.
Edebiýat, dil, taryh... – başym sämäp dur,
Öň ýykylan ekenim ynamsyzlykdan.

Men — talyp, elimde gara ýantorbam,
Talyp güwähatym goltuk jübimde.
Ýüzümde-de gulagma çen ýylgyryş,
Ähli adamlar hem dogan-jigiň deý.

Akgaýma tahýam bar belent başymda,
Dünýäme ak Gün deý dogaýjak bolýar.
Begenjimi ýere-göge aldyrman,
Ony Aý deňinde goýaýjak bolýan.

Men — talyp, gursagym arzuwdan doly,
Kiselemden bagt çogýar lomaýlap.
Göwnüme, boýumam biraz ösüpdir,
Okuwlarym gelensoň has golaýlap.

Ine, talyp boldum,
ynanýarmysyň,
Hem bir oglanjygyň atasy boldum.
Öňler talyplyga, soňam ogluma,
Şeýle bir, şeýle bir ýetesim geldi...

*(2009-njy ýyl)*

# Ogluma

Seni has-da söýgülejek ejeň bar,
Siňip gitjek seň gözleriň agyna.
Seni bagra basyp, doýup bilmänsoň
Berenok ol sallançagnyň bagynam.

Seň geleniň juda gowy bolaýdy,
Gerek eken bize perzent söýgüsi.
Dilinden düşürmän guwanyp ýören
Eneň-atań kändir saňa öwgüsi.

Gijesine oýandyrýar jägildiň,
Köp aglatmak ýokdur asla kadada.
Seni birem düşüremok elimden
Käte ejeň göteripjik ýadasa.

Ýaňagyňda çukanagyň yzy bar,
Maňa meňzeşligňi geňlemäýinmi?!
Men özüm bolmakdan ýadadym, oglum,
Meniň özüm saňa meňzeýän indi...



## Täze ýylda okalan goşgy

Arzuwlaryň ýyldyz edip seç göge,
Umyt ýüregiňde ýarsyn şinesin.
Asmanda dogan Gün, gel-de, geç töre,
Saýrak guşlaň, goý, ýüregi giňesin.

Günler şatlygmyza bolsun sebäpkär,
Her ojaga ýylgyrjaklap bagt dolsun.
Göwnüň göge galmagyna sebäp kän,
Bir-birege mähir, söýgi nagt bolsun.

Boýumyzy deňläp bagtyň boýuna,
Ak ýollara alyp gitsin ädimler.
...Gursagyna ýyldyz bary goýulan
Arçalar — bagtyna meňzeş adamlaň.

Ruhumyza juda golaý bu ýyllar,
Ömürlere şatlyk nury sepilen.
Gel, arzuw edeli,
köňül ýylynar,
Dosta sary açyk dursun gapylar.

Her bir öýde şatlyk, gülki bol bolsun,
Aýdalyň biz bagtyýarlyk nagmasyn.
Täze ýyl şeýle bir şowly ýyl bolsun,
Goý, arzuwlar hasyl bolman galmasyn!

## Enemiň islegi

Hol-ha, enem okarasyn gujaklap,
Ýugrup otyr çöreginiň hamyryn.
Bize bakyp diýýär: «Toý etsem, ine,
Toýda-da hamyry özüm ýugyryn».

Isleginçe toýy tutarys käbäm,
Seniň gül sözleriň oňlanar diňe.
Eger öňde-soňda diňlenjek bolsa,
Enäniň sözleri diňlener diňe.

...Çaga ýaly häsýeti bu enemiň,
Etjek bolar ähli işi bir özi.
Gözlerinden mähir çogan enäniň
Aýdan-aýtjak sözleri-de bal özi.

Unly kersenine bagryny basyp,
Ýugrup otyr arzuwlarny ýüregiň.
Hem diýýär: «Ogullam, özüm ýugurjak,
Toýňuzda-da hamyryny çöregiň».

*(2007-nji ýyl)*



## Enäniň söweşdäki ogluna haty

«Salam oglum,
salamyny ýollaýan
bu seň gara bagry «suw» bolan eneň.
«Gelerin» diýp, ýapyp giden gapyňy
kakarsyň, belki-de açarsyň ýenem.

Gapysyn ýapanlar açdy gapysyn,
Açylman galany iňňildäp galdy.
... Wiý, arada dostuň geldi uruşdan,
Seniň welin gaýtmak hyýalyň barmy?!

Kän garaşdyk,
garaşdyryp bildiň-ä,
Göreçlermiz doňup galdy gapyda.
Begençli habar bar: seň ogluň boldy,
Gelseň, ýene saňa buşlan tapylar.

Biz gurgun,
alada galmagyn oglum,
Ogluňam kemşerip agynjak özüň.
Umyt edip «Ýeňiş» goýduk adyna,
Dünýä indi seniň doglanja ýazyň.

...Ine, ýeňdik.
Ýeňiş biziňki boldy,
Eýesiz ojaklar boldy eýeli.
Ýeňişli günlerem görmek bar eken,
Ýöne beýle garaşdyrma eneňi.

Ýa oglum gelmäge çekinip ýörmüň,
Şikes barmy bedeniňde, teniňde?!

Zyýany ýok,
gelseň bolar ahbeti,
Begenjimiz dag aşardy geleňde.

Biz ýeňdik,
ýeňmäge ynammyz uly,
Garaşdyk ençe gün, kän sene, oglum!
Ýöne sen öýmüze ýeňiş getirip,
Gelsene oglum!».



## Esger jigime hat

*(Jigim Aýmyrada)*

«...Geýen köýnegiňi ýuwanok ejem,
Ysyň alsa, ýanynda deý görýär ol.
«Gyşda üşemesin aýagy» diýip,
Şu günlerem saňa jorap örýär ol.

Ýazan hatlaryňy goýanok elden,
Ýüreginiň iň çuňunda «gizlengi».
«El yzy bar» diýip sypalap, sermäp,
Okap berýär degişmeli sözleriňi.

Janymyz sag,
                    daşy ýarýar keýpimiz,
Öňküler deý kän aglanok ejem-de.
Wagt geçensoň düşünilýär bar zada,
Bilnip durmaz ýene salym geçende.

Indi-hä sen ýanymyzda bar ýaly,
Isläp seniň geljek Günüň dogaryn.
Bizi gaýgy etme,
                    diňe sen kemsiň,
Salam bilen haty ýazan Doganyň!».

*(2008-njy ýyl)*



## Okyjylaryma

Aram-aram okap görüň meni-de,
Göwnüňize ýaramasa aýyryň.
Ýöne beýdip dymyp durmaň siz beri
Goşgularmy ýele-göge sowuryň.
Goý, galmasyn ady-sory olaryň,
Hiç salmasyn ýüregňize yzany,
Mende galsyn onuň beren azaby,
Ýüregime dökülse-de azary,
Razy!

Kemçiligmi ýüze basyň, çekinmäň,
Utanjymdan ýüzüm-gözüm gyzarsyn.
Belki, onsoň ýazmagymy taşlaryn,
Gaýdyp beýle pişä başym goşmaýyn.
Ýetirmezim ýaly Size ahymy,
Dymyp durmaň, bir zat diýiň ahyry!

*(2008-nji ýyl)*





# SÖÝGINIŇ JÜMMÜŞINDE



***Söýgi bilen dem alýarka öýkenim,***
***Höwesimdir üst-başymy tämizlän.***
***Däldir bu yşk meniň ýalňyşym, kemim,***
***Söýmedikler munda asla kämil däl.***

## Ýara ýüzlenme

Bir dem aladaňy pitikläp goýber,
Üfläp goýber sere üýşen pikiriň.
Satyp bolmaz başyňdaky derdiňi,
Ol seni ir-u-giç ýüpsüz kökerer.

Biz satyn almadyk derdi,
onsoňam
Artykmaç zatlaram başa towky bor.
Ýapyp bolmaz ýetmeziňi el bilen,
Sen gyssanma, ähli zatlaň gowsy bor.

Ökjäňi galdyryp uly bolnanok,
Hiç kimiň ýetenok eli Aýa-da.
Geljek günleriňe sabyrly gara,
Ertiriňe güýjüň, gurbuň aýa-da.

Öz başymyň gaýgysy ýok beýnimde,
Ony owurt suw deý ýuwdup goýberýän.
Geçen günler geçip gidýär salgym deý,
Ertir hem şu güne gaýdyp goýbermez.

Günler ynamyňa ynamyn goşsun,
Bagtsyz galjagyňa ynanma, ýarym!
Kosmonawtlar Aýy elläp gaýdansoň,
Men bagtsyzlygyma ynanmaýaryn...

# Wasp

Agyr düşýär sen hakdaky goşgulam,
Ýazylýança bagry suw bor setirleň.
Gijeleriň içi tütär, ot alar,
Geçer gider bilmän waspyň ýetirbem.

Duýgularmyň başy çaşar, towlanar,
Ýüregime ot syçradar pikirler.
«Sen hakynda ýazmak näme gerekdi?!»
Göýä gökde Günem güler, kikirdär.

Bolsa bolsun,
                    tapylar bir alajy,
Ýanaryn, sowa:ryn, ýazylar beýdim.
Şygyrly günlerem kän durmaz başda,
Onsoň men-de sowaryn,
                              gitmerin beýdip.

Goý, kagyza siňsin «gyzgyny» barka,
Için döksün, der dökşi deý bedenim.
Goý, saňa içimi dökmän galmaýyn,
Onsoň başym alyp çöle giderin...

Onsoň içim sowar, ýürek sowaşar,
Hernä ykbal ýolum petiklemändir.
Ýanyp, sowap,
        ýene ýanyp ýazanlam,
Gör-ä, seň waspyňa ýetip bilmändir...



# Hatlaryň

Ýadymda, her hatyň ýazlan senesi,
Kirpigiňe meňzeş her ters oturam.
Üç nokatlaň meni oda atýardy,
Her sözlemiň düýpsüz guýa iteren.

Peýkammydy hatar-hatar setirleň,
Gelip, ýüregime çümdi oklary.
Gitdi jigerimi ikä bölüp ol,
Şondan bäri ne-hä aglap bilýärin,
Ne-de içim tutup bilýän gülübem.

Süýnen ýyldyz deýin otlap yşkymy,
Nagyşlanan, sünnälenip bellenen
her bir harpyň, goýan her ters oturyň.
Başym tutup, başujunda oturyp
geçirdim, günäsiz ötdi günlerim.
Seniň her harpyňy ýatdan bilmegim
mejbur etdi,
Mejnun etdi ol meni.
Telbe bolup, seň sözlerňe uýdum men,
Sebäbi...
sebäbi seni söýdüm men.
Aýdaýyn her harpyň soňuna çenli,
Edil iki bölegi deý almanyň.
Çünki seň eliňden çykan hatlary
kagyza däl, kalba ýazyp alýaryn...





***

Seni maňa ýatladyp dur hemişe,
Seniň maňa ýazyp giden hatlaryň.
Okap, ýüregimi ezip oturýan,
Sypalap, sermeläp onuň gatlaryn,
Her sözünden tapyp soňsuz şatlygym.
Ýüregime basyp, myncgalap haty,
Berýär az-kem bu göwnüme teselli,
Eşdip ýörmesemem seniň sesiňni,
Olar seniň sesiň gaýtalap berýär,
Ot alan ýüregmi ýelpeläp berýär.
Soňky pursat, şol göwnümi gandyrjak,
Ellerimden tutup meni galdyrjak.
Ondaky derýa deý daşgynly söýgiň –
Ýaryp hanalaryn, ýaryp gatlagyn,
Seniň maňa ýazyp giden hatlaryň,
Öldürjek!
Öldürjek!
Öldürjek!



## Mejnunyň sözi

Lebden çykan posalarym «Leýli» diýr,
Meni ilden kowsalaram,
«Leýli» diýr
pyşyrdylam, hat-da sessiz dymşym-da,
Çünki ruhum diňe Leýlä meýl eder.

Çöl-beýewan — söwer ýaryň gujagy,
Meniň jigerimi ýakandyr Leýli.
Asman — onuň ýüz görülýän aýnasy,
Ol aýnadan maňa bakandyr Leýli.

Ýüregmiň howry deý gyzgyn çägesi,
Çöl — watanym, meniň gaçybatalgam.
Watanymdyr onuň dem alýan ýeri,
Ol ýerlere nädip başym atarkam?!

Ýüregmi jigleden söz — bu Leýlidir,
Aýralygyň ikisini çekýärin.
Ýardan goýup, aýyrdylar Watandan,
Neneň onsoň men çöllere çykmaýyn?!



## Surat albomy

Surat enjamy deý gyrpyldy gabak,
Gözler seniň suratyňy düşürdi.
Gabaklarym bilen ýygnap, soň ony
albom deýin göz öňümde üýşürdim.

Ine, bu suratda eýjejik gülşüň,
näziň, mähriň... bir pursada sygyp dur.
Allam, seni diýseň kämil ýasapdyr,
Kirpikleriň towy Aýa degip dur.

Ýakma sen, ýakyşyň ýatlap goýaryn,
Örtäber, örteýşiň janyma batar.
Kirpikleňden maňa eseden çagyň,
Garaýşyň ir-u-giç başyma ýeter.

Ýyrtyp bolmaz hakydamdan suraty,
Sen mydama menden ar almak bilen.
Söýgiň, näziň, mähriň... ýygnap goýaryn,
Göreçlerim bilen, gabaklam bilen.



## Sen sorama

«Söýgi näme?!» diýip sorama menden,
Sorama niçiksi ýoldugyn yşkyň!
Onuň saňa juda meňzäni üçin,
Perwana deý seniň yşkyňa düşdüm.

«Bagt näme?» diýip sorama menden,
Sorama neneňsi zatdygyn oýlap.
Men bir perişde däl, eger bolaýsam
Senden gowusyny bilmezdim saýlap.

Gözleň söýgiň suratydyr, aslynda,
Bagtyň keşbi ýylgyrşyňda jemlenen.
Meniň irde-giçde bagta garaýşym,
Sen hakdaky pikirlerme deň geler.

Ýanyňdakam, asyl, sen ýanymdakaň,
Nämä gerek meni çekmek soraga?!
Söýgim — bagtym, bagtym bolsa söýgimdir,
Menden olaň nämedigin sorama...



## Umyt

Bu köňül — çyrasy öçürlen otag,
Umyt gerek yşygyny ýakara.
Ömrüň gädiginden saňa sereden
günler meni öwürdi bir bahara.

Seni söýüp, ömrüm sowup gutardym,
Günler kisämdäki gara şaýydyr.
Yşksyran kalbyňy görgä sokup sen
Ýaşamanyň belki has-da gowudyr.

Söýdüm men, bu eden ýalňyşlygymy
Düzedip bilmerin ötinçä ömrüm.
Gaýta her gün söýüp ýalňyşdygymça
Artdy hyjuwlarym, takadym, sabrym.

Suw sepildi ýüregimiň oduna,
Soň ýene täzeden ýanyp başladym.
Saňa duşup, juda ýaňra boldum men,
Öň dymma ýigitdim, öň men başgadym.

Ömrümi ýaprak deý düşürip duran
günleriň gözümden akyşyn gör-ä.
Haýyşym, manat deý sowulan ýyllaň
gaýtargysyna sen ömrüňi beräý!





## Täzeleniş

Seni söýüp, ömri goýdum girewne,
Ýaşap ýörün arzuwlardan daşda men.
Öwürdim men seni dünýäň diregne,
Indi dünýä başga, menem başga men.

Seni söýüp, ýaşadym has başgaça,
Durmuşymy pikirlem deý tertipläp.
Indi köwşüm boýap, reňk berip saça,
Eşiklermem geýýän saýlap, pitikläp.

Geýimlem deý özgerdi haý-höwesim,
Göz öňümde bagtly geljek ýaýyldy.
Bagtam onsoň ýüz bermese bermesin,
Seniň üçin ähli zada taýyndym.

Ýüzüm ýakdy söýgiň ýalyny, howry,
Sen menden täzeçe adam döretdiň.
Maňa sowgat berdiň täze bir ömri,
Hemem nädip ýaşamagy öwretdiň.



## Telefon we sen

Gözüň galdyr, kalba ýyldyrym düşsün,
Nazar aýla, yşkym ýansyn gaýtadan.
Gözleriňi sowma, şol gözler dälmi
Meni ähli dert-beladan gaýtaran.

Gabagyňy galdyr, gül açsyn jiger,
Güllemek kyn däldir bir däne üçin.
Sen bolsa ýüz sowman telefonuňdan
Ondan gözüň aýyrmaýaň nämüçin?!

Ah, şu telefonuň... şol dälmi meniň
Kalbyma dyngysyz çümdüren tiken.
Asyl görsem, seň gözleriň ondaky
Meniň suratyma bakyp dur eken.



## Kenarda

Gözüne gan öýen şapak,
Günbatardan sallananda.
Kenarda ýadaw tolkunlar,
Deňziň başna a:l salanda.

Gijelik öz agras süňňün
Üstüne taşlady deňziň.
Şol pursat kenar çolardy,
Asman hem dymdy birgeňsi.

Gijelik ýumdy gözlerin,
Aý hem ukudady heniz.
... Şonda hiç kese bildirmän,
Suwa düşdi bir gözel gyz.

Deňziň birden süňňi süýjäp,
Essi aýylan ýaly boldy.
Daşa urulan tolkunlaň
Başy ýarlan ýaly boldy.

Demin ýuwdan ýaly asman,
Baglar, guşlar... ses etmedi.
Emma gyz kümüşsöw suwa
düşmegini bes etmedi.

Gyz gidäýse,
bo:rdy kenar
suw balygyn ýitren ýaly.
Deňziň jany gyl üstünde
hallan atyp durdy häli.

... Birden gyz çala tisgindi,
Duýan ýaly bir pyşyrdy.
Suw goýnuny terk etdi gyz
Ümsümlik ony ýygşyrdy.

Ikiýan urundy deňiz,
Tutup gögüň ezenegin.
... Gyz deňziň däl,
gijeligiň
galpyldysyn syzan eken...



# Ýar, ýar

*(Halk äheňinde)*

Sen gelip, bu göwnümiň,
Ýazy bolduň, ýar, ýar.
Sekiz jennet diýleniň,
Özi bolduň, ýar, ýar.

Hasrat boldy her günüm,
Söýýänligmi bilginiň,
Sen eýesiz köňlümiň,
Hany bolduň, ýar, ýar.

Şindem edýärsiň oýun,
Men saňa boldum boýun,
Söýgiň gursakda goýan
Közi bolduň, ýar, ýar.

Söýgüm senden başlanar,
Sensiz menzil aşmanam,
Köňlüm içre taşlanan
Däri bolduň, ýar, ýar.

Aý-gün geçdigi saýy,
Artýar başymyň «gary»
Umydym, bagtym... bary—
Bary bolduň, ýar, ýar.

Sen mydama göwnümde,
Ertirimde, düýnümde,
Ah, ugruňda, ugruňda,
Däli boldum, ýar, ýar.

*(2007-njy ýyl)*

## Gündelik

Ýüregiň reňki deý gyzyl gündelik,
Ine, öňümde dur açyp «ýüregni».
Ony okadykça, gyzdy duluklam,
Gündelikden susup aldym geregmi.

Ýüregiňi açyp berdi ol maňa,
Duran ýaly boldum seniň öňüňde.
Gündeligňi bilmän goýup gidipsiň,
Goýdum menem ony taşlan ýeriňde.

Men nirden bileýin, şu güne çenli
meni söýýänligňi gizläp ýörenňi.
Ony gündelikden bildim men şu gün,
Öýkelärsiň, bilseň okap görenmi.

Bilmedim, men seniň gözleňden aňyp,
Ot deý ýanyp duran borly gursagyň.
Bir dilegim, hernä gündeligňi sen
bilgeşleýin goýup giden bolsadyň...



## Dünýäm

*«Gözleň kä ataş, käte*
*Jennet boldy-la, dünýäm!».*
**K.Rejebow**

Ot bolup basyldy ýyldyz gözleriň,
Ýüregimi erbet gysdy-la, dünýäm!
Seniň maňa garşy gezän kirpikleň,
Çykypdyr janymyň kastyna, dünýäm!

Sensiz gözel dünýäm görünýär solgun,
Sen gelip dünýäme Gün bolup gonduň,
Birje bakyşyňdan elendi kalbym,
Şindem gelip bilmän essime, dünýäm!

Her günüm bir ýyla, ömre deňeçer,
Sütem etmek diňe saňa gelişer,
Juda çökder boldy jebir berişiň,
Şonda-da seň mähriň yssy-la, dünýäm!

Sensiz dünýäň galmaz görki-gelşigem,
Seniň gujagyňda jennet görmüşem,
Ah, näz bilen bir eýjejik gülşüňem,
Durşy bilen şygyr kyssa-la, dünýäm!

Gijeden howlugyp sabaly daňa,
Men saňa ýetmäge howlugýan diňe,
«Söýýän» sözümi-de diýerin, ine,
Sen meni gyssama,
gyssama dünýäm!

## Talybyň haýyşy

Jaň kakýan gelneje, ýüregmi üzdüň,
Kakyp goýber bäş-on minut irrägem.
Gyzyň gözi ýolda,
duşuşyp soň men
ýetişmeli sapaklara girmäge.

Gyz ýüregi suw bolandyr, bilýärin.
Garaşmakdan belki tamasy üzler.
Begendirip goýber talyby-da sen,
Aşyk ýigit bolýar ekeni dözmez.

Egleme, aşygy ugrat ýoluna,
Gowşursyn ol gyza alan gülüni.
Gymmatlydyr häzir ýeke minut-da,
Towlap goýber ýa sagadyň dilini.

Belki şojagaz jaň bagtymy açar,
Ýa toýuma sebäp bolar jaň sesi.
Häzir welin saklama sen ýolumdan,
Bu söýgüde gelenok hiç ýeňlesim.

Jaň sesi ýüregmiň urgusy bolup
kakylsa, bir ýola bozulsa düzgün.
Häzir-ä hiç hili ses ýok, ümsümlik,
Jaň kakýan gelneje, ýüregm-ä üzdüň...



## Awtobusda

Awtobus ýöräp däl, uçup barýardy,
Ganaty-da gerilipdi guş ýaly.
Ýelgamak deý göterilen göwünler,
Asmany gujaklap, göge uçýardy.

Aýaklarym ýel berilen pökgi deý,
Men özümi diýseň ýeňil duýýaryn.
Eý, kirpigi keman, gözleri oklym,
Senem özüň edil men deý duýýarmyň?!

Gözleň garlawaç deý uçarly gördüm,
Göwnüme, ýylgyran ýaly ýaňagyň.
Şol pursat sen ýanymdakaň, emgenmän,
Aýlanardym dünýäň başdan aýagyn.

Guşlar depämizde ganatyn kakdy,
Penjireden Gün ýylgyrdy ýüzmüze.
Göýä bagtam söýgi pyýalasyny
dolduryp uzatdy bir däl, ýüz bize.

Arzuwlam gursaga sygmady şol gün,
Hyýallam asmany guçup barýardy.
Biz ýanaşyp durduk, awtobus bolsa
ýöräp däl, ganatlap uçup barýardy.

# Penjek

Sowuk howa aslyşyp dur,
Üçekleriň erňeginden.
Iki gumry gyslyşyp dur,
Gyş gününiň ýelgininde.

Sen: «Aldadym gelnejemi,
diýip «basym gelerin-le».
Diýdiň: «Gara penjegiňi,
Geý, indiki geleniňde».

Dostumyňky ol penjegem,
Bir günlüjek diläp aldym.
... Görmez ýaly hut gelnejeň
Seni oňa dolap aldym.

Häp-häzirem kibtiň gysyp,
Asylyp dursuň boýumdan.
Hem aglaýaň,
sesiň kesip
gülen bolýarsyň oýundan.

Bir gün sowuk ara düşüp,
Bir-birekden sowaşdyrdy.
Gör, seň bagtyň nirä düşüp,
Gaýry bir oba aşdyrdy?!

Sowap galdy gujagym-da,
Ornunda gün, ýeller örlän.
Sen özgäniň gujagynda,
Ýylysyny özge görýär.

Sen ömürlik gözden ýitdiň,
Aýtmadyň sen geljegiňem.
Iň bolmanda, görmän gitdiň
täze alan penjegimem...

## Bile düşülen surat

Egnimiz degirip düşdük surata,
Başy salyk leýlisaçlaň öňünde.
Ony synlamagy däbe öwürdim,
Käte göwnüm ejizlese, döwülse.

Oňatlyga ýorup geçen günleri,
Guwanýaryn bile düşülen kadra.
Gör-ä, bir-birege imrinipdiris,
Soň bile boljagmyz düşmändem ýada.

Ol güne öwünsem, guwansam-da men,
Däl söýgüsin ýapa degirip ýören.
Seni birçak gelinlige alsam-da,
Ol surata hälem begenip ýörün.

*(2008-nji ýyl)*



# Ukla indi

Ukla indi.
Asmanda Aý
gözlerini süzüp otyr.
Ýere degäýjek ak bulut,
Gökden umyt üzüp otyr.

Gijelik bi, başujuňy
Eýeläp bilmerin men kän.
Bilýän, ýazygym çökderdir,
Göwnüňe degipdim men kä.

Sen onsoň uklap bilmezdiň,
Gözüň ýaşly, jan-jigersiň,
Şonda-da gije ýorganmy
Üstüme örtüp gidersiň.

Ukla indi, gijeligem,
Barypdyr bir çene eýýäm.
Seň edişiň ýaly, menem
üstüňi örteýin Dünýäm!

Gowy boldy iç dökenim,
Syrym paş bolar, barybir.
Görjegimiz öňde entek,
Ýok biziň ahy-zarymyz.

Ukla indi, içimi men
Dökmän galmaýyn şu gije.
Şuş-şu pursat oýlanmaga
Mende döredi puryja.

Gözleriňi ýum birsellem,
Göwnüm gubara batypdyr.
Gör-ä, Aý göz süzüp otyr,
Ýyldyzlar eýýäm ýatypdyr...

## O ýana

*(Aýdymyň äheňinde)*

Söwer ýara habar gatdym,
Söz bu ýana, şert o ýana.
Derdime dep bor öýtdüm,
Dep bu ýana, dert o ýana.

Ak säherler daňa aşyk,
Yz hatarlar öňe aşyk,
Ah, ýüregim saňa aşyk,
Köz bu ýana, gert o ýana.

Dälireýip çöle çykdym,
Başym bilen bile çykdym,
Tebsiräpler güle bakdym,
Müşk bu ýana, burk o ýana.

Duş etmäwersin her kimi,
Aldy-la jandan erkimi,
Maňa şu günüm, ertemi?!
Erk bu ýana, örk o ýana.



## Gyzyň howsalasy

Symgylt şöhle aýnalary böwsüpdir,
Ýazlyp ýatyr gülli keçäň üstünde.
Gör-ä, bu gün täleý dürli öwsüp dur,
Bu ýagdaýlar ýazgytdymy, aslynda?!

Aýnaň symgylt şöhlesine gamaşan,
Bir gyz gözlerini süzýär çalaja.
Göýä soňsuz pikirlerde azaşan
gyz durdy öz hyýalynda çalajan.

Penjiräniň guk ýanynda, alkymlap,
Bir ýigit gyz bilen durdy ümleşip.
Gyzyň alkymyndan öwsüp altyn gar,
Gaşyn kakýar, bir zatlary gürleşip.

Şol ýigitdi gyzyň göwün bereni,
Onuň üçin geçjek şirin janyndan.
Şol jandan ezizläp söýüp ýöreni,
Bu gün aýrylmady özgäň ýanyndan.

Gyz kime ýetirip bilerdi ahyn?!
Derde başyn urmaga-da taýyndy.
Ol hut «Seni söýýän» diýipdi ahyr,
Ol ony asmanda ýyldyz saýypdy.

Symgylt şöhle penjireden serpildi,
Ýüzüň ýyldyp, gamaşdyrdy gözüňi.
Gyzyň ýüreginde galdy dert indi,
Gyz ondan keseläp, sowdy ýüzüni.

Bilmedi ol söýgiň hemmä deňdigin,
Aňşyrmady onuň wepadarlygnam.
Unudypdy ol gyz söýen ýigdiniň
bir naşyja gyz jigsiniň bardygnam...

## Meňzeşlik

Garşyňda Aý sallanjyrap näz edýär,
Ýüzüň bilen des-deň bolup dur Aý hem.
Oň şöhlesi jemalyňa bäs edýär,
Nuruňy dünýäme dynma-da ýaý sen.

Ýylgyrşyňa meňzeş Aýyň şekili,
Gijäniň garasyn alypdyr gözleň.
Sen hut Aýyň ekiz taýy ekeniň,
Muny menden başga bilenok özge.

Gülüşiňde gül bar eken, mähriban,
Ýylgyr, garşymyzda dogsun Günüm-de.
Öňküden has nurly borsuň, ähtimal,
Sen ýylgyryp ýörseň günüň-gününde.

Ýyldyzlar sen taýa ädýär ädimin,
Olar saňa tarap süýnmäge taýyn.
Men ýyldyzlar deýin süýnüp nädeýin,
Gaşymda ýylgyryp durka öz Aýym!



# Talyp gyza

*(Kursdaşyma)*

Sen owadan,
gyýk garaýşy garlawaç,
Nazaryň Arş sary uçaýjak göýä.
Ýaňaklaryň alma ýaly gyzaryp,
Bişip, sapagyndan gaçaýjak göýä.
Saňa bakan göwün göçäýjek göýä.

Gözleň – melek,
gabaklarňy perde edip,
Gizlenýärsiň kimden, eý, hüýr jemally?
Saňa sary uçan göwün nirede?
Saňa duşan bolarmy, heý, kemally?

Sözleň kebelek deý agzyňdan uçar,
Göçer telbe göwün, syry açylar.
Sen açary ýitirilen söýgümi?
Hany açary?

Sen — söýgiň açylan owadan güli,
Söýübermeli, ah, söýmeli niçik?
Aýt, açyk?
Ýaşyryp, dodakda güllän sözleri,
Ony dodagyňdan gaçyrarsyň sen
Haçan?

...Sen owadan,
düşünemok heniz men,
Saňa meňzäp, Gündogarda Gün dogsa,
Saňa meňzäp, Günbatarda Gün ýaşsa,
Aşsa, telbe göwün hetdinden aşsa,
Aýt sen, bir soragma jogap ber ozal,
Gökde Gün gözelmi ýa-da Aý gözel,
Aýt, gözel?!

# Saňa ýazlan hatlara

Size ýüregimi açyp ýaşadym,
Dökdüm gursagymyň içligne çenli.
Meniň arzuwlarym, hyýallam bilen
Asyl, siz pikirdeş bolara çemli.

Gijelerne size başym oýkaýan,
Gözüm syýa kylyp ýazýan daňa çen.
Ýazan däldir iň jepakeş, söýgüçil
aşyklaram hatlaryma deňeçer.

Siz – Puşkiniň haty ýaly uzakçyl,
Siz şahyryň duýgusy deý arassa.
Bes, sizdäki ýeke sözüm, bir harpym,
Gyz nazaryn aşygyna garatsa.

Ýaratsa syryna,
                gyz haty epläp,
torbasynyň iň çuňuna oklasa.
Razy, onsoň syrym açan gijeden,
Hem arzuwmy haty ýaly bukmasa.

Siz syrymy paş etdiňiz, aslynda,
Siz guýduňyz kalba zehin, baý gory.
Bu haty-da goşga salan, sünnälän,
Şol hatlaryň çepiksije awtory...



## Çäresiz

Gidip barýan,
ine, gidip barýaryn,
Islämok men saňa sary bakmagam.
Seň ýanyňda ýüzi alnansoň, men däl
durmazdy bir başy çaşan akmagam.

Başym salyp,
ýüzüm salyk gaýtdym men,
Yza dolanmaklyk şeýle bir kyndy.
Meger şonda saklan bolsaň öňürti,
Seň ýanyňda galmagym hem mümkindi.

Gaýtdym saňa ýüzüm sowup keseden,
Indi nämä haýry deger aglanyň?!
Bagyşla, çäresin tapyp bilmedim
Seň ýanyňda müdimilik galma:nyň...

(2008-nji ýyl)



## Kaýyllyk

Şowhunly öýleler boldy ikindi,
Biz birek-birege keseki, ýa:tdyk.
Geýilmän taşlanan köýnek deý indi,
Sen meniň kalbyma bereňok şatlyk.

Ýüregňi gyýmasyn inçejik gussa,
Nämä gerek bir-biregi örtemek?!
Käte kalbyň sojap, ýüregiň gyssa
Şatlan, öz janyňy ýakanňa derek.

Ýatlamalar bermez soňsuz şatlygy,
Gaýta olar seni irizer basym.
Sen maňa bagty däl, hut betbagtlygy
Bereniň üçinem taňryýalkasyn!

Ýaşa, ömür iki gezek ýaşalmaz,
Şat bol, gaýgy-gussa göwne kerepdir.
Ah, bagtly bolmagy kimler başarmaz,
Bagtsyzlyga welin gaýrat gerekdir.



## Göwünlik

Tozan ýokmadyk howany
Sorup durun öýkenime.
Eý, saçlary gara gijäm,
Sen bir menden öýkeleme.

Günleriň kalby ýaraly,
Ýürekde-de ýara, yz kän.
Söýdüm seni, bahar deýin
gözel hem nowjuwan gyzkaň.

Ynjyk göwnüň tapjak bolup,
Kem etmän taryp-öwginem.
Saňa berdim, çagalara
berip bilmedik söýgimem.

Durmuş hindi kinosy däl,
Çylşyrymly ol, aslynda.
Kä ondan rüstem geleris,
Kä geleris biz asgyn-da.

Bagtly bolup ýetişeris,
Ömür beýle çäkli däldir.
«Gören günüm ýok» diýip sen,
Igenmäge hakly dälsiň.

Bezäp bilsek söýgi bilen,
Bu günler aýdym-heňe deň.
Durmuşy, gözel ömri hem
tamamlarys biz deňe-deň.



## Bildiňmi?

Ýüregiňe düşündirip bolanok,
Seni çyndan söýýändigmi bildiňmi?!
Agyr hasratyňdan dynyp bilemok,
Söýgiň kalby gyýýandygny bildiňmi?!

Kän gezekler dogalarda dilenen,
Şeýdip, söýgiň ýürekleri dilinen,
Meni ýeke ýylgyryşyň bilenem,
Agyr derde goýýandygňy bildiňmi?!

Çydap bilmän görgüsine görgüleň,
Söýgüsinden geçýänleri gördügem,
Gelse, senden gelsin gaýgy-derdimem,
Seni ömrüm saýýandygmy bildiňmi?!

Durmuşda kän boldy,
                                        bolar ol entek —
Gyzyň söýgüsini gora hem erk et,
Ýokdur çyn söýgüde çekilen serhet,
Söýgiň maňa aýandygny bildiňmi?!

Sensiň söýgiň jümmüşinde ýer aljak,
Sensiz günler – tukat, dünýäm yranjak,
Aýdanlarym däldir oýun-oýunjak,
Ýüregimden diýýändigmi bildiňmi?!

*(2008-nji ýyl)*





# Gije

Gara saçlaryňa sümüldi gije,
Gözleriňe meňzär ýyldyzly asman.
Tüsse deý üstüňe döken saçyňy
ysgap, her gün seni bagryma basýan.

Ýylgyryş çaýylan ýaňaklaryňdan
Mähriň suw deý susup owurtlaýaryn.
Yşkyňda çirkizen arzuwlarymy
Indi ýele-göge sowurtma, ýarym!

Ýürege damanda inçejik ünji,
Bagtly bolmagyňa bermesin päsgel.
Söýgiňden akyly başyndan uçan
bagtyma öz yşkyň bilen sen bäs gel.

... Gara saçlaryňa dökülen gije
Gar deý agarmasyn. (Entekler ir-ä).
Seniň gözleriňe gaçan ýyldyz men,
Arzuwyň deý süýnüp gideýin nirä?!



# Ýagyş ýagan güni

Ýagyş ýagan güni. Aglady köçe,
Gör-ä, üst-başy-da ezlen süllümbaý.
Köçe hem-de jaýlar... diňe asmanda
Ezilmän, gizlenip otyr gülgün Aý!

Ýagyş ýagan güni aýagy gijän
ulaglar bir ýere howlugýardylar.
Utanyşyp, bir gyrada gyzaran
güller gunçasynyň böwrün ýardylar.

Ýagyş ýagan güni.
Hawa, şol güni
Asyl-ha, çykaryp bilmen ýadymdan.
Duralgada saýawansyz gözele
Ýer beripdim öz saýamdan, ýanymdan.

Ýadymda, näzijek dem alşyna çen,
Başyn salyp, utanjyrap durşy-da.
Bir söz diýseň, guş deý uçaýjak göýä,
Üýtgedi bu ýüregimiň urşy-da.

Şol pursat bagtlydym, ýagan damjalar
ýerde diriň-diriň bökjekleýärdi.
Göýä saýawanam öz saýasynda
Bize şatlyk, söýgi... wada berýärdi.

Sen gitdiň, şeýle bir aglady asman,
Telbe bolan yşgym essinden agdy.
Elim saýawanly, egnim öl-myžžyk
Şol gün ýagyş ýagdy, şeýle bir ýagdy...

## Gijä galynyp ýazylan goşgy

Gülgüne ýaglygyň galgadyp ýele,
Geçerdiň sen köçämiziň deňinden.
Ogurlyk edýän deý yzyňdan garap,
Aslyşyp zol ýygralygyň ýeňinden.

Saňa diýjek sözüm diýip bilmändim,
Her gezek yzyňdan galamda garap.
Näler islesemem söz gatmaklygy,
Aýaklam bilmändi garşyňa ýöräp.

Her gün irden geçeniňde şemal deý,
Gyrasy gül, ýakasyndan köçäniň.
Meňem şol bir bolşum — ysanok bognum,
...Bir günem ýapdylar biziň köçämiz.

Siziň gapyňyzda uly toý boldy,
Tans etdiler gyzlar-oglanlar üýşüp.
Şol gün gynanjyma eňräpdim menem,
Saklap bilmän gözden syrygan ýaşym.

Äkitdiler seni — gelnaljy bary,
Tozana gapgaryp öýleň sakasyn.
Galdym siziň yzyňyzdan seredip,
Ýygralygyň alyp bilmän ýakasyn.

Gözden ýitdiň, şol dem daralyp dünýäm,
Bilsediň sen  kemsinenmi Dözmezim!
...Şindem sensiň öýdüp ýörün, bir gelin —
Köçeden galgadyp geçse öýmesin.

*(2010-njy ýyl)*

# Hasrat

Besdir, gozgamaň derdimi,
Besdir, öňki daglanany.
Hasratyňa çydap bilmän
Hünübirýan aglanany.

Bagt bolup söýgä işilen,
Deňiz-derýa, dag aşylan,
Unutman, bizi duşuran
Obamyzyň baglygyny.

Bagt seni söýmegim meň,
Seni söýýän diýmegim meň,
Hut sen şonda duýmadyň hem,
Gaçyranňy ýaglygyňy.

Deňäp köňül şalygyna,
Maňlaý sürtüp ýaglygyňa,
Seni dünýäň baýlygyna
Çalyşmaryn barlygyňy.

Yşk meýinden ýasap bulgur,
Ýagsa-da üstüme ýagmyr,
Gozgamaň derdimi siz bir,
Agyr düşýär gozgalany.

*(2009-njy ýyl)*

# Bagra basmak

Gujagyňdan goýma sen,
Al, bagryňa bas meni.
Gatap galan ýüregiň
sypyrylsyn kesmegi.

Gujakla, posun döküp
Ýüregiň jigläp gitsin.
Gujagyňdan aýrylan,
Ömürlik aglap gitsin.

Sen aglatma aşygy,
Gandyr meni mähriňden.
Senden gidip bilmäýin,
Dönmäýin seň ähdiňden.

Saçlaryň örümini
Boýnuma sal, as meni.
Ýüregimi sogur-da,
Al, bagryňa bas meni.



## Sen gelersiň

Sensiz günleň içi gysýar, bilýärin,
Başyn nirä urjagyny bilenok.
Bu ýollaryň gözi ýolda galypdyr,
Sensiz olaň gözüne zat ilenok.

Bagda guşlar saýramaýar nämüçin?!
Ýüregine dowul düşen serçeleň.
Ir säherde gözi gyzaran şapak,
Seň ýoluňa gözün dikdi ençeler.

Gözleri ýitije Arşdaky Aýyň,
Ýollaryňa ak şöhlesi düşüp dur.
Ýüregime golaý süýşen ýyldyzlar
Sen gelersiň öýdüp, Arşda üýşüpdir.

Gelmegiňi men däl, daglar isledi,
Baglar, guşlar dil açsa, heý, bilmezmiň?!
Meniň weli... parhyma däl, ynanaý,
Ýöne sensiz içi gysýar günlermiň.



## Serwim

Akyl-huşdan jyda düşdi goşgulam,
Ýürek zaryn iňläp, ses eder, Serwim!
Sen goşgudan kämil, juda hoşgylaw,
Beýhuş boldum synlap keseden, Serwim!

Mesgen tutup gözlerimiň agynda,
Gel, ýüregim, syryňy aç, ýaryl-da,
Gabaklarňy gözden serpen çagyňda,
Kirpikleriň maňa eseder, Serwim!

Elleriňe alyp ýüregmiň bagyn,
Nirä çekseň, şoňa ýüwrüp barýaryn,
Sen meni söýmegňi bes eden çagyň,
Ýüregmem urmasyn bes eder, Serwim!

Gül bolsaň, bagbanyň bolaýyn-la men,
Ah, sensiz niçiksi oňaryn-la men,
Häzirem ýanymda, golaýymda sen,
Aramyz bir garyş, sere deň, Serwim!

Gözleň – umman, kirpikleriň kürekdir,
Şol ummanda ýüzmäge jan elekdir,
... Häzir artykmaç söz näme gerekdi?!
Munda ykbalymyz deňe-deň, Serwim!



# Galpyldy

Ýadymda, ýaşlygyň joşguny bilen,
Gözdaňdy oýnuny oýnardyk üýşüp.
Gözleň daňyldymy,
tapaýmalydy
Howany sermeläp, ädimläp, süýşüp.

Şol günem bir gyza galtaşdy elim,
Gujagyma mäkäm gysdym men ony.
Gyz çala «hiýh» etdi,
duýdum men şonda
Onuň galpyldysyn, ýyly demini.

Ol balyk deý sypyp gitdi elimden,
Galpyldysyn salyp gitdi bedenme.
Ah, indi düşünýän, tisginen gyzyň
Meni yşk derdine duçar edenne.

Gözüm bagly kän gözledim soň ony,
Yşkynda kän elewredim, selpedim.
Gyzyň kalba salan galpyldysyny
Soňra hiç bir gyzdan tapyp bilmedim.



# Yz

Duşuşykda jüp-jüp posany alyp
gaýdypdym, begençden içime sygman.
«Söýýän»  sözümi-de aýdypdym şonda,
Gaýtjagam däldim men şol sözi diýmän.

...Öýe gelsem, pyňkyryşdy jigilem,
Güldüler tä gyzarýança gözleri.
Asyl, ýaňagymda
ýürege meňzeş
galan eken seň dodagyň yzlary.

*(2006-njy ýyl)*



# Sen bir Gül

Wagty däl, bu ömri öňüňe oklap,
Geldim, ýüregiňe ýol barmy näme?!
Yşkyňda kalbymy çirkizip, otlap,
Men deýin sowrulan kül barmy näme?!

Sen bir Gül, ugruňda men hem saýragyň,
Diňe seniň täleýiňe daňlaryn,
Perhat deý daglara urup maňlaýym,
Mejnun deý çykara çöl barmy näme?!

Gel sen, ykbalymda döwran sür, ine,
Ýogsam göwnüm meňzeş boşan sürene,
Ýürek diýlen zady paýlap ýörere,
Gursakda iki-üçläp... bol barmy näme?!

Gülşüň gunça, ýylgyryşyň görkana,
Saňa ömrün beren ýaşar erkana,
...«Diňe sen meniňki» diýip durkamam,
Süzülen gözleňde öl barmy, näme?!





# Gelersiň öýdüp...

«Geler» diýdim,
geleriňe garaşdym,
Umyt bilen gözüm dikip ýoluňa.
Synlar ýaly, gysanynda ýüregim,
Suratyňam alyp gaýtdym ýanyma.

Seň geljek ýoluňda galdy gözlerim,
Gelmeseň, ýoluňda durmaryn gaýdyp.
Sen gelmändiň,
ýöne şonda-da du:rdym,
Gitsem, sen birdenkä gelersiň öýdüp...

*(2006-nji ýyl)*



# Karar

Pikirlermi manat deýin sowurdym,
Galdym köpüksiz.
Söýgi meniň çekdi iki owurdym,
...Däldim çepiksi.

Gözleri – gülälek, gabagy – badam,
Sataşdy bir gyz.
Söýmezmi, heý, yşkdan ýasalan adam,
Tutaşdym ýalňyz.

Söýdüm, şeýdip, oda atyldy ýürek,
Galdym jigersiz.
Ynam – söýgä tarap urulan kürek,
Ahyr ýeňersiň.

Ýeňmek nire, gaçyp ysgyn-mydardan,
Boldum alňasak.
Söýgi agyr eken çekip-çydardan,
Iki bolmasak...



## Ýylgyrsaň...

Ýylgyr, bir pursatlyk ýüregiň bilen,
Gelen ýaly bolýar kalba teselli.
Seniň ýeke ýylgyrşyňdan nurlanyp
gidýän, käte ýatlap ýürek gysanda.

Agyr düşdi seniň gerdene münen
ýüküň, salan ýaraň, gel-de bir gör sen!
Belki oňardym hem şol derdim bilen,
Sen mydam,
elmydam ýylgyryp ýörseň.



## Sen ýanymda

Aladam gelýär owunjak,
Sen ýanymda, sen ýanymda.
Däldir bu oýun-oýunjak,
Sen ýanymda, sen ýanymda.

Bu maňa şöhrat däl, at däl,
Ýöne bagtam maňa ýat däl,
Bagta-da ýetdirýän zat däl —
Sen ýanymda, sen ýanymda.

Giňäp göwnümiň gerimi,
Bu yşk aldy-la  serimi,
Hiç kime bermen ýeriňi —
Sen ýanymda, sen ýanymda.

Bilmerin hiç zada deňäp,
Sen bagtyň özüne deň-ä,
Joşup ýazmagyma sebäp —
Sen ýanymda, sen ýanymda.



## Gel...

Nireden ýolukdy bu gaýgy-gamlar,
Seni söýüp düşüp ýören günüm nä?!
Ýüregimi saňa gowşuryp bilmän,
Kiçelip barýaryn günüň-gününde.

Gel, çalşyp gezeli ýüreklermizi,
Kalby oýup gezmeli bir etme sen.
Sen meniň ýüregme çekilen ýoda,
Neneň barjak ol ýodadan gitmeseň?!

Gizleme içdäki duýgularyňy,
Bu ýüregiň bogunyny aç-da, gel,
Ömürboýy gutulmadyk elinden—
«Il näme diýr» diýen sözden geç-de, gel!



# Düýş

Gözlerimde seniň keşbiň galypdyr,
Özgäni bilmerin oňa sygdyryp.
Öten agşam sen düýşüme giripsiň,
Gözüňden ýaş düwmelerin ýagdyryp.

Düýşümde sen hünübirýan aglaýaň,
Gidýär horkuldyňdan dünýäm elenip.
Belki aglamagyň uly bagtdyr,
Bagtam alyp bolýan däldir dilenip.

Begenipdiň bu düýşümi aýdamda,
Diýip sen: «Şatlygma ýeterin basym».
Seniň bagtly bolmagyňy isleýän,
Begenseň, begenen ýaly men asyl.

Begenjimden iç-içime sygamok,
Bil, ýüregmi saňa baglaýanymy.
Hiç bir pursat meni güldürip, soňam
görkezmesin seniň aglaýanyňy.



## Yşkyň dagy

Seň henizem şol öňküje boluşyň,
Göz üçin birjikde üýtgän ýeriň ýok.
Dula ýelmeşen deý, bir girseň öýňe
Soň yzyňa çykmalydyr öýdeňok.

Gawunyň garawul sakçysy ýaly,
Seni garawullap ýörsem-de, ine.
Meni köçäňize daňyp goýanam,
Seniň uç-gyraksyz söýgüňdir diňe.

Bary-ýogy birje gezek, bir sapar,
Synlapdym, ony hem duýupdyr ejeň.
Diýipdir: «Meň gyzym ile göz däldir,
Synlar ýaly her bir köçeden geçen».

Maňlaýyma degip zyňlan kesekler,
Bagrymy garaltdy yşkyň şatysy.
...Öýüň gapysyny ýapsaňyz ýapyň,
Açyk dursun ýüregňiziň gapysy.

*(2007-nji ýyl)*

# Ýanymda bolduň

Bilemok, seň indi dolanjagyňy,
Geljegiňi meni sorap idäbem.
Ýüregimden sogrup zyňyp bilmerin,
Sen, barybir, göz öňünde didämiň.

Kine saklamagy endik etmedim,
Sen mydama göwün şadymda bolduň.
Sen asylam menden uzakda däldiň,
Hemişe sen meniň ýanymda bolduň,
Ýadymda bolduň!

*(2008-njy ýyl)*



## Sazyma çenli

*«Bir gün sandyraýan barmaklarymy*
*elterin şol goşa örüme çenli».*
**M.Babanazarow**

Saýlap saňa sözleriň iň gowsundan,
Bagyşladym çalan sazyma çenli.
Gujagyňda gyşy, tomsy goýmadym,
Bagyşladym, dünýäň ýazyna çenli.

Senden geçsem päk söýgümden geçdigim,
Seniň ýyly gujagyňdan düşmerin,
Garaňky gije deý gara saçlaryň,
Goýberseň ýetjek-le dyzyňa çenli.

Umydym ýumak deý ýüregme sorap,
Sözlerim diňlemän gidişiň gör-ä,
Assyrynlyk bilen yzyňdan garap,
Sürtüpdim maňlaýa tozuňa çenli.

Sensiň bu göwnümiň görki, bezegi,
Sowma meni görüp,
sowma ýüzüňi,
Şol gün-ä diýjekdim «söýýän» sözümi,
Emma diňlemediň yzyna çenli.

Belki, bu ýollarda ykbalym süýjär,
Menzillerde ynam atyny tijär,
...Sen hakda oýlanyp, geçirip gijäm,
Dik oturdym, daňyň sazyna çenli.

*(2006-njy ýyl)*

## Saňa gowuşmadyk hatlar

«Gelerin — diýipdiň — güllände erik».
Erikler gülledi, bişdi narlaram.
Meň bolsa henizem garaşyp ýörşüm,
Gelse-de ýüregim darka ýarlara.

Men saňa şeýle bir ynanypdyryn,
Ýokdy mende gelmezligiň gorkusy.
Armanym ýok, seniň ýoluňda ölsem,
Utanja galmasam bolýar ertesi.

Seniň şol gidişiň,
«gelerin » diýip,
Haçanky ereýşi dagdaky garlaň...
Şindem seň ýoluňa seredip ýörün —
Erikler güllände, bişende narlar.

***

Egniňe ýaraşýar geýen köýnegiň,
Gelşip dur egniňe atan zadyňam.
Ony bir geýeňsoň owadanlygyň
golaýyna gelmez ýeke adamam.

Gyrasy seçekli düwmelenipdir,
Nagyşdan dolduryp ýakasyny-da.
Bileňok, şol gülgün köýnegiň bilen,
Janymy odunsyz ýakanyňy-da.

Teniň howry demiň tutjak dem alsaň,
Haýry ýok dereksiz ýanyp köýmegiň.
Ykbalymy kökeninde kökeren,
Seniň geýen şol gyrmyzy köýnegiň...

***

Saňa kän ýazypdym söýgi hatlaryn —
ýürek  bilen,  peýkam çekip içine.
Oňa biziň adymyzy ýazardym,
«Söýgi» sözün taraşlardym daşyna.

Her gün saňa ýazyp söýgi hatyny,
Siňdirip her birne güýjüm, yhlasym.
Boş goýmazdym olaň birisini-de,
Çünki saňa baglanypdy ykbalym.

Görsene, asyl-ha, düşmän umytdan,
Bu söýgüden bilmändirin iribem.
... Ýöne ýürek edip berip bilmändim,
Şol «ýürekli» hatlarymyň birinem.

***

Egniň gysyp, düşüpsiň sen surata,
Topar-topar arasynda gyzlaryň.
Görýän, gyzlaň hatar goýluşynda-da
Bardygyny seň eliňiň yzlaryn.

Gelşipdir egniňe geýen köýnegiň,
Gyralary gül-gül, elwan öwsüp dur.
Suratyňa gelýär meniň giresim,
Ýüregim zol seň ýanyňa towsup dur.

Gyýma gara gaşlaň süzlüpdir biraz,
Bir derdiň barlygyn aýdýar gözleriň.
Gursakdaky maňa päk söýgiň bilen
Ýalňyz dursuň arasynda gyzlaryň.

***

Saňa «şahyrmyşyn» diýip eşitdim,
Ýazýarmyşyň söýgi hakda setirler.
Emma maňa görkezmediň birinem,
Meň ýanyma goşgularňy getirbem.

Bilýän, menden utanansyň birbada,
Görkezmegi isläp goşgulaň näler.
Maňa seniň päk söýgiňem ýeterlik,
Galan zat, hyýal deý geçmişde galar.

Beý diýsem, öýkeläp ýüz sowma menden,
Seň sözleriň diregidir gala:myň.
On müň
        ýüz müň sany goşgyň içinden —
Seni ýeke setiriňden tanaryn...

***

Şygyrýetdi seni maňa duşuran,
Saňa ýaran eken meniň goşgulam.
Okaýardyň söýüp-söýgüläp meni,
Okamazdy ony senden başgalar.

Seniň okaýanyň bolsa bes maňa,
Bilseň, goşgulamam özüň hakdady.
Okaber, üstünden düşersiň ahyr,
Gepe, söze — hiç bir zada bakma-da.

Bu durmuşda, gör, nämeler bolmaýar,
Indi gujagyňda düşledigimdir.
Ýazmagymy taşlamaryn, taşlasam,
Seni-de ýürekden taşladygymdyr.

*(2008-nji ýyl)*

## Hoşlaşyk

Ýekeje söz bulaşdyrdy aramyz,
Bozdy umyt-arzuwlarmyň baryny.
Şonda seni ýitiremde,
boldum men,
Ýitiren deý öz ýüregmiň ýaryny.

Sen gitdiň, aýdara sözüm galmady,
Gözlerim gapyldy, tutuldy dilim.
Hoşlaşdyň sen şonda eliň galgadyp,
A meň hoşlaşmaga galmady elim.

*(2007-nji ýyl)*



## Nägilelik

Saňa söýgi hatlaryny ýazmakda,
Ýokdur menden öňe geçjek ökde-de.
Kagyzy nagyşlap, keşdeläp haty,
Öý salgyňa ýollaýardym hepdede.

Saňa ýazan hatlarymy okaýar,
Sen däl, seniň ýakyn deň-duş joralaň.
Öz eliňe düşmezdi hem birisi,
Saňa okap bererdiler barynam.

Goý, bilmesin söýgimizi özgeler,
Öz hatyňy özüň ýygşyr, oka, ýar!
Şu güne çen aýdanym bes,
hatlarmy
sen däl, seniň joralaryň okaýar…

*(2009-njy ýyl)*



# Uzat elleriňi...

Gözüňden öpeýin, uzat gözleriňi,
Gyzaran ýaňagňy elläp göreýin.
Ýaňagyňdan sypan yzym aýrylmaz,
Ol ýerde adymy belläp goýaýyn.

Uzat elleriňi, tutaýyn mäkäm,
Gollarymy emaý bile dolaýyn.
Gujagyňda ýitireýin özümi,
Hasabyny ýitirşim deý Gün-Aýyň.

Aç sen gujagyňy, giňesin kükrek,
Ýüregiňi ýüregimde goýaýyn.
Iliň aýdan-diýenini diňlemän,
«Diňe sen meniňki» diýip ýöreýin.

*(2008-nji ýyl)*



## Sen diýip…

Derdim ýokdur derdinere üýtgeşik,
Ýüregim gursakdan çyksam-çyksam diýr.
Kirpikleriň ýyldyryma utgaşyp,
Dünýämi eledip çaksam-çaksam diýr.

Seň şanyňa näçe bada göterlen,
Şeýdip, söýgiň tarypyny ýetirlen,
Saňa bagyşlanan söýgi setirlem,
Derdin birin-birin döksem-döksem diýr.

Söýgüde ýüregim täklenip geçjek,
Sensiz gözel ömrüm ýoklanyp geçjek,
Baksaň, ýüregiňden ok bolup geçjek,
Gözleňden leblerim öpsem-öpsem diýr.

Gördüm söýgiň gül ýazyny, gyşynam,
Gördüm söýgiň ahyryny, başynam,
Kynçylyga per bermedik başymam,
Seň öňüňde dyzyn epsem-epsem diýr.

Maňa seniň gerekligiň bilermiň,
Dikilýärkä saňa tarap garagmyň,
Agzyndan gan getirilen ýüregmiň,
Gyzgyny gursagmy ýaksam-ýaksam diýr.

Sen diýip çekilen, görlen görgüleň,
Sanasaň, gerdende ýüküm agralar,
Derde ýaramasa şu beýt-şygrymam,
Ony oda atyp ýaksam-ýaksam diýr.

*(2010-njy ýyl)*

## Gaharlansaň...

«Söýýän» diýdim,
getirdim seň gaharyň,
Gitdiň gaharyňa ýarylyp bilmän.
Sen şonda özüňi gören bolsadyň,
gaharlansaň hasam owadan bolýaň.

*(2006-njy ýyl)*



# Toýda

Seni söýüp, utanjymam galmady,
Boldum ýördüm öýüňiziň myhmany.
Bahanam kän,
seni görsem bes maňa,
Bilmedi soň ýüregimem gysmany.

Sawçy gelen ýaly synladym seni,
Gözlem bilen iýenimi aňmadyň.
Hyzmatyňda gaýym durdum sakçy deý,
Seň ugruňda gamak deýin galgadym.

Bolmady,
arzuwlam samana sowrup,
Goýmadylar etmäge-de alada.
Seni şol gün çykardylar durmuşa,
Meni-de etdiler toýňa tamada.

*(2009-njy ýyl)*



## Duşuşykda

Seň ýanyňda ýeke agyz geplämok,
Agzym açsam, syrym açaýjak ýaly.
Ýüregimi alyp durun elime,
Ol birdenkä ýere gaçaýjak ýaly.

...Bilmän, ýaglygyňy goýup gidipsiň,
Ýüregimi alypsyň sen deregne.
Diýmek, maňa düşünipsiň ahyr sen,
Düşünipsiň näme üçin gelenme...

*(2009-njy ýyl)*



# Hatyň gelse...

Hatyň gelse, çaga ýaly begenýän,
Doýamok men hatlaryňy ysgabam.
Nädip söýgä uçranymy bilemok,
Ýogsa meni bolmandy-la gyssanam.

Kalbym içre wysal tapdy arzuwym,
Seň söýgiňde gül-gül açylypdyryn.
Dideleňden ýüzüm sowman durşuma,
Gözlerňe ýüregmi gaçyrypdyryn.

Şondan bäri ne ýüreksiz, ne kalpsyz,
Ýaşap ýörün—bir biçäre telbe men.
Ýazgydyma ýazylmagňy isleýän,
Oňa özgäň adyn belläp bilmenem.

...Söýgi haty gezmeleýär arada,
Hatyň gelse elden goýup bilemok.
Ony okamag-a däl, bir düşäýse
Ysgabam ysyndan doýup bilemok...

*(2008-nji ýyl)*



## Döwük aýna

Döwük aýna hem çolaran köne ýol,
Yzarlasaň eltýär gadym saraýa.
Şol saraýa ýol salardy bir gözel,
Ýerden özgä göz astyndan garaýa.

Ýol ugrunda sak durardym,
gündiz Gün
şöhlesini saçyp, ot deý ýananda.
Bir döwük aýnany saňa gönüläp,
Goýardym men seni ot hem ýalynda.

Göreçleňde tans oýnardy şöhleler,
Gün ýakar kirpigiň towlarna çenli.
Döwük aýna «gyzdyrardy» ýüzüňi,
Sen ýoldan mähetdel sowlarňa çenli.

Günde şol bir endik,
köne edähet,
Örkläp bolmaz öwrenilen endigi.
Awçy deýin awym alman gitmerin,
Ol ýol aýak sesiň alyp geldigi.

...Bir gün sen gelmediň.
Günem çykmansoň,
Döwük aýna elim gyýdy birdenem.
Sen gelmäňsoň daşa urup owratdym
Oň döwgüne haýp etmedim bir demem.

Aýna bilen synan eken umydym,
Gyşa golaý ýoly örtdi ýagyş, ö:l.
Soň-soňlaram göz öňümden gitmedi
Döwük aýna hem çolaran köne ýol...

## Ýazgyt

Saňa duşup ýazmak kärin tapyndym,
Ýazyp ýörün derdim egisip bilmän.
Munuň üçin nalamaryn ýazgytdan,
Şeýle bir bagtly men,
bagtly men iňňän.

Ýazgydymy ýazyp goýupdyr biri,
Günlerimiz däl o diýen adygan.
Ýeke özüň bagtly bolup bolanok,
Bagtyma seň ýazypdyrlar adyňam...

*(2009-njy ýyl)*



# DÜKANÇY GYZ

*(Gysgajyk poema)*

Gatnawy kän obadaky dükanyň,
Eýesi bar – nurana  gyz, görmekli.
Göwnüne asylam degmez ýekäniň,
Diýseň sada, türkana hem görnükli.

Ol dükanyň nowça güli, «hanydy»,
Ol ýerden eşdiler gülki sesi-de.
Sözlerine bal goşulan ýalydy,
Bala üýşen ary – mähellesi-de.

Ol ýeriniň gelim-gidimi kändi,
Kändi alma, ýumruk deýin nary-da.
Gyz göwni alçakdy, ulumsy däldi,
Mähre mätäç adamlaryň bary-da.

Ol dükanyň işiginde büdürän,
Ençe ýigit agyrdypdy dyzyny.
Gyz jemalyn görüp, çala titirän
ýigitler ýiti:rdi gelen yzyny.

Tüwdürilip düşdi ençe jahyllar,
Pyzlyp gitdi sebetdäki almalar.
Olar söýgüsini gizläp, ahyr-da
Oň ömürlik alyjysy boldular...

Gyz, elhepus, owadandy, gözeldi,
Kökererdi gözelligne ençäni.
Berilmedi, näçe hatlar ýazyldy,
Düýrlendiler gysymynda penjäniň.

Bir günem ýaýrady şeýleräk bir «myş»,
Ol «myş», hakykatmy, bilmedim aýan.
«Dükançy gyz bir ýigidi söýýärmiş»...
Bu habara galdyk hemmämiz haýran.

Ol kimkä?!
Ol bagtly ýigit nireden,
Haýsy ýerden gelip «gondy» bu ýere?
Bürgütmi ol inip belent dereden,
Gaýyp bolýarmy ýa ilmän gözlere?

«Gyz ony söýýärmi ýa-da ol gyzy?» —
Bilinmedi onuň anyk jogaby.
Bu hakda gönüläp aýtmasa özi,
Haýry ýok, berseň-de müňläp sowaly...

... Süýtçi men, öýme-öý, oba aýlanyp,
Paýlaýaryn süýtden doly ak gaby.
Horaz gygyranda ýola şaýlanyp,
Ýakalap gidýärin bol suwly ýaby.

Ýolum düşýär şol dükanyň işigne,
Dükançy gyz garşy alýar ýylgyryp.
Müň gülki bar onuň her bir dişinde,
Ýylgyranda süýnüp gidýär ýyldyrym.

Şol günem bir desse güli gujaklap,
Garawullap du:rdum geçjek ýoluny.
Bagyň arkasynda bugdaklap, jyklap,
Diledim islegmiň hasyl bo:runy.

Gökdäki dilegim gowuşdy ýerde,
Ol ýol aýak sesin alyp getirdi.
Galan ýaly agyr, uçursyz derde,

Aýaklam sandyrap, etdi titirdi.

Al kakmyş, şol wagt ýagýardy ýagyş,
Ol seniň aýagyň sesi däl eken.
Ýagyş ýol üstünde çekýärdi nagyş,
Asyl, onuň-da öz oýny kän eken.

Du:run, ine, ýene ýoluň dikanlap,
Sensiz bir ädimem yzyma ätmän.
...Şol günem ýat gülki eştdim dükanda,
Tisgindim araky «myş-myşy» ýatlap.

Gözlerime ynanmadym birbada,
Owkaladym owasyny gaýtadan.
Ol dükanda işleýärdi bir adam,
Şoldy meni hut serpmeden gaýtaran.

Ol adam birgeňsi ýylgyryp bakdy:
«Men indi işleýän ol gyzyň ýerne».
Ýene gursagymda ýyldyrym çakdy,
Garaşmadym onuň beýle diýerne...

* * *

...Aý-günler salymsyz,
                «salamsyz» geçýär,
Wagt ýok bir minut ýaşamaga-da.
Durmuş adamlary saýlaýar, seçýär,
...Ol bir ýigit saýlap seçdi saňa-da.

O nähili ýigit, nireden geldi?
Jogabyny tapyp bolmaz birjigem.
Ol ýigidi seniň halanyň belli,
Onsoň sebäbini bolmaz biljegem.

Ýöne il içinde ýaýrady bir «myş»,
Diňlenildi galyp gözden-gulakdan.
«Seň adaglyň barmyş, işletmeýärmiş»,
Seni belki gorajakdyr duzakdan.

...Bir günem bir habar «uçurdy» meni,
Ganat berip, al-asmana göterdi.
Dostlarym dükanda görüpdir seni,
Işe başlanyňy habar ýetirdi.

... «Salam, dükançy gyz, halyňyz neneň?
Üç kilo söýgi çek, bäş kilo mähir.
Sizi görmek üçin sowuldym menem,
Bir gramam bolsa çekmäň siz gahar!

Söýgi bar ýerinde durmuş süýjeýär,
Arzylydyr söýgi bilen berlen zat.
Mähir bolan ýerde söýgi güýjeýär,
Söýgüsiz ýaşaýyş haçan görlen zat?!».

Emma gulagyma geldi bir owaz:
«Gyz indi adagly, özgä garaşly.
Oň ugrunda ýigit urup ýör perwaz,
Ol senden has uzak, has köp garaşdy».

Men senden özgäni etmändim arzuw,
Ýöne hemme arzuw hasyl bolmaýar.
... Bir gün saňa duşdum, sen göýä ak guw,
Elýaglygyň maňa sary galgaýar.

Seredip owadan, ýylgyryp tämiz,
Aýa meňzäp gabat garşymda du:rsuň:
«Dükana süýt gerek, sen bolsa heniz
bir gezek geleňok, sen haçan ge:rsiň?!».

...Arzuwlar ahyry hasyl bolanda,
Daşy ýaryp, bagtam çüwýär ekeni.
Gülleriň açyljak wagty gelende,
Olar daşlary-da döwýär ekeni.

Bir günem yhlasym ýerne gowuşyp,
Meni dükanyňa müdir etdiler.
Gaýgy-ünjülerden indi sowaşyp,
Ýüregimde bolsa söýgi etdi ýer.

«Adagly» gürrüňler sowuldy birçak,
Seni söýeniňe berdiler toýlap.
Ol şeýle ýigitdi: däldi ol alçak,
Utanjaňdy, bilenokdy tans oýnap.

Ol kimkä?
Ol bagtly ýigit nireden?!
Asyl, ýigit şu obada doglanmy?
Bürgütmi ol inen belent dereden?
...Ol bir sada ýigit — süýtçi oglandy...

Ondan bäri ýyllar geçdi düýş ýaly,
Durmuş «sowgadyny» edipdi ýenem.
Gelnim şol dükanyň ökde işgäri,
Iki sany çagaň atasy menem...

*(2011-nji ýyl)*





# SONETLER ÇEMENI

***Çeşmeler uzalyp ýatan goşgudyr,***
***Ýeller — dünýäň ygyp ýören heseri.***
***Ynsany gülletjek dünýäň yşkydyr,***
***Men — durmuşyň ýazylmadyk eseri.***



# DURMUŞ — MENIŇ BASGANÇAGYM

(Sonetler çemeni)

## I

Salam Durmuş!
Men bir Taňry myhmanyň,
Men şol öňki — kalby joşgunly bende.
Günüň guçup, alkymyndan ysganym,
Söýüp ýören her pursatda, her demde

Hawa, şol men — tanap bilmedik hetdin,
Ýele-göge sowran ýaşlygyn, döwrün.
... Men özümden täze adam döretdim,
Öz-özüme asla ýetmänsoň göwnüm.

Ýagty pikirlere maňlaýyn urmuş
Beýnim bir gowlugy syzdy öňünden.
Başlandy, şeýdibem, täsin bir durmuş,
Özümi täzeden açan günümden.

Päk geljege ätläp, çykyp geçmişden,
Ýüregimi kişde edip sermiş men.

## II

Ýüregimi kişde edip sermiş men,
Enter-pelegini öwürip gijäň.
Yşka halys jigerini bermiş men,
Diňe aşyk köňül özüni tijär.

Söýgi bilen dem alýarka öýkenim,
Höwesimdir üst-başymy tämizlän.
Däldir bu yşk meniň ýalňyşym, kemim,
Söýmedikler munda asla kämil däl.

Ah, kesel deý kalba duýdansyz i:nen,
Yşkym, sensiň süýji gussam, gazalym.
Özgä meňzemeýän keşbiň üçinem,
Hiç kime meňzemän goşgy ýazaryn.

... Maňlaýy gijigen eziz ykbalym,
Çyndyr saňa gyýa gözden bakmanym.

**III**

Çyndyr saňa gyýa gözden bakmanym,
Kalby gülälege öwüren ylham!
Höwes eýläp, işiginden jyklanym,
Huzuryna ahyr dolandym men hem.

Säherleň ýakasyn penjeläp her gün,
Peýwagtyna goşgy ýazyp ýörün men.
Razy, pikirlerim dogsa sag-gurgun,
Orun alsa ýürekleriň töründen.

Ylham ir säherde kalbyma inýär,
Soraman niçiksi ýagdaýym, tabym.
...Ah, seni şeýle bir göresim gelýär,
Meniň heniz çap bolmadyk kitabym!

Köpler bolusymy synlap, görmüş geň,
Ýaşaýyşa aşyk bolan derwüş men.

**IV**

Ýaşaýyşa aşyk bolan derwüş men,
Kalbyma duýdansyz ylham inende.
Juwan dünýä gujagyny germiş men,
Şeýle bolýar ynsan köňül berende.

Adam mydam bagtly bolýar hoş güni,
Söýgüsin köýnek deý egnine geýip.

...Sorama: «Nireden alýaň goşgyny,
Setirleri kimden göçürýäň?!» diýip.

Söýen ýürek munda joşman bilermi?!
Şygyrlar — ruhuma iň ýakyn syrdaş.
Dogry, mendenem bir şahyr bolarmy,
Sözleri kalbymdan göçürýän, gardaş!

Köňüllere ylham berýäni üçin,
Söýgüden ýükümi tutmaýyn neçüýn?!

## V

Söýgüden ýükümi tutmaýyn neçüýn?!
Aşyk bolan köňül saýrar başgaça.
Razy, yşkym ýeke goýmany üçin,
Bu gün onuň bilen boldum baş-başa.

Özgerdi dünýäniň durky, görnüşi,
Salmady kalbyma sansyz ýara ol.
Bagtly bolup ýeňäýmeseň durmuşy,
Ýeňdirmez, asyl-ha, bagtsyzlara ol.

Söýgi — bagtyň ekiztaýy, syrdaşy,
Söýenler bagtyny guçup bilýändir.
«Yşkyň gözi kör bolanok» gardaşym,
Gaýta kör gözlerem açyp bilýändir.

Gel, yşkym, gursagma owaz bol, heň bol!
Isle, gözlerimde şatlyk bol, gam bol!

## VI

Isle, gözlerimde şatlyk bol, gam bol,
Bu dünýä hyjuwly bakar didelem.
...Ýürekden nur beren maşgalam, bar bol,
Mähir hem söýgiňdir ähli idegim.

Saňa çyn söýgimi ezizläp geldim,
Sebäpkäri bolman gözdäki ýaşyň.
Mendenem köp esse gaýgyçyl gelnim,
Sen hem merdemsi bol, dik bolsun başyň!

...Yşkymdyr ir-giçde söýenen bolsam,
Ah, dostum, bagta-da ýetdim dyrmaşa.
Söýgiň ýoklugyna ynanan bolsaň,
Ýokdur onda,
Onda ýokdur durmuşam.

Ynam köňüllerden gussany öçi:r,
«Sag bol durmuş, beren zatlaryň üçin!».

## VII

«Sag bol durmuş, beren zatlaryň üçin»,
Kalbyma gor guýduň, berdiň päk ynam.
Ynamly ýürekler däldirler ejiz,
Şoldur ak ertire ataran menem.

Umyt ykballary ýelejiretsin,
Haýry näme janyň örtäp ýöreniň.
Gaýgy, hasrat, jepa... gümüne gitsin,
Şat bol, goý, gözleri gitsin göreniň.

Manysy nä munda dünýä gelmegiň,
Artar özgelere beren şatlygyň.
...Hiç kimden diläbem alyp bilmerin,
Ynamyň hut maňa beren zatlaryn.

Dag deýin ynanjym, arkama dag bol!
Bermedik zatlaryň üçinem sag bol!

## VIII

Bermedik zatlaryň üçinem sag bol,
Ykbalymdan asla etmerin kine.
...Şeýle bir pikir bar, ozaldan bar ol,
Ynsan ýok zadyny höweslär diňe.

Ýaşalmadyk günler syrdan doludyr,
Süýjüdir yşkynda gezmedik söýgiň.
Göwnüň özge gözellere sarydyr,
Öýdäki eziziň – iň uly gaýgyň.

Ýetilmedik zatlar gözeldir, ýakyn,
Göwne süýji hyýal getirenmizde.
Gadryny bilemzok elimizdäkiň,
Bilýäris soň ony ýitirenmizde...

Sen barlygyň bilen begendir, söýdür,
...Daşdan synlan meni düňledir öýder.

## IX

Daşdan synlan meni düňledir öýder,
Ruhum dünýä içre tapanok karar.
Kalbym gapysy giň açylan öýdür,
Ol hem bir dertliniň derdine ýarar.

Köňül ýaşaýyşda ynjalmaz asyl,
Adam diýeniň bir uçýan guş bolsa.
Kisäň ýukalygy ünjä goýmasyn,
Utandyrsyn seni göwnüň boş bolsa.

Ömrüň ötüşi-de bisabyr, syrly,
Niçikkä öttüren günlermiň haly?!
Olaryň yzyndan bakýan ahmyrly,
Iň eziz zadymy galdyran ýaly.

Gezdim bu ömürde janymy kösäp,
Özümi özümçe bilmerin ýasap...

## X

Özümi özümçe bilmerin ýasap,
Biler meni diňe döreden Taňrym.
Günler haýal, ýyllar geçýär alňasap,
Uzaklaşýar menden geçmişim, aňrym.

Geçdigiçe ýyllar golaý bize has,
Hakydamyz — ömrümiziň arhiwi.
Nireden gelýäris hem nirä barýas,
Aýandyr aýnada görünýän kibi.

Geljek köp zatlary hantama bizden,
Edip bilsek ýagşy işleň gowsundan.
Biz razy merdana atalarmyzdan,
Goý, nesillermiz hem razy bolsunlar.

...Ýalňyşdyk bir juwan gyzmyka öýdüp,
Dünýä kireýine ýaşalýan öýdür...

## XI

Dünýä kireýine ýaşalýan öýdür,
Günleri manat deý töläp gidersiň.
...Arzuwçyllyk niçik hyýaldyr, küýdür,
Maksadyňa tizlik bilen ýetersiň.

Guşlar ganatynda göterler göge,
Arzuw bilen Arşa salarys ýoly.
Asmanda pel-pelläp ýörsek-de, ýöne
Biz asla hereket etmeýän ýaly.

Yhlas bilen zähmet gerek bu ýolda,
Hereket et, kynçylyga bakmada.
Goý, arzuwlar süýji hyýala däl-de,
Eltsin bizi hakykata, maksada.

Sanalgyja günler däldir bihasap,
Iru-giç Eýäňe bermeli hasap.

## XII

Iru-giç Eýäňe bermeli hasap,
Yhlasyňdan gaýry berersiň näme?!
Günleň jümmüşine tarap ýol ýasap,
Gidersiň sen öz-özüňi açmaga.

Arzuwym kän munda ýaşap ýörene,
Düşsün mydam ýagşy günleň saýasy.
Durmuş neneň gözel söýüp bilene,
Boluň onuň iň bagtyýar raýaty.

Göwünde müdimi düşläpdir ýazlar,
Meni agyr günler oýaran ýaly.
... Ah, sizi şeýle bir söýýärin gyzlar,
Edil doganlarym, uýalam ýaly.

Kalbymy gül deýin açyp güllärin,
Ornunda durup çyn, merdem bir äriň.

## XIII

Ornunda durup çyn, merdem bir äriň,
Ýagşy maksatlarmy ederin berjaý.
Bu ömri-de şygyr bilen bezärin,
Hiç kim oňa bakmaz ýaly biperwaý.

Ýaşap bormy il gözüne ilmänem,
Men hut Şygryň huzurynda çökerlen.
Setirlermi göwne jaýlap bilmänem,
Kagyz bilen kän düýrlendi pikirlem.

Zerur däldir ýaramasa derege,
Bolsada kalbyňda joşgunyň, siliň!
Melhem bolmakçydym dertli ýürege,
Ynamyňy ödäp bildimmi ilim?!

Bu ýollarda has ynamly ýörärin,
Hasabymy ömrüm bilen tölärin.

## XIV

Hasabymy ömrüm bilen tölärin,
Geçen günler menden bolmasyn nadyl.
Şygyrýeti çyn güllere deňärin,
Goýup bolsa onda familýaň, adyň.

Çeşmeler uzalyp ýatan goşgudyr,
Ýeller — dünýäň ygyp ýören heseri.
Ynsany gülletjek dünýäň yşkydyr,
Men — durmuşyň ýazylmadyk eseri.

Ylham alyp bu hüýrsypat pelekden,
Joşdum. Şygyr ýazdym. Ýeňläp bilmedim.
Öz sözümi aýtmak üçin ýürekden,
Men geldim!
Men nirelerden gelmedim.

Geldim saňa baglap ömrüm, ykbalym,
Salam Durmuş!
                    Men bir Taňry myhmanyň!

## Magistral

Salam Durmuş!
                    Men bir Taňry myhmanyň!
Ýüregimi kişde edip sermiş men.
Çyndyr saňa gyýa gözden bakmanym,
Ýaşaýyşa aşyk bolan derwüş men.

Söýgüden ýükümi tutmaýyn neçüýn?!
Isle, gözlerimde şatlyk bol, gam bol.
«Sag bol durmuş, beren zatlaryň üçin»,
Bermedik zatlaryň üçinem sag bol!

Daşdan synlan meni düňledir öýder,
Özümi özümçe bilmerin ýasap.

... Dünýä kireýine ýaşalýan öýdür,
Iru-giç Eýäňe bermeli hasap.

Ornunda durup çyn, merdem bir äriň,
Hasabymy ömrüm bilen tölärin.

*(2020-nji ýyl, awgust)*



# SÖÝGI ÄDIMLERI

*(Sonetler çemeni)*

## I

Ömrüm damdy ak kagyzyň ýüzüne,
Günler gözlerime guýdy sabryny.
Ýaşap ýördüm ilmän yşkyň gözüne,
Bir gözel gyz süýjetdi meň labzymy.

Kalbymda üýtgeşik täze Gün dogdy,
Bedenime ýaýrady bir ýylylyk.
Söýginiň şarpygy maňa-da degdi,
Gitdim menem şol «şarpykdan» ulalyp.

Gyzaran ýaňagmy sypady ýeller,
Söýgä iki ýaňagymam tutdum men.
Yşkyň şarpygyny datmadyk bilmez,
Söýüp,
Seni söýüp, bagty utdum men.

Gözlem özge bagty gözlemez indi,
Günler şygyr bolup, kalbyma siňdi.

## II

Günler şygyr bolup, kalbyma siňdi,
Gözlerime ildi olar sen bolup.
Ömrüm ýaglygyň deý ýelpeselendi,
Dolduň kalba aýdym bolup, heň bolup.

...Her gün köçäňizi suwlap, sübseläp
çykanyňda, güle dönýär ýodalar.
Bijesine seniň düşmegňi diläp,
Niçe oglan tebil tapar, ot alar.

Köçe däl, dünýämiz öwrüler ýaza,
Bagtdyr siziň köçäňizden gaýtmagam.
Duşanym sebäpli sen gözel gyza,
Öwrendim zowladyp aýdym aýtmagam.

Yşkdan doly günleň basyp gözüne,
Çykjak bolsaň, sähra, ine, düz, ine.

## III

Çykjak bolsaň, sähra, ine, düz, ine,
Keserip dur öňde yşkyň synagy.
Yzynda selpedip, salyp öňüne,
Ykbal bizi neneň, niçik synady?!

Arzuwlarym saňa gelip togtady,
Senden başgaň arzuwyny etmedim.
Gözleň – syýa, gara saçlaň nogtady,
Men özümden geçip, saňa ätledim.

Günler – seň ýoluňda kakylan gazyk,
Men – söýgä dikilen iň ajap heýkel.
Bolarmy, heý, seni maňlaýa ýazyp,
Ýada maňlaýyňa ýazjagyň, heý, kim?!

Bu sowal ýürege ok deý çeneldi,
Hiç bir güýç ýolumy saklamaz indi.

## IV

Hiç bir güýç ýolumy saklamaz indi,
Köçe. Ýol hem çatryk. Öýleň diwary.
Men olardan parran geçerin şindi,
Ýazylar yşkymyň terjimehaly.

Söýgi timarlady meniň ömrümi,
Hem juda düşnükli ömür sürdüm men.

Kyn günlere asla dözmediň meni,
Hemem nä günlere rowa gördüň sen.

Ýagty ertirlere egnimi deňläp,
Bagta sary has dözümli ýöredim.
Ýarasy açylan hassa deý iňläp,
Gysymymda saklap du:run ýüregim.

Hyjuw bar ýüregiň batly urşunda,
...Söýgi bar säheriň ümüş-tamşynda.

**V**

Söýgi bar säheriň ümüş-tamşynda,
Ýylgyrşyňa meňzäp tylla Gün dogar.
Ýaşmaksyz Güneşiň nazar salşynda,
Seniň yssy mähriň bar ýaly, meger.

Şapakdan reňk alan gyzyl köýnegiň
geýip, her gün säher gidersiň işe.
Adaty zat indi ýanyp-köýmegim,
Örtenmek däl indi uly bir pişe.

Kalby dyňzap giden ýygra bulut men,
Ýagaryn böwrüni dilip gökleriň.
Seni gözläp, seni tapjak bolup men,
Kän gezdim içinde seýilgähleriň.

Men kalbynda Güni göteren oglan,
Ýagty pikirlerim Gün bilen doglar.

**VI**

Ýagty pikirlerim Gün bilen doglar,
Yşkymy jar eder bagdaky guşlar.
Günleriň her biri söýgüden boglan
çemenimdir – olar dilimden düşmez.

Ýazýaryn, ýüregim tapýar teselli,
Söýýärin, şeýdibem, ot alýar jiger.
Gursagym – köreýän otly kesindi,
Ol meni ir-u-giç gün-telbe eder.

Yşky alaja deý dakyp boýnuma,
Söýgimi eşiklem deýin geýýärin.
Hiç düşünip bilmän yşkyň oýnuna,
Sergezdany bolup galdym eýýamyň.

Bak, durmuş gözellik, bahar-ýaz onda,
Joşgun bar guşlaryň göge galşynda.

## VII

Joşgun bar guşlaryň göge galşynda,
Hyjuwmy göge çen göterer olar.
Ýylgyrar nurly Gün, tämiz Aý şonda,
Gözlerime bolsa şöhlesi dolar.

Başym goýup, asmanyň ak döşüne,
Ak bulutlar dälmi daşymy gallan?!
Bu yşk diýip,
Söýgi diýip ýörşüme,
Saňa golaýlaşyp barýaryn Allam!

Zemin – düşelgämdir, külbämem – köşgüm,
Ýatmaz ýüregimiň owazy, heňi.
Ahyrsoň ugrunda elewrän yşkym,
Şahyrlyk hetdine ýetirer meni.

Ömrüň teňňesne çen harç edip sowran,
Barmyka men ýaly yşksyran oglan?!

## VIII

Barmyka men ýaly yşksyran oglan?!
Hyýallam syganok ýer-göge, çäge.
... Ah, meni azaplar içinde dogran
Enem, gursagyma salanyň näme?

Nämeden döşümi ýumruklamasy?
Köňle yşkyň talaňyny saldyrdym.
Artdy jigerimiň gowgasy, sesi,
Ahyr ony bir gözele aldyrdym.

Şondan bärem dünýä aýlanyp ýörün,
Gözläp ýörün ýitigimi, geregmi,
Geçmişi agtaryp, geljegi dörüp.
Gören barmy şol ýitiren ýüregmi?!

Ýene ýollarda men, duşaryn belki,
Ýoluma çaýylar şapagyň reňki.

## IX

Ýoluma çaýylar şapagyň reňki,
Tijener ädimler, durlanar beýni.
Ruhumy terk etmez şatlyk hem gülki,
Giderin seň duşjak günlerňe çenli.

Günler maňa ýaşamaga bahana,
Yşksyz ömri, ýeri, nämä ýaratjak?!
Söýgi ruhum öwürdi gül-bahara,
Şoldur meni juwan etjek, ýaş etjek.

Eý, nowjuwan yşkym, dur, biraz eglen,
Sensiz neneň bolar ýagdaýym, halym?!
Men – ömrüni saňa utduran oglan,
Seň eliňde ýazlar terjimehalym.

Sen diýip, ýyllardan parran geçen bar,
Dogjak Gün yşkymy dünýä güjeňlär.

## X

Dogjak Gün yşkymy dünýä güjeňlär,
Şöhleler men bolup alarlar daşyň.
Gün tyglary gülgün ýaňagyň ellär,
Ýeller ellerim deý sypalar başyň.

Asman gülüp duran ýagty ýüzümdir,
Aý – dodagym, saňa ýylgyryp bakan.
Guşlara bak, olar meniň özümdir,
Ganatyn ýaýarlar hut saňa baka.

Maňa nazar salsaň, salmasaň-da sen,
Göwnüm yşka sary rowandyr, rowan.
Sen meniňki bolsaň, bolmasaň-da sen,
Men ýene söýmegmi ederin dowam.

Söýgi – pikirlermiň gelşigi, görki,
Setirlerim göge uçurar belki.

## XI

Setirlerim göge uçurar belki,
Iň gowy şygyrlam ýazylar onsoň.
Bolmasa bolmasyn günüm bol-telki,
Besdir, sen ömürlik ýanymda bolsaň.

Seni görjek bolup setirlerimde,
Şahyrlarça goşgy ýazyp ýörün men.
Saňa duşmak isläp ertirlerimde,
Düýbün deşdim geçmişiň hem düýnüň men.

Gijelerden aşyp, gündizden aşyp,
Menden öňe geçen däldir Tahyram.
Seni söýen, bolar täzeden aşyk,
Seni söýen bolmabilsin şahyram.

Men deýin telbäni bolarmy geňlän?!
Günler meni bagtyň boýuna deňlär.

## XII

Günler meni bagtyň boýuna deňlär,
Olar menden ýasar täzeçe bagty.
Ykbalymy yşkyň ýüzüne ýelmäň,
Goý, olam gül açsyn güllejek wagty.

Ýüregmi gyjyklap, oýarsyn bagtym
Kalbymda uklaşan duýgulaň baryn.
Men ýazaýyn, entek ýazmaly wagtym,
Ýogsam ýaşadykça garrap barýaryn.

Göwün mätäç bir hoşsurat didara,
Nätjek, yşk jigerňi çümmükläp dursa.
Ýeri, kim bar halyň sorap-idäre,
Eden bar yhlasyň ýüzüňe ursa...

Yşk alawna dözen ýürek ölmezdir,
Ömrüm söýgä bagş edilen gözlegdir.

## XIII

Ömrüm söýgä bagş edilen gözlegdir,
Özümi ýitirdim gözlegiňde men.
Yşka uçran ýürek asla dözmezdir,
Besdir, galsam ýyldyz gözleriňde seň.

Günleň ýa:ryn siňdirip her bendime,
Gözlege bagş etdim oň galan ýaryn.
Nirä barsam,
Nirä barsam men diňe
Saňa däl-de, gussalarma duşýaryn.

Kalbyň rahatlygy bermez teselli,
Dideleňe düşnüksiz bir gam inse.
... Yşk syçradyp, ýaşap ýörkäň sen indi,
Söýmän ýaşamaklyk dälmi geň, eýse?!

Söýdüm, şeýdip, ençe jebre dözlendir,
Meni yşka uçradan seň gözleňdir.

## XIV

Meni yşka uçradan seň gözleňdir,
Seni görýän gözlerimi ýumsamam.
Niçe aý-gün synagynda gezlendir,
Senden özgäň yşk-mährine suwsaman.

Garamyk gözlere gowşanymda men,
Ýeňläp gitdim, ýogsa gursagym otdy.
... Söýgiňi şol gezek duşanymda men,
Sen däl, seniň yşkbaz gözleriň aýtdy.

Ýylgyrdyň. Şol pursat dünýäm ýylgyrdy,
Güldüň. Arzuwlarym açdylar ganat.
Azaldy ýüregiň sansyz ýygyrdy,
Guş deý göterildim şol dem, şol halat.

Siňip gitdim seň dünýäňe, gözüňe...
Ömrüm damdy ak kagyzyň ýüzüne.

## Magistral

Ömrüm damdy ak kagyzyň ýüzüne,
Günler şygyr bolup kalbyma siňdi.
Çykjak bolsaň, sähra, ine, düz, ine,
Hiç bir güýç ýolumy saklamaz indi.

Söýgi bar säheriň ümüş-tamşynda,
Ýagty pikirlerim Gün bilen doglar.
Joşgun bar guşlaryň göge galşynda,
Barmyka men ýaly yşksyran oglan?!

Ýoluma çaýylar şapagyň reňki,
Dogjak Gün yşkymy dünýä güjeňlär.
Setirlerim göge uçurar belki,
Günler meni bagtyň boýuna deňlär.

Ömrüm söýgä bagş edilen gözlegdir,
Meni yşka uçradan seň gözleňdir.

*(2020 ýyl, iýun)*



# ÝÜREKLERDE PYNTYKLANDA BU ÝAZLAR

*(Sonetler çemeni)*

**I**

Ýüreklerde pyntyklanda bu ýazlar,
Galamyň şineläp, gül açjak kalbyň.
Gursagyň nar deýin gabygy ýarlar,
Däne-däne sözler — içdäki ýalnyň.

Durşuna şygyrdyr gülgüne säher,
Ýazarsyň günleriň düşüp yşgyna.
Göwni ýaly ýüzi açyk bu bahar
Meňzeş gyzjagazmyň gülýän keşbine.

Köňüller Pegas deý uçjak ak atdyr,
Göge göterilse, ýok onuň aýby.
Iki elimiz hem goşa ganatdyr,
Uçup ýören guşdan däldiris aýry.

Ýaz gelip, zeminiň üýtgände reňki,
Dünýe däl, gursagym gül açdy ilki.

**II**

Dünýe däl, gursagym gül açdy ilki,
Ilkinji bentlerim ýazyldy şeýdip.
Ruhuma siňende baharyň görki,
Ýaz deýin joş aldym!
Gülledim!
Söýdüm!

Söýgüsin gazanyp bir kakaň, ejäň,
Bagtyň nämedigi duýulýar eken.
Näçe söýdügiňçe artyp derejäň,
Söýgem paýlandykça ulalýar eken.

Ganatyna münüp yşkbaz günleriň,
Ýaşasaň,
degmeseň göwnüne özgäň.
Ýitäýsem-de, meni gunça-gülleriň
Hem pyntyklan baglaň içinden gözläň.

Nusga alyp bilseň joşgunly ýazdan,
Baglaň pyşyrdysam bir ajap sazdyr.

## III

Baglaň pyşyrdysam bir ajap sazdyr,
Tebigat durşuna janly orkestr.
Mukamyny näçe diňleseň azdyr,
Diň salsaň, ýellerem owazdyr, sesdir.

Gülleriň başynda bar ýaly akly,
Dürli reňke boýap çykdy her ýeri.
Ýürege meňzeýär ýapragyň şekli,
Ol — agaçlaň görnüp duran jigeri.

Bu ýerlerde ýazyň keşbi görünýär,
Gül bolup, asmanda gögerýär Günler.
Baharyň ýylysy ýaýraýar dünýä,
Howanyň deminden dökülýär güller.

Tebigatyň barha özgerýär görki,
Çeşmeleň gülküsi däl indi öňki.

## IV

Çeşmeleň gülküsi däl indi öňki,
Şygyrdysy şygyr bolup eşdiler.
Gursagma ornaşyp ylhamy, belki
Alyp gider meni dag hem deştine.

Käte öz-özüme syrly bakýaryn,
Gursagymda aýdym, heň tapylanok.
Pikir edip, bu dünýäden çykýaryn,
Bu jahanda bolsa men tapylamok.

Ýazdyk, çap edildik ençe ýüze biz,
Adam bagtly bolýar sözün ýaýanda.
Goýaýmasak ile oýnam sözümiz,
Çykmaz bizden suratkeş ýa sazanda.

Bagtly men ylhamym güýjän mahaly,
...Söýýän döşi gülýakaly bahary.

## V

Söýýän döşi gülýakaly bahary,
Şoldur köňül joşgunymyň sebäbi.
Ýazda gül açylar ömrüň nahaly,
Belleýärin onda doglan senämi.

Bahar. Aprel. Guşlaryň dil açmasy,
Şygyr. Sowat. Berdim ömrüň ýaryn men.
Açylyp durmuşyň bir sahypasy,
Her ýylam täzeden dogulýaryn men.

Ylhama besleýär sähra-düz bizi,
Gül-gunçalar bilen bolup baş-başa.
Bahar täzeleýär pikirlermizi,
Ýa ol hakda garaýşymyz başgaça.

Köňlüm gülälege meňzeýän çagy,
Enem däl, ýaz meni doguran ýaly.

## VI

Enem däl, ýaz meni doguran ýaly,
Gülli meýdanlara çekýär damarym.

Göterse-de günleň joşy, hyýaly,
Gitmän, ýazyň gözlerine damaryn.

Jahanda däl, ýaz kalbymda gül açdy,
Başlandy ruhumda täze bir durmuş.
Galamymda duýgularym dil açdy,
Günler gursagyma ylhamyn guýmuş.

Neneň datly ömrüň günleri, aýy,
Tapylmaýar şeýle bagtyň deňi-de.
Bägüller gunçadan açylşy ýaly,
Pikirlerim ahyr açar meni-de.

Gyrmyzy şapaga boýap her ýeri,
Gör, ýaňagy gül öwüsýän säheri.

## VII

Gör, ýaňagy gül öwüsýän säheri,
Dogan Gün täzeden başlar durmuşy.
Dünýä paýlar ýyly söýgi-mähiri,
Ozaldan şeýledir onuň gurluşy.

Biz hem dünýämizde parlak Gündüris,
Yşk hem mähir kalbymyzda ýalbyrar.
Adamlara söýgi berjek bizdiris,
Ak arzuwlar ýolumyza gül bürär.

Artsyn günleň bereketi, oňşugy,
Bagtdan boýumyz hem össün gez ýarym.
Her säherde işe geçýän goňşy gyz,
Saňa-da ak ýoly arzuw edýärin.

Göwünler tämizdir daň-säher ýaly,
Ukudan oýanan çaga mysaly.

## VIII

Ukudan oýanan çaga mysaly,
Oýandy kalbymda üýtgeşik ylham.
Sypyryp beýnimden gamdyr gussany,
Ýaşyl sähralyga ylgadym men hem.

Güller gujagyma özün oklady,
Boýnuma şarf etdim älemgoşary.
Bilbilleň aýdymy söýgi hakdady,
Bahar goýbermedi meniň goşarym.

Gijäni gysgaldyp, kemip fewraly,
Gelmeli wagtyndan ir gelen Ýazym!
Ýaýlalara ýazan ýalydy haly,
Gölleri bar reňkin ýatladýar közüň.

Sözler ejiz onuň waspyn ýazardan,
...Gülleýiş barlyga mahsus ozaldan.

## IX

Gülleýiş barlyga mahsus ozaldan,
Ýaz gelse, ýaşaýşam özgä:r öňküden.
Men güllemek isläp döwet galamdan,
Joşgunly ýaşadym söze erk edip.

Gözledim durmuşda kalby tämizi,
Tämiz ýüreklerde diňmez heň, owaz.
Gülläp başardymmy?
Miwäm nähili?
Meni açmak üçin geldimi bu ýaz?!

Geçse-de günleriň ýazy hem gyşy,
Ömrüni özgerdip bilen kämildir.
Uzak ýerden gözlämok men durmuşy,
Ol — biziň özümiz, düşünjämizdir.

Söýgi-hyjuw güýjäp, inende göze,
Süýjän zybanyňda goýalar sözem...

**X**

Süýjän zybanyňda goýalar sözem,
Yşk düşse, ýüregiň jiglemesi bar.
Dagyny paralap, deňzinde ýüzen
Söýgiň çözülmedik deňlemesi bar.

Ony çözüp utuldyňmy, utduňmy?
Göwünde şatlyk hem dat-perýatdyr ol.
Söýgi näme?
Heý, pikirin etdiňmi?!
Ömrüňi berenňe degýän zatdyr ol.

Yşkyň gussasy bar şirinden datly,
Ol ynsan ýüregin eýelär sessiz.
Sözler uçgunlydyr, gadamlar batly,
Onsuz ýürekleriň urgusy pesdir.

Bahar söýgüsini açyp jigerden,
Daglaň etegine çenli gyzardan...

**XI**

Daglaň etegine çenli gyzardan
Gülälekleň keşbi siňdi gözüme.
Bir duýguçyl ýürek gerek syzardan,
Duýgularyň geler ýaly özüne.

Ökjesin göterdi dagdaky garlar,
Gögüň gümmürdisi gataltdy sesin.
Gyşda egni çyplak oturan baglar
Geýen eken eýýäm ýaz köýnekçesin.

Şemal ýaşyl otlaň geti: r gyjygyn,
Tans oýnar ykjaýan baglaň başlary.

Meýdanlara ekip gülleň ajabyn,
Gelen ýaz — göwünleň hetden aşmagy.

Tutuş tebigatyň ýüregin ezen
Bu bahar iru-giç oýarar bizem.

## XII

Bu bahar iru-giç oýarar bizem,
Gunçasyn açmajak gül barmy näme?!
Ylham derýasyny gulaçlap ýüzen
Aşyk ýürek joşman bilýärmi näme?!

Köňüllermiz guşlardanam dilgirdir,
Hyjuwlydyr yşkyň tagamyn dadan.
Bu ýaz saýran serçelerem bilbildir,
Şahyrdyr kalbyndan gülleýän adam.

Ýaşadykça, günler ömre bat goşýar,
Süýjeýär gursakda çyrp urýan ýürek.
Her ynsan özüçe saýraýar, joşýar,
Bize diňe oňa düşünmek gerek.

Bahar — ähli syrlarmyzyň paşmagy,
Neneň gözel günleň çogy, daşgyny.

## XIII

Neneň gözel günleň çogy, daşgyny,
Günler açar ömrüň senenamasyn.
Hemişelik ýatda galar joşguny,
Ýyllaň gujagynda geler galasyň.

Ýaşarsyň ömrüňi besläp bal güne,
Kime ýeňil, kime agyr ýoldur ol.
...Ömür däldir ýaramasa il-güne,
Ýürekden gopmasa şygyr däldir ol.

Il söýgüsi mydam gursakda barkan,
Gül bolup gögerseň sähra ýüzünde.
Günüň şöhleleri sypasa arkaň,
Asmanyň päkligi bolsa gözüňde.

Gül deý sähraň ýüregini açdygy,
Bahar — dünýäň iň owadan ýaşlygy!

## XIV

Bahar — dünýäň iň owadan ýaşlygy,
Bilmez ony özge pasyl gaýtalap.
Her günüňi garşy alsaň goşguly,
Säher ören guşlar sözüň gaýtalar.

Joşgunly kalp barha güllär, özgerer,
Ylhamy senden öň galamyň duýmuş.
...Özüňi söýmeseň söýmez özgeler,
Özüňi açmakdan başlanýar durmuş.

Ýüregiň deý açylar bu säherler,
Gursagyňda dömer bu täsin möwsüm.
Güller göge garyş ýarym öserler,
Bagda guşlar bolup bilermi ümsüm?!

Yşk daman kalbyňda süýjär owazlar,
Ýüreklerde pyntyklanda bu ýazlar.

## Magistral

Ýüreklerde pyntyklanda bu ýazlar,
Dünýe däl, gursagym gül açdy ilki.
Baglaň pyşyrdysam bir ajap sazdyr,
Çeşmeleň gülküsi däl indi öňki.

Söýýän döşi gülýakaly bahary,
Enem däl, ýaz meni doguran ýaly.
Gör, ýaňagy gül öwüsýän säheri,
Ukudan oýanan çaga mysaly.

Gülleýiş barlyga mahsus ozaldan,
Süýjän zybanyňda goýalar sözem.
Daglaň etegine çenli gyzardan
Bu bahar iru-giç oýarar bizem.

Neneň gözel günleň çogy, daşgyny,
Bahar — dünýäň iň owadan ýaşlygy!

*(2021-nji ýyl, fewral)*





# WATAN – KÖŇÜL ÝAÝLAM

*(Gysga poemalar)*



**Iň bagtyýar raýaty men ýurdumyň,**
**Bagtly men, günlerim geçýär bal kibi.**
**Diýarymda dogýan Günler ezizdir,**
**Aýlar-ýyllar bir owadan gül kibi.**

## Aşgabadym – meniň eziz höwürtgäm!

*(Duýgular çemeni)*

Ak şäher.
Binalar ak gar mysaly,
Olar gökden düşen meleklermikä?!
Ýada asmanynda uçan durnalaň
perinden gaçan ak ýeleklermikä?!

Gözel şäher, ak guwdanmy ganatyň?!
Ýollaryň ak – aklygy deý garlaryň.
Bilýärin men, diňe ýagşy zatlara –
Gözellige Hudaýyň hem ýardygyn.

Gujagyňda guşlar uçsun erkana,
Seň üçin aýdylsyn iň ajap nama.
Gözelligňe aşyk bolan durnalar,
Senden örkün üzüp gidermi näme?!

Sen – örküm,
sen- köküm zemine uran,
Şoň üçin iň gözel güller sende bar.
Sende güllär iň owadan ýazlaram,
Saňa söýgim köňülde – her demde bar.

Iň bagtyýar raýaty men ýurdumyň,
Bagtly men, günlerim geçýär bal kibi.
Diýarymda dogýan Günler ezizdir,
Aýlar-ýyllar bir owadan gül kibi.

Ganatlydyr Arşda oýnaýan Tuguň,
Galkynan ruhum deý oýnar, pasyrdar.

Ol türkmeniň göwni bolup owsunýar
Oguzhanyň zamanyndan, asyrlap.

Aşgabat,
          yşk abat – söýgiň mekany,
Sende ýeter söýgi asyl maksada.
Aşyklaň göwnünde güllän şäherim,
Dünýä içre Tuguň bolup baksana.

Göwni ýaly gözel görkli illeriň
Ýazlarynda gül-gül açylýar göwnüň.
Bu – türkmene ajap, bagtly zamandyr,
Berkarar döwletde bagtyýar döwrüm.

Asmanyň reňki deý tämiz şäherim,
Guwanjy sen bu garagöz illeriň.
Seni bina etdi ýüreklermizde
Danalaň danasy – milli Liderim!

Sen Arşdan zemine düşen bir ýyldyz,
Gijeleň – nur, gündizleriň gaýmakdyr.
Ak binalaň şöhle saçar,
                                        ho-ol Aýam
Seni görüp, perdesini aýrypdyr.

Gözelligňe aşyk owadan ýazlar,
Goýnuňda müdimi ga:lasy gelýär.
Ýollaryňa gül ekipdir tebigat,
Gör-ä, ýollaryňdan gül ysy gelýär.

Ýeňşe sary barýar ýollar, ýodalar,
Bagtdyr seniň gujagyňdan ö:rmegem.
Sabalaryň – derman, säheriň - melhem
Kölleriňde ýüzer guba ördegiň.

«Söýgi» sözün kän gaýtalar guşlaram,
Seýilgähleň – aşyklaryň mekany.
Bagşy guşlar alaýazdyr baglarda,
Bu tebigat – aýdym-sazyň dükany.

Gör-ä, süýt çogan deý çogýar çüwdürim,
Dolup daşýar fontanlaryň ýüregi.
Gözelligňi gören ýazlar eglener,
Sensiň guşlaň «güldür» öýdüp ýöreni.

Bu ýazlardan gözel eziz şäherim
Aşgabadym – meniň eziz gonalgam.
Sende ýyly öýüm, rysgym, çöregim,
Eziz maňa dagyň,
ýoluň,
duralgaň.

Sende wagtam süýjeýändir,
her günüň,
sagadyň, minudyň... ezizdir maňa.
Çünki her minudyň bagta ataryar,
Günleriň ýetirýär arzuwly daňa.

Baş şygarym – «Döwlet adam üçindir»,
Adam üçin tutuş barlyk, gözellik.
Bu ýazlar,
bu güller – ykbala sowgat,
Seň goýnuňda bagt donuna bürendik,

Bu ykballar göterildi Tug bolup,
Arkadagym ömürlere nur berdi.
Beýik Ogluň ýüreginde güllän ýaz
Bu bahara ylham berdi, gor berdi.

Arkadagly ýurdum, arkaly ýurdum,
Gujagyňda hiç synmajak tagtly men.
Beýgelip dünýäde sarpasy ýurduň,
Beýik Ogluň bilen juda bagtly sen!
Sen bagtly bolsaň, menem bagtyýar,
Bagtly men!
Bagtly men!



## Watan — köňül ýaýlam

*(Toý namalary)*

Säherleriň – derman,
gijeleň – melhem,
Sen göwünleň aram tapmasy, Watan!
Bagyňda saýraýan bilbiliň men hem,
Bu ykbalyň bagta sapmasy, Watan!

Ýazlaryň bar – gözel,
sährasy – gelin,
Görseň, türkmen ýurdun görmäge geliň,
Gülleriň balyna batyryp elin,
Bu illeriň bagta ýetmesi, Watan!

Bu gün sazlaň bilbil owazna meňzeş,
Owazyň goşaýyn diýseň sen, gel, goş!
Gülleriň ho-ol gyzlaň gulpagna meňzeş,
Sähraň geýen ýaly atlazy, Watan!

Göwün garrasa-da, ýürek ýaş munda,
Şeýle bolýar il bagtyýar ýaşanda,
Bardyr käte türkmen kalby joşanda
Saňa ýüregini aýtmasy, Watan!

* * *

Bir torgaý asmanyň ýüzünden düşmän,
Gujaklap ýör göwsi bilen ýer şaryn.
Atalaň gujaklan topragny bir däl,
Başym goýup, iki ýola ogşaryn.

Namazlyk deý gysym gumuň, topragyň,
Bir derdiňe müň melhem, em berýändir.

Gujagyňda ören tylla Günüňem
Gollaryny çar-ýan geriberýändir.

Seň goýnuňda güllän güller başgaça,
Güllere çalymdaş günler başgaça.
Goýnuňdan göterlen türkmen ykbaly,
Bu gün bagty bilen boldy baş-başa.

Sen türkmeniň göwni deýin arassa,
Sende gül däl,
il ykbaly gülleýär.
Erenleriň Käbe ýerne sežd eden,
Bu topragy neneň biler güllemän?!

Sende aram tapar türkmeniň köňli,
Sen behiştden ýere inen Eremmiň?!
Ýazlar deýin göwni güllän türkmene,
Sen hiç sowulmajak bagty berensiň.

Watan – atam, toprak – enem diýýärin,
Size söýgi gursagmyzda pasyrdar.
Saňa bagtyn baglan eziz türkmenim,
Ýaşar seniň bilen,
ýaşar asyrlap...

***

Sen ýyldyzmy,
asman ýyldyz?!
Gijeleň nur, yşyk, Watan!
Gökdäki Aý gijäň ýyldar,
Aý hem saňa a:şyk Watan!

Topragy – per,
Arşy – ýorgan,
Sende bagty gelen doglar,
Türkmen bilen bile doglan,
Ömre ömür goşup, Watan!

Göwünlere ýakyp bir yş,
Berdi türkmene ýaşaýyş.
Köňülde dörän galkynyş,
Geldi eýýam aşyp, Watan!

Gülleriň bar ysy kükän,
Ýa sen gülüň özümikäň?!
Türkmenime eziz mekan,
Hem bir nowça,
ýaşlyk Watan!

Säherleň – göwün hoşlugym,
Ýöne ýere däl joşmagym,
Asmanyňda ho-ol guşlaram,
Uçýar joşup-joşup, Watan!

Gök dillenip, guýsa ýagyş,
Saňa özün eder bagyş,
Bu zemine ajap nagyş,
Sen nowça gül,
a:şyk Watan!
Kalplara ýaraşyk, Watan!

* * *

Gün ýylgyrýar ýaňagynda gülleriň,
Gülleň ýüreginde Gün dogup gelýär.
Ýaňy düwünçegin düwen guşlaram,
Bu günüň uçmaly gündügin bilýär.

Baglaň şahasyndan jyklaýar guşlar,
Ýüregiň teýinde oýanýar şatlyk.
Her säher Gün bilen bile dogulýar
göwünlerde asudalyk, abatlyk.

Elde nama,
          guş dilinde ýazýaryn,
Bagt maňa sizden şatlyk tapmagym.
Başymyza baky gonan bagt guşy –
Garaşsyzlygym hem Bitaraplygym!

* * *

Güýzde hasyl boldy arzuwlarymyz,
Durlandy köňüller durnaň gözi deý.
Güýzüň gözlerinde görnen, ykbalym –
Bagtym, sen neneňsi ajap, gözel-eý.

Aýmy ýüreklerde ýaldyrap dogjak,
Günmi ho-ol asmanyň döşünde goýlan?!
Aý dogsa, täzesin ýüze sylýarlar,
Saňa bakan gözler, asyl-ha, doýmaz.

Gözümden suw berem,
                    köňlümden orun,
Tylla güýzüm, köňlüň açyp geldiňmi?!
Ýa sen türkmenime bagt paýy bolup,
Durnalaň perinden gaçyp geldiňmi?!

Bu güýzde joşgun bar, söýgi, hyjuw bar,
Yşka çümen deýin ömrüm, ýaşlygym.
Bu güýz ykballara süýjülik gatdy,
Gün deý lowurdady Garaşsyzlygym!

Toý şanyna seçilip dur ýapraklar,
Pellere ak nury sepip gelensiň.
Tylla güýzüm, bu garagöz türkmene
Sen sowulmaz bagty berip gelensiň.

* * *

Gögüň ýüzün çyzyp gitdi durnalar,
Olar gökde ýazyp gitdi namany.
Ters otur deý Arşda goýlan guşlaryň
ýüreginde aýdym barmy, saz barmy?!

Gözlem bilen gujaklaýan Arşy men,
Begenjime şaýat edýän ol Günem.
Göwnüme, Gün elýeterde ýalydy,
Şöhlesine ýüzüm ýuwýan her günem.

Gollarymy ýaýyp, gujagmy ýaýyp,
Gujaklap görýärin eziz Watany.
Setirlermi pişme edip seçýärin,
Bedew deý çapýaryn ylham atyny.

Göwne o:t degipdir,
joşasy gelýär,
Süýjeýär günlerem kän garaşdygyň.
Çünki ýetip geldi bagt buşlukçysy —
Naýbaşy toýumyz — Garaşsyzlygym!

* * *

Garaşyp däl,
bagryn dilip,
Bu ýollarda köýen gelsin.
Diýdirmän, özünden bilip,
Söýgä başyn egen gelsin.

Maňlaý bilen derlesin ýer,
Dost göwnüne degmesinler,
Il-gününe söýgüsinden,
Bagryna gan «öýen» gelsin.

Säher guşlar ir oýanýar,
Ir oýan, bagtyn gören bar,
Donuna sygman ýören däl,
Söýgüsine sygan gelsin.

Gökden ýere injek bolsaň,
Ýanma, derrew sönjek bolsaň,
Bu ýollara geljek bolsa,
Il-gününi söýen gelsin.

Gül sähra göwün ýaýdygyň,
Göterler köňül baýdagyň,
«Bu dünýäde bar baýlygym
Watanymdyr!» diýen gelsin.



# Gujagy toýly mekan

*(Buýsançnama)*

Mähir ýagýar adamlaryň ýüzünden,
Olar bir-birine dogan ýalydyr.
Göýä tylla Günem asmanda däl-de,
Adamlaň kalbynda dogan ýalydyr.

Yssysy bar bu Diýarda her günüň,
Mähir, söýgi ynsan kalbyndan dömýär.
Bu ýüzi nurana, garagöz illeň
gözlerinde ajap geljek görünýär.

Bagtlydyr, bagtyýardyr döwranym,
Ata Watan bir behişdi künjekdir.
Zamanym bar – bal gatylan mysaly,
Döwletim bar – hemme  myhman geljekdir.

Ýüreginde Güni göteren iller,
Alnyňdan nur bolup dogan bagtyň bar.
Berkararlyk göwün söýen saýaňdyr,
Şol saýaňda mydam ýürek ýagtylýar.

Göwün guşuň uçur göge türkmenim,
Goý, gökde oýnasyn Tugum mysaly.
«Bagtyýarlyk näme?» diýip soralsa,
uzak ýerden gözlemerin mysaly.

Gökdäki Tug göwnüňmidi, aslynda,
Pasyrdysy müň bir gyzyň owsuny.
Ýaýlalarňa gül ekilen ýalydyr.
Şu Diýardan tapyp bolmaz gowsuny.

Öz öýüň gözüňe yssy görüner,
Öz ýurduň, Watanyň ondanam beter.
Daglaryňa çykarsyň sen arkaýyn,
Öz bagyň, öz dagyň göwnüňi götä:r.

Ganatsyz uçuran, persiz uçuran,
Bu bagt ykbala gül deý ýaraşsyn.
Tugy ýaly erkana bu illeriň,
Ýoly  bagta sary, ýurdy – Garaşsyz!

Şäherim ak guwa çalymdaş göýä,
Ak binalar ak bagtymdan nyşandyr.
Ýollar — bagta sary ýüwrüp barýan at,
Arşda Tugum, beýik şöhratdyr, şandyr.

Dogany hem dosty boluň bu iliň,
Bu Watanda orny uly myhmanyň.
Diýaryma seýran kylyň mydama,
Başy sämär güllerini ysganyň…

Bir ajaýyp gupba – gözel Awazam,
Bahry-Hazar – halkyň joşly ýüregi.
Goýnunda müň ýylyň bahary bardyr,
Aşyk eder, bendi eder göreni.

Görmäge göz gerek ata mekany,
Bir bagtyýar mesgen – ösüşler ýurdum.
Ýüreklerde dogan beýik galkynyş,
Şuglasy öçmejek bir ajap nurdur.

Ata Watan — durnalaň ak ganaty,
Galkynyşa ganat berýär toýlaryň.
Döwüm çörek ýaly, gysym gumuňam
Doga ýaly ýanymdan hiç goýmaryn.

Ynsan mertebesin göteren ýurt bu,
«Döwlet adam üçin» — adyl şygardyr.
Göwnünden gül dörän Dana Lideriň
her bir sözi ýolumyza çyragdyr.

Ynsany beýgeldip, beýgelen Atam,
Siziň bilen geljek günler nurana.
Alkyş Size, şöhrat Size, Arkadag!
Bagt döndi bu ajaýyp döwrana.

Gujagynda toýlar tutulmyş bu gün,
Ülkäme ýaraşyk güldür, gülälek.
Bu Diýara abraý eçilen toýlar,
Hemem gülüp gelen toýly günlermiz
Bolsun mübärek!



# MAZMUNY

**ŞYGRYÝETE BARÝAN ÝOL..........................................,,.............3**

**BEHIŞDE MEŇZEŞ KÜNJEK.....................................................5**
Eziz Öý...............................................................................................6
Behişde meňzeş künjek.....................................................................7
Mähriban ýurt....................................................................................8
Arkadag.............................................................................................9
Watana buýsanç...............................................................................10
Ýürek owazy.....................................................................................11
Dünýäň gursagynda gürsüldän ýurdum..........................................12
Günleriň ýazgysy..............................................................................13
Gözüňe yssy ýer...............................................................................14
Ak şähere nama................................................................................15
Güneşli ýurt.......................................................................................17
Ýaşyl reňkli ýazym...........................................................................18
Watan.................................................................................................19
Gijäň gözlerindäki şäher..................................................................20
Bedewim............................................................................................21
Beýik Ýeňiş.......................................................................................22
Ak şäheriň goýnunda........................................................................23
Ak ýoluň arzuwy...............................................................................24
Watan bilbili.......................................................................................26
Şirwan perde......................................................................................27
Mukaddes söz....................................................................................28
Gülden görkli şäher ..........................................................................29
Uçmah................................................................................................30
Baglylyk.............................................................................................31
Obam..................................................................................................32
Halyçy gyza.......................................................................................33

**SALAM, KÜMÜŞ SÄHER!...................................,.......................34**
Salam..................................................................................................35
Men ýolda...........................................................................................36
Seýilgäh..............................................................................................37
Ýürek arzuwy......................................................................................38

Bu säher.....39
Duralgada.....40
Deňiz.....41
Gyşdaky görnüş.....42
Bahar pyntygy.....43
Bir ýagsana... .....44
Ylham joşguny.....45
Öýe barýan ýol.....46
Goşgyň döreýşi.....47
Gyzyma meňzeş bahar.....48
Ýazdan öň... .....49
Säheriň goşgusy.....50
Deňziň hyýaly.....51
Güýz güni.....52
Asman.....53
Yssy... .....54
Bahar gelse... .....55
Daglar-eý.....56
Güýz goşgusy.....57
Ýaza ýüzlenme.....58
Ýylgyryň! .....59
Käbäm.....60
Eje.....61
Gyş we ýagyş.....62
Ak gar hakynda ak goşgy.....63
Ilkinji gar.....64

**DURMUŞ BILEN ÝÜZBE-ÝÜZ.....65**
Terjimehala.....66
Bilesim gelýär.....67
Haýsy kompozitor ýazdyka meni?! .....68
Öz-özüňi açmak.....69
Beýhuşlyk.....70
Ýürek sözi.....71
Yhlas.....72
Gussaly gyza.....73
Bir söz.....74
Arzuw.....75

Ýalňyzlyk......76
Ykbaldaş......77
Dalaşgäriň synagdan öňki howsalasy......78
Bagyşla, eje! ......79
Galamdaş dostuma......80
Deňiz we gyz......81
Guýy......82
Düşünmek......83
Heýkeliň öňünde......84
Göroglynyň Gyrata ýüzlenişi......85
Duralgadaky gyza......86
Gyş geldi, eje! ......87
Ykbala......88
Talyp bolan günüm......89
Ogluma......90
Täze ýylda okalan goşgy......91
Enemiň islegi......92
Enäniň söweşdäki ogluna haty......93
Esger jigime hat......95
Okyjylaryma......96

**SÖÝGINIŇ JÜMMÜŞINDE......97**
Ýara ýüzlenme......98
Wasp......99
Hatlaryň......100
Seni maňa ýatladyp dur hemişe... ......101
Mejnunyň sözi......102
Surat albomy......103
Sen sorama......104
Umyt......105
Täzeleniş......106
Telefon we sen......107
Kenarda......108
Ýar, ýar......110
Gündelik......111
Dünýäm......112
Talybyň haýyşy......113
Awtobusda......114

Penjek....115
Bile düşülen surat....116
Ukla indi....117
O ýana....118
Gyzyň howsalasy....119
Meňzeşlik....120
Talyp gyza....121
Saňa ýazlan hatlara....122
Çäresiz....123
Kaýyllyk....124
Göwünlik....125
Bildiňmi? ....126
Gije....127
Ýagyş ýagan güni....128
Gijä galynyp ýazylan goşgy....129
Hasrat....130
Bagra basmak....131
Sen gelersiň....132
Serwim....133
Galpyldy....134
Yz....135
Sen bir Gül....136
Gelersiň öýdüp... ....137
Karar....138
Ýylgyrsaň... ....139
Sen ýanymda....140
Gel... ....141
Düýş....142
Yşkyň dagy....143
Ýanymda bolduň....144
Sazyma çenli....145
Saňa gowuşmadyk hatlar....146
Hoşlaşyk....149
Nägilelik....150
Uzat elleriňi... ....151
Sen diýip... ....152
Gaharlansaň... ....153
Toýda....154

Duşuşykda....................................................155
Hatyň gelse... ....................................................156
Döwük aýna....................................................157
Ýazgyt....................................................158
Dükançy gyz *(Gysgajyk poema)* ....................................................159

**SONETLER ÇEMENI**....................................................164
Durmuş — meniň basgançagym (Sonetler çemeni)....................................................165
Söýgi ädimleri (Sonetler çemeni)....................................................174
Ýüreklerde pyntyklanda bu ýazlar (Sonetler çemeni)....................................................183

**WATAN – KÖŇÜL ÝAÝLAM! (Gysga poemalar)**....................................................192
Aşgabadym – meniň eziz höwürtgäm! (Duýgular çemeni)....................................................193
Watan — köňül ýaýlam (Toý namalary)....................................................197
Gujagy toýly mekan (Buýsançnama)....................................................203

**MAZMUNY**....................................................206